TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

A.Esenowa, J.Nepesowa

# ÝAŞ AÝRATYNLYGYŇ PSIHOLOGIÝA

**Okuw gollanmasy**

**Aşgabat 2010**

**A.Esenowa, J.Nepesowa**

**Ýaş aýratynlygyň psihologiýasy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.:
Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 109 sah.

## Giriş

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhammedow döwlet başyna geçen gününden döwletimiziň geljegi bolan ýaş nesle bilim-terbiýe bermeklik meselesine aýratyn üns berýär. 2007-nji ýylyň Mart aýynyň 4-ne "Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek" hakyndaky Karara gol çekilmegi bilim ulgamynda alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik işleriniň hilini ýokarlandyrmaga, mugallymlaryň terbiýeçilik işlerini netijeli guramaga esas döretdi.

Ýaş psihologiýasynyň merkezi meseleleri, ýagny çagalaryň dürli ýaşdaky özlerini alyp baryşlarynyň psihologik aýratynlyklary, çaganyň psihologiýasynyň ösüşi, onuň ýaş kadalarynyň özgermeleri ylmy delilnamalaryň we nazaryýetleriň esasynda beýan edilip, çaganyň psihikasynyň bir ýaşdan beýleki ýaşa geçiş döwründe dürli täze döreýişlerini öwrenmekden ybarat bolup, şol döreýişleriň käbir ýagdaýlarda çaganyň ulular bilen aragatnaşygynda ýüze çykaryp biläýjek psihologik kynçylyklary bellenýär we onuň öňüni almagyň ýollary salgy berilýär. Gelejekde çaganyň şahsyýet hökmünde özüni alyp baryş ulgamlarynyň düşünjeleri talyplara hödürlenýär.

"Ýaş aýratynlygynyň psihologiýasy" dersini öwrenmekligiň meseleleri örän köptaraplydyr. Bu ders adamyň ösüş aýratynlyklarynyň ýaş döwürleriniň psihologik häsiýetnamasy, adamyň ösüşine täsir edýän taryhy, sosial-durmuş, ykdysady we medeni ýagdaýlaryň özboluşly aýratynlyklarynyň häsiýetnamasyny öz içine alýar. Agzalan ýagdaýlaryň adamyň ösüş taryhynyň dowamyndaky üýtgemeleri, çagalaryň psihiki ösüşi, olaryň terbiýesi, onuň usullary, şol üýtgemelerde maşgalanyň, sosial edaralarynyň orny baradaky meseleleri hem şu dersiň kömegi bilen öwrenilýär, seljerilýär.

## Bap 1. Ýaş aýratynlyklar psihologiýasy

Çaganyň psihikasynyň ösüşi barada psihologlar tarapyndan dürli-dürli pikirler öňe sürülipdir.Birnäçe burjuaz pedagoglara we psihologlara çaganyň psihiki ösüş aýratynlyklary barada nädogry düşündiriş beripdirler. Olar çaganyň psihiki ösüşiniň sebäplerini dogry düşündirmändirler. Olaryň birnäçesi çaganyň psihiki aýratynly-gynda nesle geçijilik esasy rol oýnaýandyr, okatmak we terbiýe bermek prosesiniň bolsa hiç hili ähmiýeti ýokdur diýip belläpdirler. Şeýle pikirleriň täsiri netijesinde jemgyýetçilik gatnaşyklarynda deňsizlik emele gelipdir. Şahsyýetiň hemmetaplaýyn ösüp kemala gelmeginde sosial gurşawy, bilim we terbiýe bermek ýaşaýyş durmuşyny dogry guramak zerur zatlar hasaplanýar. Çagany dogry terbiýelemek,oňa durnukly bilim terbiýe bermek barada biziň merhemetli Prezidentimiz Saparmyrat Türkmenbaşy: "Biziň öz çagalarymyza berýän bilimimiz ene süýdi ýaly halal, arassa hem päk bolmalydyr" diýip örän dogry belläp geçýär. Çaga bilim we terbiýe bermegiň nerw sistemasynyň tiplerni we psihologik aýratynlyklaryny hasaba almagy göz öňünde tutmalydyr. Çaganyň dogumly bolmaklygyny dürli tiplerde hem dürli terbiýeçilik täsiriniň netijesinde terbiýelemek mümkindir.Şahsyýeti terbiýelemekde işiň dürli görnüşleri: okuw, oýun, zähmet işleri ulanylýar.

Şahsyýet dürli ýaş döwürlerinde işiň görnüşi bilen meşgur bolýar. Dürli ýaş döwründe haýsy hem bolsa bir iş esasy iş hasaplanýar. Şol işiň görnüşi hem çaganyň psihiki we fiziki ösüşine täsir edýär. Mekdebe çenli döwürde çaganyň esasy işi oýun hasaplanýar.Mekdep ýaşly çagalarda esasy iş okuw hasaplanýar.Okuwçy oýun işinden esasy okuw işine geçýär.Uly ýaşly adamlarda esasy iş zähmetdir. Işiň her bir görnüşi şahsyýetiň ýaş döwürlerine görä gitdigiçe kämilleşýär.Okuw işi okuwçynyň ýaş aýratynlygyna görä çylşyrymly kämilleşýär. Okuwçydan edýän talaplar güýçlenip, okuwyň mazmuny ýokarlanýar.Psihologiýa ylmynda çaganyň psihiki ösüşinde ýaş döwürleri şu aşakdaky ýaly bölünýär.

1. Bäbeklik döwüri (1 ýaşa cenli); 2. Irki çagalyk döwri ( 1 ýaşdan 3 ýaşa çenli); 3.Mekdebe çenli döwründen öňki döwür (3 ýaşdan 5 yaşa çenli). 4.Mekdebe çenli döwri (5 ýaşdan 7 ýaşa çenli); 5.Kiçi mekdep ýaşy döwri (7 ýaşdan 11 ýaşa çenli); 6.Ýetginjeklik döwri (11 yaşdan 14 ýaşa çenli).

7.Uly mekdep ýaşly döwri (14 ýaşdan 16 ýaşa çenli); Şu döwürleriň her birinde şahsyýetiň dürli indiwidual tapawutlyklarynyň bardygyny görmek bolýar. Şu döwürleriň her biri hem ösüşiň senzitiw,ýagny ösüşiň rahat informasiýa toplanýan döwrüni düzýär Psihologlaryň bellemegine görä her senzitiw ösüş hökmany suratda krizis ösüş döwrüne geçýändir.Şeýlelikde her bir ösüş döwri ahyrynda krizis ösüş döwrüne gelýändir. Mysal üçin, mekdebe çenli döwürde krizis döwürleri hökmünde şu aşakdakylara bölmek bolýar.

a) 1 ýaşly krizis döwri; b) 3 ýaşly krizis döwri; w) 7 ýaşly krizis döwri.

Şahsyýetiň ösüşiniň kanunalaýyklygyna görä islendik rahat ösüş özüne ep-esli informasiya toplanandan soň,hökmany krizis ösüşe gelýändir.Ýetik çaganyň ösüşinde senzitiw ösüş bir topar informasiýa toplap, krizis döwre geçýär. Çaga öz ösüşinde birnäçe zatlara düşünip,ep-esli derejede ösüş gazanandan soň özüni öňki ýagdaý bilen ylalaşmaga başlaýar. Bu bolsa çagany psihologiki krizis ösuş döwrüne getirip,birnäçe psihiki täzelikleri ýüze çykarmaga şert döredýär. Şeýlelik bilen hem çaganyň durmuşynda birnäçe üýtgeşmeler, ösüşler, täzelikler bolup geçýär. Çaga döreýän ütgeşmeleri öwrenip, olary gowy ele alandan soň, çaganyň ösüşinde ýene täze indiki döwür, ýagny senzitiw ösüş döwri başlaňýar. Şeýlelikde bir döwür beyleki döwür bilen çalyşyp çaga indiwidinde birnäçe täze şahsy hilleriň, sypatlaryň kemala gelmegine şert döredýär.

## 1.1 Irki çagalyk döwrüniň psihologik häsiýetnamasy

Bäbeklik döwri çaga seretmegi, diňlemegi, elleriniň hereketlerini dolandyrmagy öwretdi. Indiki 2,3 ýaşly çaganyň psihiki ösüşinde aýgytly döwür bolup, onda çaga ýöremegi, sözleýşi özleşdirýär, zatlaryň häsiýetlerini bilýär. Bu döwürde çaganyň psihiki

ösüşini kesgitleýän esasy ýagdaýlar – ýöremegi, predmet täsirleriniň ösmegi we sözleýşi özleşdirmekdir.

Emedekleýän çagany ýöremäge näme mejbur edýär, itekleýär? Ilkinji döwürde ulularyň gatyşmagy we makullamalarydyr. Emma ilkinji üstünlikler ädimläp, päsgelçiliklerden geçmeklik çaga lezzet berýär. Iň esasyda – ýöremek arkaly ol islän zatlarynyň ýanyna baryp bilýär. Ýöremek endikleri berkitmek üçin päsgelçilikleri özi gözläp başlaýar. Ýöremek endigini alandan soňra, bu indi ony gyzyklandyrmaýar. Ýöräp bilmeklik çaganyň özbaşdaklygyny artdyryp, tanyşýan zatlarynyň sany artýar, olar bilen tanyşmak mümkinçiligi ulalýar. Bu döwürde çaganyň zatlar bilen täsirleri indi başga many alýar: zatlar kesgitli wezipeleri, häsiýetleri, jemgyýetçilik tejribelerinde berkidilen ulanylyş usullary özleşdirýär.

Predmet täsirleri arkaly zatlaryň wezipeleri häsiýetleri açylýar: meselem, çaga çemçe bilen oýnaýan bolsa, ulular oňa çemçäniň nämä gerekdigini, nähili ulanmalydygyny öwredýär. Adam çagasynyň zatlary ulanyşy haýwanlaryň öýkünmelerinden düýpgöter tapawutlanýar. Meselem: maýmyn suwy ýörite suw içmek üçin ulanylýan gural bilen içmegi öwrenip biler, emma duşsa ol islendik ýerden suw içýär. Ýagny haýwan zatlaryň hemişelik wezipelerini bilmeýär. Çaganyň zatlar bilen täsirleri ösüşinde üç fazadan durýar. Ilkinjisinde predmetler bilen çaga belli islendik täsirler (silkip görmek, urup görmek, iteklemek we ş.m.) ýerine ýetirilýär. Ikinji döwründe predmet diňe öz wezipesi boýunça ulanylýar (çemçe-nahar iýmek üçin, aýakgap aýagyna geýmek üçin we ş.m.). Üçünji fazasynda predmetiň ulanylyşy erkinleşýär, ol predmetiň esasy wezipesini bilýär we ony başga maksatlar üçin ulanýar. Çaga zatlary ulanmagy öwrenmek bilen birlikde, şol zatlar ulanylýan jemgyýetdäki özüni alyp barmak düzgünlerini hem özleşdirýär. Indi oňa nätanyş zatlar duşsa: ″Bu nämä gerek?″, ″Ony nähili ulanmak bolar?″ diýlen soraglar berilýär.

Irki çagalykda çaganyň özleşdirýän täsirleriniň arasynda onuň psihiki ösüşi üçin has möhümleri gurallar bilen we laýyk getiriji täsirlerdir. Birnäçe zatlary ýa-da bir zadyň böleklerini giňişlikde özara gatnaşyga getirmeklige laýyk getiriji täsirler diýilýär. Meselem: Oýunjagy ýygnamak (böleklerden) we ş.m. beýle täzirler ahyrky

alynjak netije bilen regulirlenýär. Gurallar bilen täsirlerde bir zat - gural bilen adam beýleki zatlara täsir edýär. Ýagny adam özi bilen tebigatyň arasynda gural ýerleşdirýär. Gural çaganyň eli bilen onuň täsir etjek zatlaryň arasynda ýerleşýän aralykçy bolup hyzmat edýär. Bu täsiriň nähili boljakdygy guralyň gurluşyna baglydyr.

Ýaşaýşyň üçünji ýylynda çaganyň indiki derejede psihiki işini kesgitleýän işiň täze görnüşleri ýüze çykýar. Olar oýun we işiň önümli görnüşleridir (surat çekmek we ş.m.).

Jemgyýetçilik işiniň üýtgemegi bilen çagalaryň oýnunyň manysy üýtgeýär. Adamlaryň awçylyk, maldarçylyk döwürlerinde çagalaryň oýunjaklary ulularyň ulanýan gurallarynyň kemeldilen görnüşinde bolupdyr. Ýagny olar gönükmeleri ýerine ýetiripdirler. Şeýlelikde şekillendiriş oýunjagy ýüze çykýar. Jemgyýetiň ösüşiniň belli bir derejede rolly oýunlar ýüze çykýar. Çagalar ulularyň sosial durmuşyndaky zähmete çekilmedikleri üçin, çaganyň sosial islegleri bilelikde aragatnaşyk etmekleri rolly oýunlarda öz beýanyny tapýar, beýle oýunlarda ulularyň zähmet işi sosial gatnaşyklary oýnalýar. Rolly oýunlarda predmet täsirleri däl-de jemgyýetçilik gatnaşyklary we zähmet hyzmatlary öňe sürülýär. Haýsyda bolsa zatlary surat görnüşinde aňlatmaklyk çaganyň şekillendiriş işini düzýär. Bu işe geçmeklik iki döwürden durýar: Birinji döwürde tertipsiz ýerleşen çyzyklardan, olaryň birleşmelerinde käbir zatlaryň şekillerini tanaýar; Ikinji döwründe haýsyda bolsa bir zady ygtyýarly bilgeşleýin suratyny çekýär.

Mekdebe çenli çagada oýun, zähmet we sözleýiş.

Mekdebe çenli ýaşly çaganyň işiniň esasy görnüşi oýun bolup, ol çaganyň psihikasyny hil taýdan ösdürýär. Adatça, çaga haýsy-da bolsa zatlar bilen birnäçe täsirleri ýerine ýetirse oňa oýun diýýärler. Emma hakyky oýun haçanda çaga bir täsirde beýlekisini, bir zatda beýleki zady göz öňünde tutanda başlaýar (meselem, çybygy at edip münýär we ş.m.).

Oýun işi bellik, simwol häsiýete eýedir. Oýunda çaga aňynyň belli hyzmatlary ösýär. Ýagny oýunda bir zat beýleki zat bilen çalşyrylýar, şol çalşyrylan zada hakyky zat hökmünde seredýär. Emma özüni köplenç ulular wezipesinde: sürüji, lukman, uçarman we ş.m. goýýar.

Alymlaryň dürli döwürlerde oýuna dürliçe düşünipdirler.

K.Gross oýny ýaş bedeniň durmuşa aňsyz taýýarlygy diýip düşünýär. Meselem, üç ýaşly gyzjagaz gurjak oýnamak arkaly geljekde ene bolmaga taýýarlanýar. Ýagny oýnuň çeşmesi biologiki instinklerdir diýip hasaplaýar. K.Şiller we G.Spenser oýun işlerinde çaganyň artykmaç güýji harçlanýar diýip tassyklaýarlar. K.Büler çaga oýundan lezzet alýar diýip görkezýär. Bu taglymatlaryň ählisi oýnuň esasynda biologiki ymtylmalar, instinktler ýatýar diýlen taglymaty öňe sürýär. Emma oýnuň tebigatyna rus we sowet alymlary düýpgöter başgaça seredýärler. Rolly oýunlar aşakdakylar bilen häsiýetlendirilýär:

1. Çaga oýunda öz töweregindäki adamlaryň hakyky durmuşyny beýan edýär. Ýagny özara gatnaşyklary, gurallar bilen täsirleri "ýerine ýetirýärler". Beýle oýunlarda çaga işjeň rollary (kesel däl-de lukman, tomaşaçy däl-de artist we ş.m.) almaga ymtylýar.

2. Oýun hem adamyň beýleki işleri ýaly jemgyýetçilik häsiýete eýedirler, şonuň üçin-de ol adamlaryň ýaşaýşynyň taryhy şertleriniň üýtgemegi bilen üýtgeýär. Meselem, rewolýusiýada öň çaga oýunlarynda baý we batrak bar bolsa, häzirki çaga oýunlarynda ýokdur: sebäbi çaganyň töweregindäki durmuşda, ýaşaýşynda indi baý we batrak ýokdur. 1941-1945-nji ýyllarda çaga oýunlarynda uruş temasy ösendi.

3. Çaga oýunda daşky hakykaty döredijilikli şöhlelendirýär. Daşky hakykata özleri oýunda köp zatlary goşýarlar, üýtgedýärler, fantazirleýärler. Beýle edilmekde adamlaryň arzuwlary, islegleri we ş.m. öz beýanyny tapýar.

Oýun bilimleri ulanmakdyr, olary takyklamagyň we baýlaşdyrmagyň serişdesidir. Çaganyň bilijilik we ahlak hillerini ösdürmek üçin gönükmeler ýoldyr. Meselem, çagalaryň dukan-dukan oýnamaklary üçin olar ol hakda kesgitli bir maglumatlary bilmelidirler.. Şonuň üçin-de pedagogiki dogry guralan oýun çaganyň psihiki ösmegi üçin möhüm serişdedir. Çaga oýny işiň topar görnüşidir. Ýagny, okuwçylaryň ählisi bilelikde gatnaşýarlar, her kim bir goşant goşýar. Oýunlar çagada toparlaýyn duýgylaryny, ynsanperwerligini terbiýeleýär.

Oýunlarda çaganyň psihiki hadysalary – ygtyýarly ýady, ünsi pikirlenişi ösýär. Mekdebe çenli ýaşly çaganyň önümli işlerine seredip geçeliň Çaga surat çekýär we dürli şekilleri kagyzdan kesip ýasaýar. Işiň bu görnüşiniň umumy tarapy – ol haýsy-da bolsa bir önüm almaga gönükdirilendir. Çaganyň surat çekmäge ymtylmalary taýýar suratlarda tanyş zatlary tanamakdan başlanýar. Çaga suratynda onuň tejribeleri, görüş kabul etmeleri görünýär. Olaryň bu ukyplaryny ösdürmek üçin ulular hakyky surat çekmekligi öwretmelidirler. Konstruirlemek çaganyň öňünde surat çekmekden uly talaplar goýýar. Meselem, çaga göteriji kranyň suratyny, ondaky bölekleri dürli ýagdaýlarda çekse, emma konstruirlemekde bolsa bölekleri takyk öz ornunda ýerleşdirmek zerurdyr. Bu iş çaga zatlaryň özara baglanyşygyny içki logikasyny açýar, her bir bölekleriň hyzmatyna akyl ýetirýär, her bir görnüşiň özüne mahsus konstruktiw häsiýetleriniň bardygyny bilýär. Konstruirlemek işiniň 3 görnüşi bolýar: 1.Nusga boýunça; 2.Şertler boýunça;
3.Öz pikiriň boýunça. Birinji görnüşinde çaga taýýar böleklerden uçar, taý, maşyn we ş.m. ýygnamagy görkezýärler, çaga şoňa esaslanyp ýygnaýar. Bu görnüşde nusgany barlamak, öwrenmek has möhümdir we iş şondan hem başlanýar. Ikinji görnüşde çaga oýunda ýa-da ulular tarapyndan belli bir zat konstruirlemek meselesi goýulýar, ýagny diňe şert berilýär. Bu görnüş çagany tertipleşdirýär. Üçünji görnüşde öýdäki zatlardan oýun üçin zerur gurluşyklar edilýär.

Adamyň özüniň döreden ilkinji adam işiniň görnüşi zähmetdir. Emma çaganyň zähmeti ilkidurmuş adamlaryň zähmetinden düýpgöter tapawutlanýar. Sebäbi ol zähmet gurallaryny ululardan taýýar alýar we olary ulanmagy ululardan öwrenýär. Zämet işiniň manysy çaga tarapyndan işlenilýän we düşünilýän maksada ýetmek üçin ýerine ýetirilýän tejribe täsirler ulgamydyr. Bu maksadyň elmydama jemgyýetçilik gymmaty bardyr. Çaganyň islendik zähmeti öz ýorgan düşegini ýygnamagy, iligini tikmegi we ş.m. ulularyň işini ýeňilleşdirýär we çaganyň özi üçin indiki kyn görnüşlere geçmäge şert döredýär. Zähmetiň şahsyýetiň ösmeginde ähmiýetli bolmagy üçin çagada zähmet çekmäge güýç sarp etmäge isleg bolmalydyr. Zähmet çekmäge bolan isleg biziň jemgyýetimiz

üçin adamyň iň möhüm isleglериniň biridir. Çaga näme üçin zähmet çekýändigine, onuň netijesiniň peýdasyna akyl ýetirmelidir. Barlaglaryň görkezişine görä hatda 5 ýaşly çagalar hem zähmetiň netijesiniň peýdalydygyna aň ýetirýärler. Zähmetden hakyky netije alynýandygy çagada uly emosional duýgy döredýär. Beýle oňyn emosiýalar zähmete söýgi we öz güýjüne ynanmaklygy terbiýeleýär. Zähmet çaganyň fiziki, akyl we ahlak ukyplaryny ösdürýär. Çaga zähmet arkaly bilimleri ösdürýär. Zähmetiň çaganyň akyl ukyplaryny ösdürýändigini aşakdakylardan görmek bolýar:

1. Bilimleri ulanýar;
2. Maksada akyl ýetirýär;
3. Zähmet täsirlerini, operasiýalary pikirlenip saýlar;
4. Netijäni barlaýar, baha berýär;
5. Zerur täsirleri tejribede ýerine ýetirýär.

Çagalar bagynda we öýde çaganyň ýerine ýetirip biljek işleri, ulularyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmek, nobatçylyk etmek, öý haýwanlaryny idetmek, ýönekeý meýdan işleri, kagyzdan oýunjaklar ýasamak, öz-özüňe hyzmat etmek we ş.m. Çaganyň sözleýşiniň ösmegi üçin zrur şertler:

1. Bütewi sözleýiş akymynda kesgitli ses toplumlary bölüp çykarmak;

2. Her bir sesi seljerme etmek, ýagny meňzeş sesleri bir-birinden tapawutlandyrmak;

3. Bölünip çykarylan sözleri kesgitli bir zada degişli etmek, söze düşünmek;

4. Bir meňzeş zatlary, täsirleri umumylaşdyrmak we olary kesgitli bir söz bilen bellemek;

5.Grammatiki baglanyşykly sözler ýygyndysyna, ýagny pikiri aňladýan sözleme düşünmek;

6.Sözleýşi döretmegiň döredijilerini özleşdirmek;

7.Her hili ýagdaýlarda zerur sözleri saýlap almak, olardan grammatiki sözlem düzmek we öz pikiriňi beýan etmek.

Çaga üçin bu kyn meseleler elmydama şowly bolmaýar. Sözleýşi özleşdirmek iki ýol bilen gidýär; töweregindäkiler bilen gündelik aragatnaşyklarda we aýratyn guralan okatmaklykda. Çaganyň sözleýşine düşünmeklik sözleri, bogunlary tapawutlandyryp

bilşinden, sesleri diňleýşinden başlanýar. Ilkinji döwürde ulularyň aýdýan sözleri şol wagtky ýagdaýa girýän düzüji bolup duýulýar. 6 aýlykdan başlap sözi takyk ýagdaýyndan aýryp başlaýar. Onuň üçin ulularyň aýdýan sözleriniň äheňi has möhümdir. Aýdylýan sözler onuň aňladýan zatlary we täsirleri bilen baglanyşdyrylanda özleşdirme oňat bolýar. Çaganyň sözlere düşünişi, jogap berşi aýdylýan täsiri ýerine ýetirmekde ýa-da aýdylýan zady görkezmekde şoňa tarap öwrülmekde, seretmekde görünýär.

Çaganyň sözleýşinde uly özgerişler ikinji we üçünji ýaşyň dowamynda bolýar. Ol çaganyň ýöräp başlamagy netijesinde ulular bilen aragatnaşygyň ösmeginiň netijesidir. Sözleýişe düşünmeklikde möhüm ýagaýyň biri-de diňlemegi başarmakdyr. Çaga enesi ýüzlenende onuň sesine ünsüni jemleýär, onuň manysyna düşünmese-de seslere gyzyklanýar. Ikinji ýaşynda manysyna düşünip, gysgaça ertekileri, goşgulary aýtmagy talap edýär. Diňläp bilmeklik möhüm psihiki hilleri we hadysalary ünsüni, sözleýşi, kabul etmekligi, ýatda saklamaklygy we ş.m. ösdürýär. Işjeň sözleýiş ýa-da geplemeklik, sözleýişe düşünmeklik bilen utgaşyklykda gitmeýär. 4-5 aýlyk çagany enesi hüwdülände ol oňa goşulyp çekimli sesleri gaýtalaýar. 7-9 aýlarynda bogunlary aýdýar. 1 ýaşynda eşiden bogunlaryny takyk gaýtalap bilýär. Emma beýle öýkünmeklikde käbir ýalňyýşlyklar bolýar. Meselem, 2-5 ýaşly çagalar käbir sözleriň ses (fonematiki) düzümini bozýar. Birnäçe kiçi çagalarda „awtonom sözleýiş“ diýlen zat ýüze çykýar, ýagny birnäçe zatlary, täsirleri çaga öz sözi bilen belleýär. Bu hadysa çaganyň eşiden sözlerine uýýandygyndan başlanýar. 2 ýaşdan başlap çaga ulularyň soraglaryna jogap berýär we özi hem sorag berip başlaýar, „bu näme?“, „muňa näme diýilýär?“ … her bir soragyna jogap alyp zatlaryň adyny özleşdirýär. 1,5 ýaşlynyň sözlük gory (zapasy) 18-25 söz, 3 ýaşyň ahyrynda 1000-1200 söz. Sözlügiň esasy bölegini (60% golaý) at, 25-27% işlikler we 10-12% sypatlar düzýär.

Çagalar ilki bir sözden ybarat „sözlemleri“ ulansa soňra ýönekeý sözlemleri ulanyp başlaýar. 3 ýaşly döwür sözleýişi özleşdirmäge senzetiw bolany üçin şol wagtda çaga sözleýişi oňat özleşdirýär. Soňra sözleýişiň ösüşi oňa düşünmekligiň kämilleşmeginde bolýar. Çaga ýeterlik derejede kyn gönükdirilmäni

diňläp, ony ýerine ýetirip bilýär. Ähli işleri: syn etmeleri we surat çekmesi, sazly sapaklar we hasaplamak, zähmet we oýun sözleýiş bilen utgaşdyrylýar. Olar ýeterlik kyn sýužetli ertekilere düşünýärler we aýdyp bermeklerini talap edýärler. Indi çaga işlikleri, çalyşmalary baglanyşdyryjy sözleri ulanyp çylşyrymly sözlemleri düzýär, zatlaryň, hadysalaryň sypatlaryny bilýärler we aýdýarlar. Çagalar bagynda çagalaryň sözleri takyk anyk we dogry aýdylmagyna üns berilmelidir. Sakawlamagy, burnuna salyp geplemegi onuň sözlerini düşnüksiz edýär we düzedilmese soňra bu ýalňyşlyklar ýazuwada geçýär. Çaga esedilşi ýaly ýazýanlygy üçin nädogry aýdýan sözlerini nädogry hem ýazýar (hozar-horaz).

Mekdebe çenli ýaşly çaganyň dilden sözleýişi üzlem-saplam bolýar. Haýsy-da bolsa bir wakanyň şaýady bolan bolsa ony dürli mimika bilen, howlukmak, üzlem-saplam beýan edýär. Şonuň üçin-de olar gezelençde bolanlarynda gören, eşiden zatlaryny rahat baglanyşykly beýan etmekde türgenleşmelidir. Ulular dürli äheňde, tempde, arakesmeler bilen sesini peseldip we gataldyp ertekiler aýdyp berseler, olar çagada emosional ýokary göteriliş, ene diliniň baýlygyna, çuňlugyna düşünmek emele getirýär. Çaganyň işi wagtynda özüne gönükdirilen (özi bilen) sözleýşine egosentriki sözleýiş diýilýär.

Mekdebe çenli ýaşly çaganyň akyl ýetirijilik hadysalary (sensorika, ünsi, ýady, pikirlenişi).

Ýaş çaganyň ýokary nerw işiniň esasy aýratynlygy – oýandyrmagyň togtamadan agdyklyk etmegidir, bu öz gezeginde beýnä gelýän signallary biri-birlerinden tapawutlandyrmagy kynlaşdyrýar. Togtama ösdügiçe çaga özüni saklamaklygy başarýar. Syzgy organlary çaga taýýar berilýän bolsa-da, olaryň işlemegi, sensor tejribäni (sensorika – syzgy organlary arkaly ýatyrmagyň; syzgylaryň, kabul etmeleriň, göz öňüne getirmeleriň elementleriniň jemidir) almagy üçin amalyýet iş aýratyn perseptiw (akyl ýetiriş) zerurdyr. „Dünýä adamyň aňyna onuň daşky syzgy organlary arkaly girýär. Eger-de bu gapy ýapyk bolsa dünýä onuň bilen baglanyşyga girip bilmeýär. Birnäçe daşary ýurt psihologlary syzgy agzalary hökmünde diňe daşky gurallary gözi, gulagy bilen düşünip 2-2,5 ýaşda syzgynyň ösüşi, duýgurlygy tamamlanýar diýip hasaplaýarlar.

Emma adam ösdügiçe onuň syzgylary akyl ýetirilen bolýar. Adamyň syzgylarynyň hil taýdan üýtgemeginde sözleýiş ulanylmagy we dürli türgenleşik möhüm rol oýnaýar.

Çaganyň zat täsirleri netijesinde öz sensor tejribesi ýygnalyp, ol sensor nusgalary ulanmaga başlaýar. Meselem, görnüşleri kabul etmekde nusga hökmünde geometriki şekiller tőwerek, inedördül, üçburçlyk we ş.m. hyzmat edýärler, reňkleri kabul etmekde spektriň 7 reňki, ak we gara reňkler hyzmat edýärler. Kabul edilýän obýektiwler şol nusgalaryň jemi, dürli görnüşlerde birleşmeleri hökmünde bolýarlar. Sensor nusgalary özleşdirmek aýry-aýry bölekleri – geometriki çyzgylary, şekilleri, reňkleri özleşdirmekden başlanýar. Soňra bu düzüjiler surat çekmekde, konstruktirlemekde ulanylýar. Indiki döwürde çaga taýýar obýektlerde şol nusgalary bölüp çykarýar (tanaýar, aýdýar, belleýär).

Çaga zatlaryň ululygy hakyndaky maglumatlary kyn özleşdirýär. Olar üçin ölçeg birliklerini ulanmak mümkinçiligi kiçi bolany üçin olar zatlaryň ululyklaryň gatnaşygyny aňsat özleşdirýär. Bu iki zady deňeşdirip, haýsy uly ýa-da kiçiligini kesgitlemekde aýdyň görünýär. Çaga nusga bilen tanyşdyrylanda onuň adyny aýtmaklyk, ony ýatda saklamaklyk möhümdir. Soňra nusgalar çylşyrymlaşdyrylýar, dürli görnüşleri berilýär. Kabul etmekligiň ösmegine şol predmetler bilen çaganyň testleri uly rol oýnaýar.

Sözleýşiň we saz sesleriniň kabul etmek boýunça terbiýä aýratyn orun berilýär. Bu ýagdaýda çaga öz sesini saza goşýar, eşidýän sözlerini aýdyp görýär. Sazy kabul etmekde esasy täsir ritmi kabul etmekdir, onuň üçin çaga sese goşulyp hereketlenýär, ritmiki hereketleri ýerine ýetirýär. Çaganyň giňişlikde ugur tapmagyna ilki öz bedeni bilen baglydyr, ondaky çep, sag taraplary (sag el, çep aýak we ş.m.) ýokaryny, aşagyny öňe-yza öwrenýär. Giňişlik düşünjeleriniň emele gelmeginde zatlaryň arasyndaky giňişlik gatnaşyklary (ýakynda-uzakda, çepde-sagda …) uly ähmiýetlidir. Ol bu gatnaşyklary diňe öz seredýän nokadyndan bilýär, tersine öwrülende bärdäkiniň aňyrda we tersine boljakdygyna entek göz ýetirip bilmeýär. Çaganyň wagty kabul edişi kynçylyklary döredýär. Şonuň üçin-de çaga ulular tarapyndan ulanylan „düýn“, „şu gün“, „ertir“, „häzir“, „soňra“ düşünjeleri ulanylýar. Emma „şu günüň“,

„düýne“ öwrülişine aň ýetirmek onuň üçin kyn. Olar wagty öz täsirleri bilen laýyk getirýärler: ir ertir ýuwunmaly, gündiz oýnamaly, agşam uklamaly we ş.m. Ýyl pasyllary bilen tanyşmaklyk ol pasyllardaky tebigy hadysalar bilen baglanyşdyrýar. Çaga surata hakyky obýektiw häsiýetli bolan zat hökmünde seredýär. Meselem, çaga arkasy bärde görkezilen suraty berip, onuň ýüzi nirede diýseň suraty beýlesine öwürýär. Başga bir çaga goňşularynda gyş paslynda uly jaýa golaýlaşyp barýan adamlar şekillendirilen peýzaža görä, ertesi ýene-de şol suraty görende näme üçin „adamlar entek öýe girmändirler“ diýip haýran galýar. Çaga kem-kemden zadyň haýsy häsiýetini şekillendirmek mümkin, haýsylaryny mümkin däldigine göz ýetirýär, surat bilen zadyň özi bilen edilýän täsirleri etmek bolýandygyna göz ýetirýär. 3-4 ýaşly çaga ýakynda ýerleşen şekili uly hasaplasa 5-6 ýaşlaryndaky çaga zat daşlaşdygyça şekiliň kiçelýändigini bilýär we şol hili kabul edýär. Emma şekillerdäki, suratlardaky ikinji manyny mekdebe çenli ýaşdaky çaga kabul edip bilýär. Ol öz durmuş tejribelerindäki duşýan sýužetler hakyndaky şekilleri kabul edýär.

Eger-de kiçi ýaşly çagada ugur tapmak täsirleri ösýän bolsa, onuň ünsi, ýady we hyýaly özbaşdaklyga eýe däldir. Haýsy-da bolsa bir zada ünsüni jemlemeklik, gören-eşidenlerini ýadynda saklamaklyk, kabul etmedik zatlaryny göz öňüne getirmek ýaly täsirler mekdebe çenli ýaşly döwürde kemala gelip başlaýar. Şonuň üçin-de başga ünsi, ýady, hyýaly ygtyýarsyz bolýar. Emma oýun zähmedi ulular onuň belli bir obýektlerde ünsüniň jemlenmegini we şonda saklanmagyny talap edýär we şonda hem ösýär.

Irki ýaşlylarda çaga ünsüni diňe täze zatlar çekýär we saklaýar. Olaryň işiniň çylşyrymlaşmagy bilen ünsi durgunlaşýar; 3-4 ýaşly çagalar bir oýny 0,5 sagatdan gowyrak oýnasalar, 5-6 ýaşlylar 1,5 sagada çenli oýnap bilýärler, 6-7 ýaşlylara öz ünsüni ygtyýarly ünsi ösdürýärler we terbiýeleýärler. Ygtyýarly ünsüň ösmeginde sözleýşiň roly ulydyr; sözleýiş ygtyýarly ünsi regurirleýär. Mekdebe çenli ýaşly çaganyň ýady esasynda ygtyýarsyzdyr, ýagny ol bir zady ýat tutmak maksadyny goýmaýar. Nämä üns gönükdirilen bolsa, näme güýçli täsir galdyrsa, gyzykly bolsa şolar oňat ýadynda galýarlar. Ygtyýarsyz ýat kabul ediş we pikirlenmek täsirleriniň

goşmaça netijesi, önümi hökmünde ösýär. Ygtyýarly ýat 5-6 ýaşlarynda rolly oýunlary oýnamakdan ösýär, oýnamak üçin öz roluny, borçlaryny, hukuklaryny, täsirlerini ýadynda saklamak zerurdyr. Çaga ilki ýat tutmak, ýatda saklamak meselesini çözýär, soňra ýadyna düşürmeklik. Umuman bu ýaş döwründe ygtyýarsyz zat ygtyýarlydan agdyklyk edýär.

Çaga aňynda zatlaryň we hadysalaryň arabaglanyşygyny amalyýeti kesgitleýän täsirlerden, keşpleri ulanyp akylynda ýönekeý pikirlenmek täsirlerini ýerine ýetirip başlaýar. Ýagny pikirlenmegiň görüş-täsirli görnüşi esasynda görnüş keşpli görnüşleri emele gelip başlaýar. Şonuň bilen bir wagtda amalyýet täsirleriniň netijesinde sözlerinde berkidilen ilkinji umumylaşdyrmalar ýüze çykýar. Zatlaryň ýönekeý, ýüzleý arabaglanyşyklaryny ýüze çykarmakda has çylşyrymly we içki baglanyşyklaryny ýüze çykarmakdan has çylşyrymly we içki baglanyşyklaryny ýüze çykarmaga geçýär, beýle baglanyşyklaryň has möhümi sebäp we netije gatnaşygydyr. Ilki ýüzleý, ýönekeý sebäplerden başlanyp soňra ol hem çylşyrymlaşýar. 6-7 ýaşly çaga birnäçe fiziki, mehaniki we beýleki baglanyşyklary we gatnaşyklary bilmegi we ulanmagy talap edýän meseleleri çözmek ukyplyklary bolýar. Meselem, açary suwa taşlasaň ol çümer, sebäbi demir agyr, şol agramly agajy suwa taşlasaň çümmez …
Nirede futbol pökgisi daşa gider, daş düşelen ýoldamy ýa-da otlukdamy? Gar ýagan wagtynda awçylar çaý içmek üçin suwy nireden alýar diýlen meseleleri 6 ýaşly çagalar çözüp bilýärler. Çaganyň pikirlenip bilşi onuň alýan bilimleri bilen baglanyşyklydyr. Bilim almaklyk pikirlenmegi ösdürmegiň hökmany şertidir. Ol bilimleri ululardan we öz tejribesinden alýar. Diňe alnan bilimleri pikirlenmegi ösdürýär, onuň üçin bilimleri pikirlenmegi talap edýän mesele çözmeklikde ulanmalydyr. Pikirlenmegiň ösmegi üçin okuwçy pikirlenmek täsirlerini (operasiýalaryny) ýerine ýetirmegi başarmalydyr. Eger-de beýle täsirler bellikler, sanlar, sözler bilen ýerine ýetirilse oňa howaýy pikirlenme diýilýär. Ol logikanyň düzgünlerine boýun egýänligi üçin oňa logiki pikirlenme hem diýilýär. Eger-de zatlaryň obýektleriň häsiýetlerini gatnaşyklaryny göz öňüne getirmek mümkin bolsa görüş obrazly pikirlenme ulanylýar. Eger-de beýle häsiýetler içki we gös-göni görünmese onda

howaýy pikirlenme ulanylýar. Bu ýaşdaky çaganyň pikirlenişiniň esasy görnüşi obrazly pikirlenmekdir. Ol görüp duran zatlary gurallary bilen gös-göni täsir etmäge gönükdirilendir. Beýle pikirlenmek ilki zatlaryň özleri bilen synanyşyklardan başlanýar we soňra synanyşyklar akylda ýerine ýetirilýär. Pikirlenmegiň bu görnüşlerinden çaga shemalary ulanyp başlaýar. Ulular tarapyndan söz üsti bilen berlende düşünmedik bilimleri shemalar we olaryň üstünde täsirler görnüşinde berilse aňsat özleşdirýär. Meselem, 5 ýaşly çagalar „bütin“, „bölek“ düşünjelerine söz üsti bilen anyk zatlarda görkezilende hem düşünmeýärler. Eger-de olary kagyz ýüzünde aňlatsaň oňa düşünýärler we her bir bütini bölekleri dargatmak we böleklerde bütinini ýygnamak boljakdygyna göz ýetirýärler.

## 1.2 Irki ýaşda akyl ýetirişiń we őzüńi alyp barşyń ősüşi

Çagada pikirlenmegiń ősmeginde ilki bilen çaganyń őz hereketi, onuń duýgy tejribesi durýar. Ikinjiden bolsa uly adamyń täsiri, nähili hereket etmegi őwretmekligi we zatlara umumylaşdyrylan at bermegi täsir edýär. Çaganyń zatlar bilen hereketi belli bir ýagdaýda dőreýän meseläni çőzmeklige getirýär. Çaganyń hereketinde tebigy őwrenmek ýüze çykýar: zada täsir etmek bilen çaga bir hereketiń üstünlikli, başga bir hereketiń üstünliksiz bolup geçýänligini gőrýär. Geçen tejribe geljekki hereketde şőhlelenýär. Predmetli meseläni çőzmek tutumynda pikirlenmek amala aşýar we ol aýdyń-hereket häsiýetine eýe bolýar.

Şahsy tejribäniń ähmiýetiniń uludygyna seretmezden çaganyń pikirlenmesiniń ősmegine ony gurnalan sosial topar uly täsir edýär. A.S.Wygotskiniń belleýşi ýaly çaganyń durmuşynyń ilkinji gününden onuń őzüni alyp barşynyń häsiýetine sosial hadysa çuń täsir edýär. Özüniń intellektual çőzgütlerinde çaga mydama uly adamdan gőrelde alýar. Uly adamyń predmet bilen hereketini synlap çaga adamyń tejribelik zat hereketiniń tärlerini őzleşdirýär. Çaga gündelik durmuş tutumynda aýry-aýry predmetleri bir maksat üçin ulanyp bolýandygyna düşünýär. Şeýle tejribe netijesinde çaga diňe bir

predmetleri belli bir alamatlaryń meńzeşligi bilen umumylaşdyrmak bilen çäklenmän eýsem hereket tejribesini hem umumylaşdyrýar.

Esasanda pikirlenmäniń ősmegi üçin gurallaýyn hereket őrän mőhümdir. Gural çaganyń predmet dünýäsiniń açary bolup durýar. Dürli ýagdaýlarda dürli predmetleri ulanmak bilen gural umumylaşdyrylmagyń sebäpkäri bolup durýar. Çaganyń pikirlenmesiniń irki dőwürde hili boýunça őzgertmegi adamyń praktiki predmet hereketiniń tärlerini ele alyp hem-de adamyń gepleýşini őzleşdirip ugramagy sebäp bolýar. Çaga uly adam bilen sőzleşige girende uly tejribe toplaýar. Ol düşünjäni, pikirlenmegiń tärlerini őzleşdirýär. Ululara őýkünmek bilen ol pikir ýőretmegi dogry gurnaýar we pikir toplamagy őwrenýär. I.M.Seçenowyń belleýşi ýaly iń irki dőwürden çaga sőz bilen hem-de başgalaryń tejribesiniń taýýar tärini őwredýärler.

Irki çagalyk dőwründe ulynyń sőzi çaganyń aýdyń – hereket pikirlenmesiniń ősmegine ýardam berýär. Uly adam diňe bir hereketi bilen däl-de sőz bilen hem ol ýa-da başga bir hadysa ýagdaýynyń çőzgüdini salgy berýär.

1. Irki çagalyk dőwründe çaga őzüni uludan tapawutlandyryp başlaýar, őzüniń aýratyn "Men" düşünjesine gelýär. Gürrüń wagtynda çaga őzüni haýsydyr bir üýtgewsizlik hőkmünde differensirleýär. Özüniń hereketini bolsa nähilidir bir geçýän hadysa hőkmünde gőrkezýär. Ýagny őzüni őz hereketinden aýrylaşdyrýar.

Ösüşdäki üstünlikler çaganyň őzüni alyp barşyny hil taýdan üýtgedýär. Uly adamyň täsiriniń kőpdügine seretmezden őzüniń dar gurşawynda praktiki durmuşynyń uly bolmadyk mümkinçiliklerinde çaga őzbaşdak, uly adamyń kőmegine bagly bolmadyk hereket etmäge synanyşýar, täze tendensiýalar çaganyň işjeńligini güýçlendirýär. Şol dőwüre krizis dőwri diýilýär (üç ýaşyń krizisi"), çaga kejir we negatiw häsiýetleri ýüze çykarýar. Çagada őz isleglerini őzbaşdak amala aşyrmak häsiýeti ýüze çykýar, uly adam bolsa çaga baglanyşyklykda kőne aragatnaşygyny ulanyp onuń işjeńligini çäklendirýär. Adaty dogry ősýän kőneçe aragatnaşyga garşy bolýar, kejirlenýär we tersine hereket edýär. Olar hemme adam barasynda şonuń ýaly gatnaşykda bolmaýar, őzbaşdaklygyny çäklendirmekçi

bolýanlar üçin şeyle gatnaşyk ulanýarlar. Eger-de ulular olaryň özbaşdaklygyny makullan ýagdaýlarynda aragatnaşyk çalt geçýär. Sensor etalony – bu adamyň kesgitli ýagdaýda predmetleriň häsiýetleriniň bölünişi özara baglanyşykly nusgalary: reňk spektriniň ulgamy, geometrik formalar, saz sesleri, diliň fonemasy we ş.m. Sensor etalonlar çagalar tarapyndan kabul ediş hereketleri ýerine ýetirilende ulanylýar, hem-de öwrenilýän predmetiň aýratynlygyny saýlamakda özboluşly ölçeg bolup durýar.

## 1.3 Üç ýaşa çenli çaganyň şahsyýetiniň kemala gelmegi

Irki çagalyk döwri diýip atlandyrylýan bu döwir (1-3 ýaşa) adamyň bütin ömrüniň dowamynda täzelikleriň döreýşi boýunça aýratyn bir ýaşdyr. Şonuň üçin psiholog adamyň ömrüniň ortasy, ýagny dogan wagtyndan ýetişen okuwynyň goýlan ýaşynyň ortasy hut şu üç ýaşa degişli edýärler.

Üç ýaşly çaga özüne hyzmat etmäge, daş-töweregindäki adamlar bilen gatnaşyk alyp barmaga ukyply. Özem bu ýagdaýda ol diňe söz aragatnaşygy däl-de eýsem ýönekeý özüni alyp baryş formalaryny hem başarýar.

Çaganyň 1 ýaşdan 3 ýaşa çenli psihiki ösüşi birnäçe faktorlara bagly.

Çaganyň psihiki ösüşine onuň özbaşdak wertikal ýöremegi öwrenmegidir. Bu başarnyk arkaly çaga predmetler bilen özbaşdak iş salyşmaga olaryň gurluşyny öwrenmäge mümkinçilik alýar. Yzly-yzyna ýykylmagyna garamazdan ýöremäni öwrenýär. Çünki ýöremekde aýak myşsalarda döreýän duýgurlar çagany bu herekete itekleýär. Wertikal ýöreýşi çaganyň fiziki başarnygy bolsa-da onuň ägirt uly psihologik netijeleri bolýar. Çaganyň ýöremäge bolan isleglegini onuň isleýän maksadyna ýetmekligi, şeýle hem ulularyň goldawy bolýar. Ilkinji gowşajyk ädimler ýuwaş-ýuwaşdan kämilleşýär. Çaga 2 ýaşynda uly höwes bilen özüne päsgel berýän zatlary gözleýär. Kynçylyklar we olary ýeňip geçmeklik çagajykda oňyn, ýakymly emosional ýagdaýy ýüze çykarýar. Ýöremäni öwrenen çaga giňişlikde ugur tapmaga mümkinçilik gazanýar.

Myşsaly duýgy predmete çenli giňişligi ölçeýän ýagdaýar. Bu ýagdaý görüş funksiýasy, kinesteziýa we syzyş bilen birlikde alnyp barylýar. Hereketi özleşdirmek bilen iş salyşýan şatlanyşyň sany artýar we seljerme etmek ukyby ösýär.

Çaganyň psihiki ösüşine 2-nji täsir edýän zat predmetler bilen hereketleriň ösüşi bolup durýar. Öňki eliňi, aýagyňy ýöne salgamak ýaly manipulýatiw hereketler indi predmetleriň jemgiýetde kabul edilen usullar arkaly herekete getirilýär. M.ü.: Maýmyn suwy gutydanam, bedredenem, eger dökülse ýerdenem içýär. Haýwanlar üçin predmetleriň situatiw ähmiýeti bar. Çaga ululardan predmetleriň mydamalyk ähmiýetine görä ugrukmagy öwrenýär, ol bolsa adamyň işi bilen berkidilendir. Predmet dünýäsi çagany gurşap alýan – mebel, geýimler, oýnawaçlar we ş.m. – bu predmetleriň adamyň durmuşynda kesgitli belgisi bolýar. Zatlaryň ähmiýetini çaga irki çagalyk döwründe aňladýan predmetleriň funksional häsiýeti ululary terbiýelemek we okatmaklyk täsiri bilen ýetilýär. Käbir predmetler bilen iş salyşmak olaryň gabat getirmesi, beýlekileriň – predmet – gural hereketleri kesgitleýär. Hut şu hereket tärleri çaganyň psihiki ösüşine ähmiýetli täsir edýär. Predmet gural hereketleri çagalarda her bir täze şol hili görnüşlerde ýörite tärlerini gözlemäge ustanowkasy kemala gelýär. Irki çagalyk ýaşynyň soňunda (3 ýaşynda) täze işiň görnüşleri döräp başlaýar. Bu – oýun we işiň önümli görnüşleri (surat çekmek, plastilinden ýasamak, konstruktorlar).

Predmet işinde ýygnalan täsirlikler çaganyň sözleýşiniň ösüşi üçin esasy bolýar. Irki döwür sözleýişiň ösmeginiň senzitiw döwri bolýar: hut şu döwürde sözleýşi öwrenmeklik effektiw ösýär. Ulular bilen birlikde çaga aýan söleriň arasyndaky baglanşygy aňlamagy öwrenýär. Üç ýaşynda çaganyň ulularyň söleýşine düşünişi hil taýdan üýtgeýär. Diňlemek we barlaga düşünmek (çaganyň ulular bilen aragatnaşygyna bagly bolmadyk) möhüm eýe bolmadyk zady. Bu ýagdaý sözleýşi hakykata akyl ýetirmegiň esasy serişdesi bolup durýar.

Irki çagalyk döwür – çaganyň işjoyň söleýşiniň kemala gelýän döwri. Bir ýarym ýasyna çenli çaga 30-40 sözden 100 söze çenli özleşdirilýär we olary örän seýrek ulanýar. Sözi bilip, ony gürlemeýändigini biz haçan-da çaga biziň adyny tutýan perdmetimize

tarap şol bada seredýändigimizden göz ýetirýäris. Bu ýaşda (1,5) çagada söleýiş işjeň häsiýetde döräp ugraýar. Çaga ululardan predmetleriň adyny yzyny üzmän soraýar. 2 – ýaşyň soňunda çaga 300 söze çenli 3 – ýaşynyň soňunda – 1500 söze çenli ulanýar.

Sözleýşiň ösmegi onuň sesleniş we ene diliniň grammatiki gurluşyny öwrenmegini aňladýar. 2 ýaşynyň soňunda ene diliniň sesleriniň hemmesini fonematiki kabul edýär.

Grammatiki gurluşyny öwrenmekligiň dürli döwürleri bar.

I - döwür – 1 – 2 ýaş aralyk sözlemler döwri, amorf – köklerinden durýar.

Ilki-ilkiler çaga ulularyň sözüne meňzemeýän özbaşdak sözleri ulanyp gürleýärler. M.ü.: suwa – uwwa, gyzgyna-bişşe, ite-wow-wow, şeýle söleýşe çaganyň awtonom söleýşi diýilýär.

II-döwür-diliň grammatiki gurluşynyň ösüşi 3 ýaşa çenli dowam edýär. 3 ýaşda çaga düşüm, ýöňkeme goşulmalaryny özleşdirýär. Çaga örän ir grammatiki ähmiýetine ugrukýar.

Çaganyň işjeň sözleýşiniň kemala gelmegi onuň hemme psihiki ösüşiniň esasy bolýar.

Çaganyň sözleýşi 1-njiden, çaganyň öz işine bagly – pikirlenmäniň esasynda onuň duýgy tejribesi we 2-njiden, hereketleriň tärini öwredýän ulularyň täsirine predmetlere umumylaşdyrylan atlary bermegine bagly.

Hereketde tebigy öwredilme bolup geçýär: predmete täsir edip çaga käbir hereketleriň şowly, beýlekileri şowly bolmaýanlygyny görýär. Öňki hereketiň tejribesi soňkylarda şöhlelenýär. Pikirlenme predmet ýumşy çözmek ýagdaýynda amala aşyrylýar we aň hereket häsiýetine eýe bolýar.

Şahsy tejribelik pikirlenmäniň ösüşine täsir etmekde ähmiýeti bar, aýratyn hem pikirlenmäniň ösüşine çagany gurşap alýan sosial – daş – töweregi. Özüniň intellektual işinde çaga elmydama ululara sala salýar.

Esasanam pikirlenmäniň ösüşinde gural hereketleri zerur. Gural çagany zatlaryň dünýäsine ugrukdyrýar. Dürli situasiýalarda ulanmak we dürli predmetlere görä ulanmak bilen gural – umumylaşdyrmanyň ilkinji alyp baryjysy bolýar. Irki etaplarda çaganyň pikirlenmesiniň ösüşi olaryň adamyň predmetler bilen

tejribelik işini ele almaklygyna bagly, şeýle hem ýuwaş-ýuwaşdan çaganyň adam sőleýşine őwrenmekligine bagly. Has uly tejribäni çaga ulular bilen sőleýiş aragatnaşygyny ulanmak bilen toplaýar.

Irki çagalyk dőwründe çaga işi ýerine ýetirýän wagty gurşap aýdýar. Ýőne 1-nji etapda sőzleýiş garaşsyz ýagdaýy aňladýar: çaganyň őzini alyp barşynda bu dőwürde işiň 2 – gőrnüşini syiş we intelektual gőrmek bolýar. Soňra bu iki işi biri – biri bilen gatyşýar.

Irki çagalyk dőwürde diýeli çaganyň ulular bilen birlikdäki işi ősýär. Çaga ulynyň gőrkezmegi bilen ýuwaş – ýuwaşdan dürli ýumuşlary ýerine ýetirip başlaýar. Ýuwaş – ýuwaşdan çagajyk őzüni ulylardan saýlamany őwrenýär, őzüne őzbaşdak "men", ýagny onda őzüni aňlamagyň başlangyç formalary dőreýär. Őz sőleýşinde çaga őzüni haýsy-da bolsa üýtgemeýän hőkmünde differensirleýär, őz hereketlerini bolsa – gelip geçer zat: "Häzir Gősel otyr, häsir bolsa Gőzel ylgaýar, häzir Gősel ýykyldy", ýagny çaga őz hereketlerini őzünden bőlüp aýyrmagy belleýär.

Üstünlikler çaganyň őz-őzüni alyp barşyny has üýtgedýär. Täze tentensiýalar çaganyň işjeňligini güýçlendirýär ("Meň őzüm") we ulular bilen täze aragatnaşygyň dőremegine getirýär. Bu dőwür kritiki (3 ýaşyň krizisi) diýip hasap edilýär, çünki uly adam çaga bilen őz aragatnaşygynda kynçylyklary diýip kejirlik we negatewizm häsiýeti bolup ony çydamak kynlaşýar.

Üç ýaşlylaryň krizisi – bu çaganyň ulular bilen sőz aragatnaşygynyň ősüşinde bolup geçýän obýektiw hadysadyr. Çagada őz isleglerini őzbaşdak kanagatlandyrmak tentensiýasy ýüze çykýar, ulular bolsa kőne tip gatnaşygyny saklaýar, şeýle etmek bilen çaganyň işjeňligini çäklendirýär. Kadaly, dogry ősüp gelýän çaga őňki gatnaşyklara garşylyk gőrkezip ugraýar. Bu ýagdaý haçan-da çaganyň erkini çäklendirseler ýüze çykýar. Eger-de ulular çaganyň őzbaşdaklygyny akylly – başly goldasalar, onda őzara gatnaşykdaky kynçylyklar çalt ýeňilýär.

Üç ýaşyň krizisi – geçip gidýän hadysa, ýőne onuň bilen baglanşykly täze dőreýişler – daş – tőwerekdäkiler őzüni saýlap bilmegi, beýleki adamlar bilen őzüni deňeşdirmegi – psihiki ősüşinde wajyp mőhüm ädim bolup durýar.

Ulular ýaly bolmak islegini olar diňe oýun görnüşinde ýerine ýetirip bilýärler (diňe oýunda çaga dükana gidýär, nahar bişirýär, kosmosa uçýar, we ş.m.). Şonuň üçinem 3 ýaşyň krizisi çaganyň oýun işine geçmek ýoly bilen çőzülýär.

Sözleýiş kommunikatiw, sigmifikatiw wezipeleri ýerine ýetirip, çaganyň ýaşaýşyna tiz aralaşýar. Onuň pikirini sosial aragatnaşyklaryny ösdürýär. Çaganyň sözleýşi dürli döwürleri geçýär.

1.Gezelenç (4-6 aý)
2.Samrama (6-10 aý)
3.Başlangyç sözler (11 aý-1 ýaş 6 aý)
4. Sözleri we ýönekeý grammatiki formalary özleşdirmek (1 ýaş 6 aý- 2 ýaş)
5.Hadysa-ýagdaý sözleýişi (2-3 ýaş)
6.Baglanyşykly sözleýiş, giçki sözleýiş (4-6 ýaş)
7. Ýazuw, logiki, çeper sözleýiş

## 1.4 Irki çagalyk döwründe öwrenme (1-3 ýaş)

Irki çagalyk döwrüniň tutuş dowamynda intellekt kämilleşýär. Pikirlenmäniň aýdyň-hereket görnüşi öz ornuny aýdyň-keşp pikirlenmesine geçirýär. Çaga özüniň intellektual ösüş ýolunda ýene bir wajyp ädim ätleýär. Eger-de ol öň diňe predmetleri-zatlary eline alyp hereket eden bolsa, indi olaryň keşpleriniň kömegi bilen dürli meseleleri çözmegi başarýar. Şeýle ösüşiň mundan beýläk hem çalt depginde ösdürilmegi üçin, şu döwürdäki çagalara göz öňüne getirme bilen baglanyşykly meseleleri çözdürmeli. Şeýle hem onuň döredijilikli we tehniki ukyplaryny, esasanam surat-çekmek ukybyny ösdürmeli. Ulular bilen aragatnaşyk etmek, olar bilen döredijilikli oýunlary oýnamak çagalarda esasy we wajyp ukyplaryň ösdüriji şerti hökmünde çykyş edýär. Irki çagalyk döwrüniň başlangyjy – bu sözleýşiň ösüşiniň senzitiw döwrüne girişdir. Bir ýaşdan üç ýaş aralygynda çaga sözleýşi ösdürmeklige has ýykgyn bolýar. Bu döwürde bäbeklik döwründe öwrenilip başlanan ýagdaýlar (sözleýiş eşidişi, sözleýşi düşünmäge bolan ukyp, mimika, pantomimika …) doly özleşdirilýär. Uly adamyň sözleýşini işjeň däl görnüşde kabul etmek we oňa jogap bermek başarnygy onuň mekdebe çenli

döwürdäki sözleýşiň işjeň görnüşine eýelik etmeginiň esasyny düzýär.

Çagalaryň sözleýşiniň esasynda ululara, olaryň sözleýşine öýkünme ýatyr. Çaganyň ikinji ýyl ömründe – 2 ýaşynyň içinde daşky gurşawa bolan gyzyklanma döreýär. Çagalaryň ähli zady bilesi, elinde saklasy gelýär. Şu döwürde olary täze predmetleriň-zatlaryň atlary, daşyny gurşaýan adamlaryň atlary gyzyklandyrýar. Çagalar bu düşündirişe ululardan garaşýarlar. Ilkinji sözlere eýe bolan çagalar ululara şeýle soraglary berip başlaýar: "bu näme?", "bu kim?", "bu zada näme diýilýär?". Şeýle soraglar jogapsyz galdyrylmaly däl. Mümkin boldugyndan olara has doly jogap bermeli we çaganyň bilesigelijiligini kanagatlandyrmaly.

Ulularyň nädogry, çalt, düşnüksiz sözleýşi çagalaryň sözleýşiniň ösüşine päsgel berýär. Çaga bilen gürleşilende howlukman her sözi we söz düzümlerini saýhally aýtmaly. Gerek ýerinde gaýtalap bermeli. Öň hem bellenilişi ýaly, 1-nji ýaşynyň ahyrynda ululardaky synlamalaryna esaslanyp, olar mimika, pantomimika jogap bermegi başarýarlar. Şonuň üçin hem çaga bilen gürleşilende elleriňiziň we ýüzüňiziň mimikasydyr pantomimikasynyň oňaýly hereketde bolmalydygyny unutmaly däl. Çaga özüniň sözleýşiniň ösüş döwründe beýleki adamlara garanyňda, öz ata-enesine, doganlaryna – olaryň sözleýiş medeniýetine eýerýär. Çaga bilen gürleşýän adamyň onuň garyndaşy (ýakyny) bolsa, olar hem onuň bilen ýygy-ýygydan gürleşseler, onda çaga sözleýiş mehanizmlerini çalt ele alar. Onuň özüniň hususy sözleýşiniň daşky gurşawyndaky adamlar tarapyndan goldanmagy, çaganyň sözleýşiniň ösmeginde wajyp orun eýeleýär. Çaganyň sözleýiş derejesiniň ösüşini bahalandyrmagy, oňa belli bir zatlary öwretmegi ene ýaly başarjak adam ýokdur. Çaga ejesiniň köplenç gaýtalaýan sözüne has işjeň jogap gaýtarýar. Syn edilip görülende, çaga şeýle jogaby beýleki adamlara bermeýändigi anyklanyldy.

Käbir ata-eneler çaganyň işjeň sözleýşindäki bökdençlerini synlap aladalanýar. Eger-de çaga beýlekileriň sözleýşine düşünip, emma az gürleýän bolsalar, onda onuň sözleýşiniň ösüşi barada aşa aladalanmak gerek däldir. Syn edilmelere görä, şeýle çagalaryň 2-3

ýaş aralygynda sözleýşi çalt ösýär-de deň-duşlarynyň sözleýşiniň yzyndan ýetýärler.

Çaga 3 ýaşa golaýlanda ulularyň özara gürrüňine uly gyzyklanma bilen diň salyp başlaýarlar. Şonuň üçin ýanyňyzda çaga bar wagty, onuň sizi diňleýändigini duýýan wagtyňyz öz gürrüňdeşiňiz bilen gürleşeniňizde saýhally, düşnükli, parahat äheňde gürleşmeli.

Irki döwürde çaganyň sözleýşiniň ösüşinde ýüze çykjak aýratynlyklaryň biri-de – onuň birwagtda 2 dili: ene dilini we başga dili özleşdirmek mümkinçiligidir. Bu ýagdaýyň ýüze çykmagy mekdebe çenli döwürde has hem aýdyňdyr. Ýöne dil meselesinde onuň öwrediliş usullary birmeňzeş bolmaly we olar ugurdaş alyp barmaly. Şu meseläni çözmekde, şeýle ýol ýöredilse, ýagny, dilleri biri-biri bilen garyşdyrman, her dili yzygiderlikde dürli adamlar öwretmeli. Şeýle edilse çagada dilleriň garyşmasy ýuze çykmaz we ol dilleri çalt özleşdirer.

Öň hem belläp geçişimiz ýaly, irki ýaş döwürdäki çagalara mahsus häsiýet – aşa bilesigelijilik döreýär. Bu ýagdaýyň goldanylmagy onuň intellektual ösüşiniň çalt depginine täsir edýär. Ondan başga-da, şu döwürde çagalarda akyl ösüşi dürli görnüşi özünde jemleýär. Olar ony ulular bilen oýnanlarynda, aragatnaşyk edenlerinde, deň-duşlary bilen gürleşenlerinde, şeýle hem daş-töwerege synlamalaryndan edinýärler, öwrenýärler, ösdürýärler. Çaganyň bilesigelijiliginiň ösmeginde oýnawaçlar aýratyn orun eýeleýär. Çaganyň oýnawaçlarynyň arasynda ulularyň durmuşynda ulanýan gurallaryna meňzeş oýnawaçlar bolmaly. Eger-de oýnawaç döwülse, ony zyňmak maslahat berilmeýär. Ol oýnawajy çaganyň özi bilen bejeriň.

Şu döwürdäki ideg gözden salynsa, çagada geljekki döwürde psihologik krizisiň ýüze çykmasynyň bolmagy gaty ähtimaldyr. Şeýle ýagdaýa ýol berilse, geljekde pedagogik gözden salnan çagalaryň kemala gelmegi gaty ähtimaldyr.

## Bap 2. Mekdebe çenli ýaşly çagalaryń intellektual ösüşi

Mekdebe çenli ýaşly çagalaryń kiçi ýaşlylarynda tejribelik mesele çözülende belli bir hereket söz bilen utgaşýar. Söz çaganyń pikir hereketini gönükdirýär, onuń umumylaşdyrmagyny, ýokary many tärlerini özleşdirmäge getirýär.

Pikirlenşiń ösmeginde öwretmekligiń uly kömegi bar. Akyl terbiýesiniń möhüm wezipesi – bu aýdyń-keşp pikirleniş görnüşini ösdürmek, sebäbi mekdebe çenli döwür şeýle ösüş üçin senzitiw we çaganyń geljegi üçin möhüm orny bar we döredijilik işiniń esasy bolup durýar.

Mekdebe çenli döwür erksiz ünsüń we ýadyń ösen döwri bolýar. Onuń ünsüni näme özüne çekse şony hem ýatda saklaýar. Onuń ünsüni näme çekse, öz-özünden ýatda galýar. Görýän zatlary, eşidýän zatlaryndan gowy ýatda galýar. Mekdebe çenli döwrüń sońlarynda ünsi gönükdirmek ösýär. Akyl ýetirijilik hereketi gepleýşiń ösmegine esaslanýar. Söz çagalary özleşdirýän sensor etalonlaryny bellik edýär, pikirleniş tutumyna girýär, logiki akyl öwürmegi amala aşyrýar. Söz göz öňüne getirmegiń işini gönükdirýär, ýatda saklamaklyga many berýär. Sözüń üsti bilen çaga adamzadyń konsentrirlenen tejribesini, psihiki işiń tejribesini özleşdirýär. Ýöne mekdebe çenli döwrüń başynda çaganyń sözi ýagdaýa bagly bolýar, ýagny belli bir situasiýadan daşary düşnüksiz, soňra çaganyń sözi baýlaşýar: içki söz kemala gelýär, sözüń kontekst görnüşine geçýär.

Çaganyń şahsyýetiniń kemala gelmegi onuń emosional-erk ulgamynyń kemala gelmegi bilen bagly, ýagny gyzyklanmagyń we özüňi alyp barşyń motiwiniń kemala gelmegi bilen bagly.

### 2.1 Kabul edişi, ýady, pikirlenmäni kämilleşdirmek

Mekdebe çenli ýaşdaky çagalaryñ akyl ýetiriş hadysalarynyñ ösüşi guramaçylykly we guramaçylyksyz, adaty ugrukdyrylýan we ugrukdyrylyp bolmaýan ýagdaýda amala aşýar. 6-7 ýaşly çagalaryñ akyl taýdan ösüş derejesi, şeýle-de onuñ mekdepde bilim almaga taýýarlyk derejesi gecen, 3-4 ýaşynda maşgalada we mekdebe çenli

edaralarda çagalaryñ okadylmasynyñ näderejede oýlanşykly ýola goýlandygyna baglydyr. Bu döwürde çaganyñ akly ýetirişiniñ ösüşine uly goşant goşulýar. Bu ýaşda çaganyñ esasy işi oýun bolup, işiñ beyleki görnüşleri sözeýiş bilen üsti ýerine ýetirilýär.

Şu ýaşda çagada sensor hereketleriñ kemala gelmegi arkaly kabul ediş kämilleşýär. L.A. Wengeriñ pikiriçe çaganyñ sensor ukyplary perseptiw hereketleriñ mukdary bilen kesgitlenilýär. Perseptiw hereketleriñ kemala gelmegi çagalaryñ sensor etolon-nusga ulgamlaryny tapawutlandyryp we özleşdirip bilmegine baglydyr, ýagny olary uly adamlar kabul edenlerinde dilde düşünje hökmünde bellik edilen predmetleriñ duýgy häsiýetlerini tapawutlandyrmak. Sensor etolonlar kabul edişiñ nusgasy hökmünde taryhy kemala gelendirler hem-de uly adamlar tarapyndan özleşdirilende kynçylyksyz özleşdirilýär, ýagny çalt kabul edilýär.

Şol bir wagtda mekdebe çenli ýaşdaky çag üçin mesele bolup durýar. Ol çaga duýuş organlary arkaly kabul edýän predmetleriñ häsiýetlerini biri-biri bilen hem-de olary etolona laýyklaryny deñeşdirmegi ýörite öwredilmegini talap edýär. Şeýle etolonyñ nusgasy, forma kabul edilende:

-geometrik figuralar-(çyzyklar, üçburçluklar, dörtburçluklar);

-reñk kabul edilende-spektr we onuñ dürli öwüşgünleriniñ esasy reñkleriniñ ýitiligi we doýgunlygy;

-predmetiñ beýikligi kabul edilende – dürli ululyklar (meýdan, uzynlyk, göwrüm) bolup biler.

Çagany şu etolonlar bilen tanyşdyryp kabul edilýän predmetleriñ häsiýetli aýratynlyklaryny tapawutlandyrmak üçin amaly ýagdaýda ol ululyklary ulanmany öwretmeli, ýagny perseptiw hereketleri öwretmeli.

Mekdebe çenli ýaşdaky çaganyñ ýadyny gowulandyrmak hadysasy hem ösýär. Ol birnäçe ugurlar boýunça ösyär.

a. Ýatda saklamak hadysasynyñ erkin häsiýetde bolmagy.
b. Çaganyñ ýadynyñ gös-göni ýatdan aralaşdyrylan ýada geçmegi.
c. Çagada ýatda saklamagyñ, ýada salmagyñ serişdelerini we tärlerini ösdürmek.

Mekdebe çenli kiçi ýaşlylardan uly ýaşlylara çenli ýat hadysasynda üýtgeşmeler bolup geçýär. Mekdebe çenli ýaşyñ soñunda çaganyñ ýady garaşsyz, ugrukdyrylýan psihiki funksiýa öwrülip, oña belli bir derejede gözegçilik edip bolýar. Kiçi we orta ýaşly mekdebe çenli döwürde (3-4 ýaşly) materialyñ ýatda saklanylmagy we gaýtadan dikeldilmegi işiñ dürli görnüşleriniñ düzümine girip, esasan hem ygtyýarsyz amala aşyrylýar. Uly mkedebe çenli ýaşda çaganyñ önünde ýörite mnemiki meseleleriñ goýulmagy netijesinde ygtyýarsyz unse gecilýär.

Oýun, aragatnaşyk, zähmet işlerinde mekdebe çenli ýaşdaky çagalaryñ öñünde şeýle meseeleler näçe köp goýulsa, şonça-da onuñ ýady ygtyýarsyzdan ygtyýarla geçýär.

Mnemiki hereketler-bu maglumaty ýatda saklamaklyga, ýada salmaklyga we gaýtadan dikeltmeklige gönükdirilen hereketlerdir. 3-4 ýaşdan başlap, mekdebe çenli ýaşdaky toparlaryñ hemmesinde, oýun işinde mnemiki hereketer çalt ýüze çykýar.

Mekdebe çenli kiçi we orta ýaşly çagalarda oýun işinde ýatda saklamaklyk beýleki işlerde ýatda saklamaklykdan has ýokarydyr. Köplenç bu ýagdaý 3-4 ýaşly çaganyñ ýadynyñ pes bolup görünmeginiñ ýalñyş duýgularyny döredýär. Sebäbi çaganyñ ýadyny uly ýaşdaky adamlarynyñ ýadyny öwrenmek üçin şertleriñ we usullaryñ kömegi bilen barlamak bolýar. Çaganyñ erkil ýadynyñ ösmegi üçin onuñ birzatlary ýatda saklamaklyga ymtylmasyny görüp wagtynda ulanmak wajypdyr. Çagada birzatlary erkli ýatda saklamak ýa-da ýada salmak hereketlerini 5-6 ýaşlarynda görmek bolýar. Meselem: çaganyñ ýatda saklajak bolýan zadyny özüniñ gaýtalamagy.

Gaýtalamaklyk maglumatlaryñ gysga wagtlaýyndan uzak wagtlaýyna geçmegini üpjün edýär. Çaganyñ daşyndan gepläp gaýtalamaklygyna içinden gepläp gaýtalamaklaryny öwretmek zerurdyr. 4 ýaşdan başlap bir zady beýleki zadyñ üsti bilen ýatda saklamaklygy öwredilip bolar. Meselem: bir surat arkay bir sözi ýatda sakladyp bolar. Başda ony uly adam hödürleýär. Hödürlenen serişdäniñ üsti bilen çaga predmetleri ýatda saklap başlandan soñ ýada salmak serişdesini çaganyn özi saýlap alýar. Mnemiki serişdeleriniñ ösüşi aşakdaky ýaly bolýar:

a. Takyk mnemiki serişdeleriñ bir zadyñ beýleki (bir zadyñ üsti bilen ýatda saklamaklygy), abstrakta (predmeti suratyñ kömegi bilen ýatda saklamaklyk) geçmeklik.
b. Materialy ýatda saklamaklyk. Mehanikanyñ logiki serişdeleriñ üsti bilen kabul etmeklik.
c. Ýatda saklamaklygyñ daşkydan içkä geçişi.
d. Öñ ulanylan taýýar belli serişdeleriñ ýatda saklamaklygyñ original özünden oýlap tapylan

**Sensomotor endikleriń ösüşi** Häzirki zaman maglumatlaryna görä, sensor hadysalarynyń esasy düzgünleri gözlemek, ýüze çykarmak, tapawutlandyrmak we tanamakdyr. Sensor ulgamy-duýgy organlar ulgamydyr. Sensor hadysalarynyń organlaryń hereketleri bilen birleşmegine sensomotor hereketler diýilyär. Ýagny sensor hadysalar adama dasky dünýä hakynda maglumat berýär. Adam organlary arkaly daşky dünýä bilen arabaglanyşyk saklaýar. Çaganyń mekdepde alýan endiklerinden esasylary aşakdakylar:

1. Okamak, ýazmak, hasaplamak-okuw endikleri we başarnyklarydyr. Olarda hereket düzüjileri sensor düzüjiler bilen (ýazmak, surat çekmek, çyzmak) utgaşýar.
2. Önümçilik endikleri we başarnyklary hereket, konstruktiw – tehniki we guramaçylyk, zähmet sapakda.
3. Jemgyýetçilik iş endikleri.
4. Çeperçilik iş endikleri-saz, poeziýa, žiwopis.
5. Gigiýeniki endikler-mekdepde we öýde özüńi arassa saklamak, gün tertibi.
6. Bedenterbiýe we sport endikleri hem-de başarnyklary.
7. Özüńi alyp barmak endikleri we başarnyklary.
8. Öz-özüńe hyzmat edip bilmek endikleri.

Kiçi mekdep ýaşynda kabul ediş ösýär. Syn edijiligiń kämilleşmegi bilen kabul ediş maksada gönükdirilen we dolandyrylýan bolýar. Ýöne okuwyń başlangyç döwründe kabul edilýän täze görnüşler ders bilen baglanyşdyrylýar. Silindri stakan, dört granly prizmany prus we ş.m bilen abstraktlaşdyrýarlar.

Şeýlelikde: 1. Kabul ediş dińe analizatorlaryń taýýarlygyny talap etmän eýsem, zerur tejribeleri-zatlar hakyndaky bilimleri talap edyär.

Şonuń üçin hem kabul etmeklik çaganyń akyl ösüşi bilen bagly bolup, onuń ösüşiniń bütin dowamynda kemala gelýär.

2. Çaganyń dersi kabul etmeginde esasy orun zadyń konturyna degişlidir. Çaga aşakdaky şertleriń esasynda zatlary ir kabul etmegi öwrenýär:

a) zatlar (predmetler) beýlekileriń fonunda bolanda:
b) zatlar bilen täsir edeninde (synap görmek, lepka. modelirleme)
w) zadyń görnüşine, ululygyna, giňişlikdäki ýagdaýyna degişli tapawutlandyryjy şertli refleks döredilende;
ç) zatlaryń ýa-da geometrik şekilleriń atlaryny söz arkaly aýdanlarynda;

3. Dersi doly kabul etmegi üçin ony seljermegi, ondaky alamatlary ýüze çykarmagy zerurdyr.

4. Sýužetli suratlary kabul etmeklik üç derejede geçýär. Sanap çykmaklyk (meselem: 5 alma, 2 garpyz we …), beýan etmeklik we düşündirmeklik.

Birinji synp okuwçylarynda (käwagt ikinji synp okuwçylarynda hem) köplenç ünssüzlik (ünsüń dagynyklygy) ýüze çykýar. Onuń sebäpleri aşakdakylardyr:

1.Ünsüń dagynyklygynyń esasy sebäbi çaganyń aşa ýadamaklygydyr. Eger-de ol giç ýatsa, kino, teleýaýlyma köp tomaşa etse, onuń nerw ulgamyna uly agram düşýär. Uky ýeterlik bolmasa, mekdepde onuń ünsi dagynyk bolýar.

2. Dogry dem alyşynyń bozulmagy. Çaganyń burnundan däl-de, agzyndan dem almagy onuń ünsüniń dagynyklygyny ýüze çykaryp bilýär.

3. Ünsüň dagynyklygynyň sebäpleriniň biri-de ýerliksiz akyl işjeňligidir. Eger-de okuwçy mugallymy we ýoldaşlaryny passiw diňlese, onda ünsüň durnuklylygy peselýär.

4. Ünsüň dagynyklylygy çaganyň nädogry terbiýesiniň netijesi hem bolup biler. Onuň oýunjaklary, kitaplary, zatlary köp bolsa, onuň pikirleri ýüzleý bolup, ünsi hem dagynyk bolýar.

5. Ünsüň dagynyklygy – bu şol bir wagtyň özünde ünsüň çeýesizligidir, ony ünsüňi bilgeşleýin bir obýektden başga obýekte geçirmezlikdir. Garaşylmadyk soraga jogaby çaga bilýän hem bolsa jogap bermeýär.

Sapakda çaga ünsüni ýeterlik derejede saklamagyň esasy şertleri:

a) Sapakda boş wagtyň bolmazlygy.
b) Düşündirişiň, gönükdirmeleriň, görkezmeleriň gysgalygy we takyklygy.
Ç) Mugallymyň sapagy çaganyň maksimal akyl işine esaslanyp guramagy.
d) Sapak wagtynda mugallym gaty gürlemek, ýerliksiz bellikler etmek ýaly ýagdaýlaryň çaganyň ünsüni bozýandygyny göz öňünde tutup, olary aradan aýyrmalydyr.
e) Okuw işleri dürli formadfa guralmalydyr. Birsyhlylyk çagalary ýadadýar.
g) Okuw işine ähli çagalar köpçüligi çekilmelidir.

Okuw işleri çagadaky oňat ösen ygtyýarsyz ünsi ygtyýarly ünse öwürmäge hyzmat etmelidir. Ýadyň wezipesi öňki kabul edilenleri ýatda saklamak we soňra olary gaytadan dikeltmekdir. Okuw işi çagada öz ýadyny dolandyrmagyny talap edýär. Ýat hadysasyna üýtgeşiklikler girýär:

Ýadyň göwrümi ýa-da "kuwwady" artýar. IV synp okuwçylary I synp okuwçylaryna garanyňda köp sözleri ýatda saklap bilýärler. Çaga ösdügiçe söz-logiki ýady hem ösýär. II-V synp aralygynda okuwçynyň mnemiki usullary ulanmagy netijesinde söz maglumatlaryny ýat tutuşy artýar.

Çaganyň manyly ýadynyň ösüşiniň aýratynlyklary:

a. Çaga kyn, nätanyş sözleri tanyş sözler bilen çalşyrýar. (gurluşyk deregine jaý)
b. Ownuk detallara üns bermän esasyny ýatlaýar.
c. Beýan etmegiň logikasyny, manysyny bozman yzygiderliligini üýtgedip bilýär.
d. Kabul edilen manyny beýan edeninde ony öz sözleri bilen baýlaşdyrýar, doldurýar.
e. Kabul edileni öz pikirleri, netijeleri, bahalary bilen häsiýetlendirýär.

Okuwçyda logiki pikirlenmegiň ýüze çykyşy pikirlenmek operasiýalaryny ýerine ýetirende görünýär. Bu operasiýalardan ilkinji

özleşdirýäni deňeşdirmek operasiýasydyr. Deňeşdirmede meňzeş alamatlar tapawutlandyryjy alamatlardan çalt özleşdirilýär. Kiçi mekdep ýaşly çagalarda analiz we sintez operasiýalaryny öwrenmeklik üç derejede bolýar:

Birinji derejede – meselede aýry-aýry özara baglanyşyksyz düzüjiler bölünip aýrylýar we olaryň esasynda gysga baglanyşyk emele gelýär.

Ikinji derejede – mesele yzygider we düýpli seljerilýär. Emma käbir şertleriň seljerilmeýänligi sebäpli, okuwçy hususy ýalňyşlyklary goýberýär.

Üçünji derejede - analiz we sintez biri-birlerine laýyk gelip meseläniň çözlüşini üpjün edyär.

Intellektual duýgularyň ýuze çykyşy, güyji we aýratynlygy çaganyn diňe ýaşyna bagly bolman, eýsem onuň okuw işiniň manyly gurnalşyna hem baglydyr. Pikirlenişiň dürli işjeň görnüşlerini talap edyän okuw işi çagalarda akyl işine söýgi, kanagatlanmak duýgularyny terbiýeleýär. Bu ýaşly çaganyň intellektual duýgulary onuň artýan bilesigelijiliginde, bilim almaklyga bolan güyçli isleginde jemlenýär. I-III synp okuwçylaryny ýüzleý ýagdaýlar däl-de, öwrenilýän wakalaryň, hadysalaryň has çuňňur sebäpleri gyzyklandyrýar. Kiçi mekdep ýaşly okuwçynyň synpy bilen aragatnaşygyny kesgitleýän esasy zat onuň üstünlikli okaýşydyr. Eger-de I synpda okuwçylar öz ýoldaşlaryna mugallymyň goýýan bahalary esasynda baha berýän bolsalar, bu ýagdaý III-IV synp okuwçylarynda başga öwüşgine eýe bolýar. Ýagny, III-IV synp okuwçylarynyň arasynda özüni oňat ýoldaş hökmünde tanadan çagalar ykrar edilýär. Synpda her bir okuwça kesgitli bir garaýyş emele gelýär. Ol garaýyşlar köplenç mugallymyňky bilen gabat gelmeyär. Haýsy-da bolsa bir tarapdan güyçli okuwçyny ykrar edip, okuwçy ondan kem bolasy gelmeýär. Netijede jemgyýetçilik pikirine gulak asyp başlaýar. Emma käbir çaga “özüni garaşsyz alyp barýar” diýen ýaramazlyklara tabyn bolup, özüniň oňyn endiklerini ýitirmegi mümkindir.

I synp okuwçylarynyň dostlugy daşky ýagdaýlara esaslanýan bolsa, II-III synplarda dostluk synpdaky ýagdaýa esaslanýar. Olar bilen geçirilýän gürrüňler, edebi eserleriň gahrymanlarynyň boluşlaryny ara alyp maslahatlaşmak olarda daşky gurşawa adalatly

baha bermek endiklerini kemala getiryär. Emma olaryň bahalary şol bir wagtda-da örän gönümel hem bolýandyr. Bu ýaşda çagalar özüne dogry baha berip bilmeýärler. Meselem: gürrüň geçirilen 6 okuwçy özüni öýkelek, tiz göwnüne alyjy hasaplamaýar. Emma mugallymyň aýtamagyna görä olaryň 4-si hut şeýle okuwçylardyr.

Eger-de okuwçy I synpda mugallymyna oňaýly seredýän bolsa, IV synpda mugallymyna tankyt ediji – kritiki nazarda garap başlaýar. Olar mugallymyň işjeňliligine, adalatlylygyna esaslanyp baha berýärler.

Ahlak duýgular, ahlak duşünjeler esasan bilimlere daýanylyp ösdürilýär. Emma olaryň beýle bilimleri amalyýetde anyk ýüze çykmaýandyr, ýagny ýaltalygyň erbetdigini bilseler-de, onuň göz-görtele ýüze çykyşyny ýazgarmaýarlar.

I–III synp okuwçylary saz eserine düşünip bilýärler. Olar urşuň gahrymanlary hakyndaky sazlary diňläp, olaryň dabaraly, şadyýan, gamgyn we ş.m ýagdaýlaryny tapawutlandyrmagy başarýarlar.

Estetik duýgularyň çeperçilik-şekillendiriliş işi netijesinde kemala gelýändigini tejribeler görkezýär. Bu işlere surat, aýdym sapaklary, muzeýler, çagalaryň owadan we arassa geýinen bolmaklyga ymtylmalary degişlidir.

## 2.2. Mekdep ýaşdan öňki we mekdebe çenli ýaşly çagalaryň psihiki aýratynlyklary we ösüşi

Ýaşaýşynyň 1-nji ýylynda çaganyň nerw ulgamy ösüşde uly ýol geçýär. Ýaňy dogulan çaganyň kelle beýnisiniň agramy 400 g. ýagny uly adamlaryňkydan 3,5 esse kiçidir. Emma 1 ýylyň dowamynda beýni ösüp 900 g. ýetýär.

Beýniniň uly ýarym şarlaryndaky ýygyrtlar diňe bellenilen – entek çuňlaşmadyk, nerw öýjükleri sany boýunça ulularyňka deň, emma olar gurluşy boýunça birmeňzeş, olaryň özara birleşmeleriniň sany örän az. Süňk ulgamy ýeterlik berkemedik, süňküň düzüminde ýülükler köp, ol ýülüklerde gan damarlary bolýar, süňküň deregine entek kekürdewük dokuma bar. Bedeniniň proporsiýasy uly

adamlaryňkydan tapawutlanýar: kellesi bedeniniň 1/4-i (ulularda 1/8) aýaklary 1/3 (ulularda 1/2) bölegini tutýar. Çaganyň kellesi uly, aýaklary gysga we bedeni (tulowişşe) otnositel uzyn.

Nerw ýüplükleriň köp ýerleri entek izolirleýji ak örtügi bilen örtülmedikdir (ony nerw ýüplüginiň daşyndaky ″izolirleýji gatlak″ hökmünde seretmek bolar), şonuň içinde daşky dünýäden gelýän gyjyndyrmalar beýniniň köp böleklerine ýaýraýar we netijede ýarym şarlaryň gabygynda kesgitli, durnukly oýandyrma merkezi ýüze çykmaýar. Ýaşaýşynyň başlangyç iki aýynda çaganyň gije-gündizdäki ukysyz haly 6 sagada golaý, birinji ýaşyň ahyrlarynda 9-10 sagat.

Adam çagasynda dogabitdi reaksiýalaryň azlygy, onuň bütinleý kömege mätäçligi çaganyň ýetmezçiligi däl-de, eýsem onuň artykmaçlygydyr. Ýaňy dogulan çaganyň esasy aýratynlygy – onuň özüňi alyp barmagyň adama mahsus görnüşlerini, täze tejribäni özleşdirmegiň tükeniksiz mümkinçiliginiň barlygydyr. Ýaşaýşyň düzgüni we tejribäniň dogry guralan ýerinde çagada isleglериň täze görnüşleri – täsir almak, hereket, ulular bilen aragatnaşyklar emele gelýärler we olaryň esasynda psihiki ösüş bolýar. Täsir almaga islegleri öz gelip çykyşy boýunça ugur kesgitleýji (oriýentirleýji) refleksler bilen bagly bolsalar, olaryň ösüşi bu täsirleri aljak duýgy (syzgy) organlarynyň taýýarlygyna baglydyr. Çaganyň görüş we eşidiş apparatlary bar hem bolsalar, olaryň işleýişleri kämil däldirler: diňe güýçli ses we ýagtylyk täsir edip bilýär. Ýaşaýşyň birinji aýlarynda bu ulgamlar çalt ösýärler: çaga ilki hereketlenýän ýalpyldawuk, ýagtylanýan zatlarda nazaryny saklar, soňra hereketsiz zatlarda hem nazaryny saklap biler. Ses we görüş gyjyndyrmalaryna jogap hökmünde çaga özüniň impulsiw hereketlerini (elleriniň we aýaklarynyň) gysga wagtlaýyn togtadýar, aglamasyny bes edýär – görüş we eşidiş seslenmeleri bolýar. Ýaňy doglan adam çagasynyň esasy aýratynlygy onda görüşiň we eşidişiň beden hereketlerinden tiz ösmegidir, haýwan çagasynda tersine hereket çalt ösýär. Daşky gyjyndyrmalara jogap reaksiýalarynyň, eşidiş we görüş apparatlarynyň çalt ösmegi nerw ulgamynyň we kelle beýnisiniň kemala gelmegi bilen baglydyr. Ýaşaýşyň ilkinji döwründe daşky täsirleri almaga gatnaşýan beýni bölekleri çalt ösýär: 2 hepdäniň

dowamynda kelle ýarym şarlarynyň gabygynyň görüş meýdany 1,5 esse ösýär. Emma kelle beýnisiniň diňe kemala gelmegi çaganyň duýgy agzalarynyň ösmegine getirýär diýmeklik nädogry bolardy. Bu ösüş çaganyň daşky dünýäden alýan täsirleriniň netijesinden bolýar, bu täsirler bolmasa beýniniň kemala gelmegi hem bolmazdy.

Ýaňy dogulan döwürde beýniniň kadaly kemala gelmeginiň zerur şerti – duýgy organlarynyň (analizatorlarynyň) gönükmeleri daşky dünýäden dürli signallar arkaly dünýä maglumat (informasiýa) berilmegidir. Eger-de çaga daşky dünýäden berilýän täsirler ýeterliksiz bolsa çaganyň psihiki ösüşi haýallaýar. Çaga üçin daşky dünýäden eşidiş we görüş ulgamlary arkaly alýan täsirleriniň çeşmesi bolup ulular hyzmat edýärler.

Çaganyň ýaşaýşynyň ilkinji günlerinde onuň iýmite, uka, ýylylyga bolan islegleri kanagatlandyrylmasa onda beýle ýakymsyz duýgylara aglamak bilen jogap berýär. Soňra aglamaklyk islendik fiziki (soňra ruhy) ýakymsyzlyklara, agrylara jogap reaksiýasyna öwrülýär. Çaganyň öňaýly emosiýalaryny aňladýan ýylgyrmaklyk aglamakdan soňra emele gelýär. Ol ulular bilen "sözleşende", ulular ýylgyranda ýüze çykýar. Çagada kem-kemden, ululara gönükdirilen "janlanyş kompleksi" diýilip atlandyrylýan aýratyn emosional hereket reaksiýalary ýüze çykýar. Ol üstüne egilen uly adamy ýüzünde az nazaryny jemlemek, ony ýylgyrmak, ellerini-aýaklaryny şatlykly hereketlendirmek, ýuwaş seslenmek görnüşlerinde bolýar. Bu çaganyň ulular bilen aragatnaşyk etmäge isleginiň ýüze çykýandygyny aňladýar. 4-5 aýdan başlap çagalarda ulular bilen aragatnaşygy üýtgäp başlaýar: ol eýýäm özüne ýakynlary beýlekilerden tapawutlandyryp başlaýar.

Terbiýe dogry guralanda ulular bilen aragatnaşyk zatlar, oýunjaklar bilen bilelikde işe öwrülýär: ulular çagany zatlar dünýäsine girizýär. Bu işde çaga ululara öýkünmekligi öwrenýär, çaga gören täsirleri gaýtalaýar. Ulularyň ýolbaşçylygynda çaganyň özleşdirýän täsirleri onuň psihiki ösüşiniň esasyny düzýär. Şeýlelikde, eýýäm bäbeklik wagtyndan başlap çaganyň psihiki ösüşiniň esasy kanuny – psihiki tutumlar we hiller ýaşaýyş şertiniň terbiýäniň we okatmagyň kesgitleýji täsirlerden bolýandygy ýüze çykýar.

Çaganyň ulular bilen aragatnaşyga isleglerniň artmagy, bu aragatnaşygy saklamak mümkinçiliginden öňe gidýär. Bu gapma-garşylyk adam sözleýşine düşünmeklikde we soňra ony özleşdirmekde çözülýär. Üç aýlykdan çaga dürli sesleri çykaryp başlaýar. 4 aýlykda eşidýän sesleriniň ritmine öýkünýär. Çaganyň ilkinji gezek sözleýşe düşünişi görüş arkaly kabul etmek esasynda ýüze çykýar. Ol şeýle bolýar: çaga haýsyda bolsa bir zat görkezilýär we onuň ady birnäçe gezek aýdylýar. Netijede şol görkezilen zat bilen onuň adynyň arasynda baglanyşyk emele gelýär. Indi çaga aýdylýan zady görkezýär (ýa-da şol tarapa öwrülýär). Çaga üçin soragyň intonasiýasy has möhümdir. Mysal: 10 aýlyk çaga pişik, towuk, jaý we gyzjagaz çekilen suratlary görkezip, atlaryny aýdarlar. Çaga soňra olary özbaşdak görkezer.

Birinji ýaşyň ahyrlarynda predmet bilen onuň adynyň arasyndaky baglanyşygyň ýüze çykmagy sözleýşe düşünmekligiň başlangyç döwrüdir. Birinji ýaşyň dowamynda kellesini saklamagy, oturmagy, emedeklemegi, az wagtlap aýaklarynda dik durmagy başarýar: zatlary tutup, olara täsir edýän zatlary urup görýär, silkýär. Onuň özüniň ýöremekligi aýaklaryna galmak, dik durmak, daýanyp süýşmek, daýançsyz durmak, daýanyp ýöremek we daýançsyz özbaşdak ýöremek ýaly fazalardan durýar. Bu ýerde ulular çaga kömekleşýärler we stimulirleýärler. Çaganyň zatlar bilen täsirleri, işi onuň psihiki ösmekligine getirýändigi üçin, ol täsirler ilki zatlary tutmaklykdan başlanýar. Ýaşaýşynyň 6-7-nji aýlarynda eliň zada tarap hereket ýoly takyklanýar we uly barmagy ulanylyp başlanýar. Zatlarda çaga ilki nazaryny saklaýar, ony eline alýar, gözüne golaý getirip oňa seredýär, agzyna eltýär, silkip görýär.Ýagny onuň täsirleri zatlarda, zatlara gönükdirilen bolýar. Çaga bu täsirleriň netijesine syn edip başlaýar. Indi çaga iki zat bilen täsir edýär: bir-birine urup görýär, birini beýlekisine birikdirmäge, ilişdirmäge çalyşýar. Haýsyda bolsa iki sany zatda ulularyň görkezen täsirlerini beýleki zatlara geçirmäge ymtylýar. Biz çaga "Syn edýär", "Kabul edýär", "Düşünýär" we ş.m. diýmek bilen (1ýaşly çagalarda) ýalňyşlyk göýberýäris: ol entek zatlary we olaryň häsiýetlerini kabul edip, göz öňüne getirip, öz täsirleriniň netijesine göz getirip bilmeýär. Olar çaganyň daşky dünýä bilen tanyşmagy netijesinde bolýar. Beýle

tanyşmaklygyň esasy serişdesi – çaganyň özüniň hereketleri we täsirleridir. Çaga diňe görmek we eşitmek bilen çäklenmeýär, ol görüş we eşidiş täsirlerini almaga ymtylýar, olardan lezzet alýar. Üç aýlyk çagalar bilen geçirilen tejribeler olaryň reňkleri, geometrik görnüşleriň göwrümini tapawutlandyrýandygyny görkezdi.

Çaganyň giňişlik bilen tanyşmagy ilki eliniň hereketlerinden başlanýar: ol zatlary elini uzadyp, tutup görüp haýsynyň golaýda, uzakda ýerleşendigini bilýär. Bu hereketlere syn edýän göz soňra giňişligiň häsiýetlerini öwrenýär. 8-9 aýlyk çagany diňe täsirler we olaryň netijeleri özüne çekmän, eýsem zatlaryň häsiýetleri özüne çekýär. Beýle häsiýetleri ol täze oýunjaklarda, zatlarda hem gözläp başlaýar. Şeýlelikde, zatlar kem-kemden daşky dünýäde hemişelik bar bolan, kesgitli häsiýet hökmünde çaga aňyna berkidilýär. Eger-de 6-7 aýlyk çaganyň gözüniň öňünden zatlary aýyrsaň, ol zatlar eýýäm çaga üçin ýok bolýar. Emma 9-10 aýlyk çaganyň gözüniň öňünden zatlary aýyrsaň, olar onuň üçin ýok bolup gitmeýär, ol onuň başga ýerdedigini, dünýäde bardygyny bilýär. Şu döwürde çaga tanyş zatlar tersine öwrülip goýlan bolsa hem tanaýar. Şeýlelikde daşky dünýäden alynýan täsirler zatlaryň umumy häsiýetlerini şöhlelendirýän keşpleri emele getirýärler. Bu keşbe esaslanyp bir ýaşly çaga zatlaryň häsiýetlerini, olaryň baglanyşyklaryny ulanyp, ýönekeý pikirlenmek täsirlerini ýerine ýetirýär.

## 2.3 Mekdebe çenli ýaşly çaganyň şahsyýetiniň kemala gelşi

Irki ýaşlylarda çaga özüni alyp baryşy hakynda pikirlenmeýär we şu wagtda ýüze çykýan meýilleri duýgulary boýunça hereketlenýär. Bu duýgylar onuň häzir gözüniň öňünde duran zatlar häzirki ýagdaý bilen baglydyr. Eýýäm kiçi ýaşly çagalarda ýakyn adamlaryny ata-enelerine, çagalar bagyndaky terbiýeçä söýgi we ýakynlyk döreýär. Çaga olardan öwgä, söýülmeklige garaşýar. 1,5 ýaşlarynda bu hil beýleki çagalara hem geçirilýär. Şu wagtlardan başlap çaga ulularyň makullamaklaryny isläp başlaýar. Eger-de ulular ýazgarsalar olarda utanmaklyk ýüze çykýar. Irki ýaşlarda çaganyň ösüşiniň möhüm taraplarynyň biri-de ol özüni aýratyn adam

hökmünde duýup başlaýar. Şu wagta çenli çaga özüne garaýyşlary ululardan alýar. 3-nji ýaşyň ahyrynda çaga köp täsirleri özbaşdak ýerine ýetirip bilýär. Özüne hyzmat etmekde ýönekeý endikleri alýar. Netijede bu täsirleri özüniň ýerine ýetirýändigine düşünýär, onda „Men“ diýen düşünje ýüze çykýar. Onda ýüze çykýan özbaşdaklyk ulularyň talaplaryna garşy çykýar. Onuň bilen gatnaşyk üýgedilmese (oňa güýçýeterlik, özbaşdaklyk berilmese) bu ýagdaý bütin mekdebe çenli ýaşda dowam edip biler. Emma çaga ähli özbaşdaklygy berip bolmaýar. Şonuň üçin-de beýle islegler oýuna geçirilmelidir. Bu krizis çaganyň şahsyýetini ösdürmekde we kemala getirmekde möhüm ädimdir. Şu wagtdan başlap çaga şahsyýet diýmek bolýar. Indi oňa talaplar artýar. Olardan has möhümi ähli adamlar üçin hökman bolan jemgyýetçilik ahlagynyň we jemgyýetde özüňi alyp barmagyň kadalaryny ýerine ýetirmeklik talap edilýär. Çaga şahsyýetiniň ösüşi ikitaraplaýyn bolýar. *Birinjisi,* çaga daşky dünýä düşünip başlap onda öz ornuna akyl ýetirýär. Netijede özüňi alyp barmagyň täze motiwleri ýüze çykýar. *Beýleki tarapy,* onuň duýgylarynyň we erkiniň ösmegidir.

Ulularyň çaga şahsyýetini ösdürmäge täsiriniň esasy ýoly adamlaryň jemgyýetde özüni alyp baryşlaryny ahlak-kadalaryny çaga öwretmekdir we talap etmekdir. Çaga üçin ulularyň özara gatnaşyklary nusga bolup hyzmat edýär. Ol durmuşynda ertekilerde duşýan adamlara oňat ýa-da erbet diýip baha berýär. Bu ýaş döwründe çaga medeni gigiýeniki endikleri düzgüni berjaý etmek, oýunjaklar bilen oýnamagyň düzgünlerini özleşdirýär. Şahsyýetiň ösmeginde deň-duşlary bilen gatnaşyk möhüm orny tutýar: olar bilen aragatnaşyk etmek isleglerini döredýär. Bu hili bilelikdäki oýunlarda, zähmet işlerinde ýüze çykýar. Şeýle aragatnaşyklarda özüňi alyp barmagyň jemgyýetçilik kadalaryny özleşdirýär. Öz isleglerini köpçüligiň isleglerine boýun egdirmegi öwrenýär. 4-5 ýaşly çaga köpçüligiň pikirine gulak asyp başlaýar. Bu hiliň konformlyga – toparyň pikirine uýup öz pikirinden dänmeklige getirip biler. Emma 6 ýaşlylarda konformlylyk peselýär. Ýoldaşlaryna baha berenlerinde olaryň köp we dürli oýunlary bilişi, oýunjaklaryny oýnamaga berişi, beýlekilere kömek berişi we ş.m. göz öňüne tutulýar. Topardaky populýarlygyň sebäpleri: bilimleri, akyl ösüşi, özüni alyp barşy, deň-

duşlary bilen aragatnaşyk saklap bilijiligi, fiziki güýji we ş.m. Populýar dällerde egoistik hilleriň ösmegi mümkin. Çaga şahsyýetiniň ösmeginde oýun möhüm rol oýnaýar. Rolly oýunlarda ulularyň roluny (işçi,mugallym, lukman…) oýnap düzgünleri, motiwleri, olaryň hillerini özleşdirýär. Zähmet işi haýsy-da bolsa bir netijäni almaga gönükdirilen bolup oňa ýetmäge meýilnamalaşdyrmak, erk, netijä baha bermek talap edilip, netijede şahsyýetiň ösmegine getirýär. Okuw ýumuşlaryny ýerine ýetirmegi bilijilik motiwlerini bilesigelijiligi, gyzyklanmagy, kesgitli bilimlere islegleri terbiýeleýär.

Çagalaryň özbaşdak, uly bolmaga ymtylýan motiwleri örän güýçli bolup, onuň gös-göni isleglerini basyp ýatyrmaga kömek edýär. Çaga şahsyýetiniň kemala gelmegi üçin onuň ulular bilen oňat aragatnaşygy guralmalydyr. Ol deň-duşlaryndan ululardan özüni hormatlamagy, özüni söýmegine garaşýar we talap edýär. Çaganyň işiniň çylşyrymlaşmagy bilen onda bilesigelijilik we ýaryşmaklyk motiwleri emele gelýär. Köp ýagdaýlarda çaganyň soraglary bilesigelijiligiň netijesi däl-de aragatnaşyk etmegiň serişdesidir.

Çaganyň duýgylarynyň daşky ýüze çykyşy joşgunly we ygtyýarsyz bolýar, çalt we anyk ýüze çykarýar we şonça-da tiz sönýär (çalt aglap başlaýar, edil şol wagtda hem güldürmek bolar). Çaga duýgylarynyň arasynda gorky duýgysy aýratyn orun tutýar. Ol köplenç täze, nätanyş, kesgitsiz ýagdaýlar, zatlar, sesler gorky döredip bilýär, tanyş zatlar näbelli zada öwrülýär. Emma ulular bilgeşleýin hem gorkuzyp bilerler. Çaga ösdügiçe ondaky ygtyýarsyz (impulsiw) hereketler erkli hereketler bilen çalşyrylýar. Çaganyň erkiniň ösüşi ondaky motiwleriň üýtgemesi, olaryň özara boýun egmeleri bilen baglydyr. Öňe sürülýän motiw goýlan maksada aňly ymtylmagy talap edýär. Mekdebe çenli çaganyň erk täsirleriniň ösüşinde özara baglanyşykly üç tarapy görkezmek bolar:

1. Maksada gönükdirilen täsirleriň ösüşi;
2. Täsiriň maksady bilen motiwiň aragatnaşygyny ýüze çykarýar;
3. Täsirleri ýerine ýetirmekde sözleýşiň kadalaşdyrjy roly artýar.

Çagada pikirlenmegiń ősmeginde ilki bilen çaganyń őz hereketi, onuń duýgy tejribesi durýar. Ikinjiden bolsa uly adamyń täsiri, nähili hereket etmegiń őwretmekligi we zatlara umumylaşdyrylan at bermegi täsir edýär. Çaganyń zatlar bilen hereketi belli bir ýagdaýda dőreýän meseläni çőzmeklige getirýär. Çaganyń hereketinde tebigy őwrenmek ýüze çykýar: zada täsir etmek bilen çaga bir hereketiń üstünlikli, başga bir hereketiń üstünliksiz bolup geçýänligini gőrýär. Geçen tejribe geljekki hereketde şőhlelenýär. Predmetli meseläni çőzmek tutumynda pikirlenmek amala aşýar we ol aýdyń-hereket häsiýetine eýe bolýar.

Şahsy tejribäniń ähmiýetiniń uludygyna seretmezden çaganyń pikirlenmesiniń ősmegine ony gurnalan sosial topar uly täsir edýär. A.S.Wygotskiniń belleýşi ýaly çaganyń durmuşynyń ilkinji gününden onuń őzüni alyp barşynyń häsiýetine sosial hadysa çuń täsir edýär. Özüniń intellektual çőzgütlerinde çaga mydama uly adamdan gőrelde alýar. Uly adamyń predmet bilen hereketini synlap çaga adamyń tejribelik zat hereketiniń tärlerini őzleşdirýär. Çaga gündelik durmuş tutumynda aýry-aýry predmetleri bir maksat üçin ulanyp bolýandygyna düşünýär. Şeýle tejribe netijesinde çaga diňe bir predmetleri belli bir alamatlaryń meńzeşligi bilen umumylaşdyrmak bilen çäklenmän eýsem hereket tejribesini hem umumylaşdyrýar.

Esasanda pikirlenmäniń ősmegi üçin gurallaýyn hereket őrän mőhümdir. Gural çaganyń predmet dünýäsiniń açary bolup durýar. Dürli ýagdaýlarda dürli predmetleri ulanmak bilen gural umumylaşdyrylmagyń sebäpkäri bolup durýär. Çaganyń pikirlenmesiniń irki dőwürde hili boýunça őzgertmegi adamyń praktiki predmet hereketiniń tärlerini ele alyp hem-de adamyń gepleýşini őzleşdirip ugramagy sebäp bolýar. Çaga uly adam bilen sőzleşige girmek bilen uly tejribe toplaýar. Ol düşünjäni, pikirlenmegiń tärlerini őzleşdirýär. Ululara őýkünmek bilen ol pikir ýőretmegi dogry gurnaýar we pikir toplamagy őwrenýär. I.M.Seçenowyń belleýşi ýaly iń irki dőwürden çaga sőz bilen hem-de isgalaryń tejribesiniń taýýar tärini őwredýärler.

Irki çagalyk dőwründe ulynyń sőzi çaganyń aýdyń – hereket pikirlenmesiniń ősmegine ýardam berýär. Uly adam diňe bir hereketi

bilen däl-de söz bilen hem ol ýa-da başga bir hadysa ýagdaýynyň çözgüdini salgy berýär.

Irki çagalyk döwründe çaga özüni uludan tapawutlandyryp başlaýar, özüniň aýratyn “Men” düşünjesine gelýär. Gürrüň wagtynda çaga özüni haýsydyr bir üýtgewsizlik hökmünde differensirleýär. Özüniň hereketini bolsa nähilidir bir geçýän hadysa hökmünde görkezýär. Ýagny özüni öz hereketinden aýrylaşdyrýar.
Ösüşdäki üstünlikler çagany özüni alyp barşyny hil taýdan üýtgedýär. Uly adamyň täsiriniň köpdigine seretmezden özüniň dar gurşawynda praktiki durmuşynyň uly bolmadyk mümkinçiliklerinde çaga özbaşdak, uly adamyň kömegine bagly bolmadyk hereket etmäge synanyşýar, täze tendensiýalar çaganyň işjeňligini güýçlendirýär. Şol döwüre krizis döwri diýilýär (üç ýaşyň krizisi”), çaga kejir we negatiw häsiýetleri ýüze çykarýar. Çagada öz isleglerini özbaşdak amala aşyrmak häsiýeti ýüze çykýar, uly adam bolsa çaga baglanyşyklykda köne aragatnaşygyny ulanyp onuň işjeňligini çäklendirýär. Adaty dogry ösýän köneçe aragatnaşyga garşy bolýar, kejirlenýär we tersine hereket edýär. Olar hemme adam barasynda şonuň ýaly gatnaşykda bolmaýar, öz özbaşdaklygyny çäklendirmekçi bolýanlar üçin şeyle gatnaşyk ulanýarlar. Egerde ulular olaryň özbaşdaklygyny makullan ýagdaýlarynda aragatnaşyk çalt geçýär.

Üç ýaşyň krizisi – bu geçýän ýagday,ýöne çaga özüni başgalardan saýlaýar we bu onuň psihiki ösüşiniň esasy döwri bolup durýar. Üç ýaşyň krizisi çaganyň oýun hereketine geçmegi bilen çözülýär. Sebäbi diňe oýun wagty ululara meňzäp bilýär, ýagny „dukana gidýär“, “nahar taýýarlaýar“, “uçarda uçýar.“

## 2.4 Mekdebe çenli çagalykda sensor ösüş

Mekdebe çenli döwürde çaganyň tejribesini saýhallamakda, kabul ediş we pikirleniş tärlerini ele alýar, hyýaly ösýär, erkli üns we manyly ýat kemala gelýär. Üç ýaşdan ýedi ýaşa çenli wagtda görüş, eşidiş, deri-hereket duýgularynyň bosagalarynyň köp derejede kiçelýändigi belli edildi. Görüşiň ýitiligi artýar, reňkler inçeden aňlaşdyrylýar, fonematiki we beýleki ses eşidişi ösýär, el syzmagyň işjeň agzasyna öwrülýär. Ýöne şol üýtgeşmeler öz-özünden

bolmaýar. Olar çaganyň kabul etmeginiň täze hilini, zatlaryň we hadysalaryň, olaryň köp taraplylygyny we gatnaşyklaryny kabul etmegiň täze hilini özleşdirilmeginden gelip çykýar. Görnüşi, ululygy, reňki görüş kabul etmesiniň ösmeginde – applikasiýa, surat çekmek, konstruirlemek uly orun eýeleýär. Syzyş kabul etmesi bolsa, ýasamak, el zähmeti netijesinde, fonematiki eşidiş bolsa saz aragatnaşygynda, ses beýikligini, seljeriş bolsa saz sapaklaryndan ösýär.

A.B.Zaporožesiň kärdeşleriniň belleýşi ýaly mekdebe çenli döwürde çagalar tarapyndan sensor etalonyň ulgamyny özleşdirmegi uly ähmiýete eýedir. Sensor etalony – bu adamyň kesgitli ýagdaýda predmetleriň häsiýetleriniň bölünişi özara baglanyşykly nusgalary: reňk spektriniň ulgamy, geometrik formalar, saz sesleri, diliň fonemasy we ş.m. Sensor etalonlar çagalar tarapyndan kabul ediş hereketleri ýerine ýetirilende ulanylýar hem-de öwrenilýän predmetiň aýratynlygyny saýlamakda özboluşly ölçeg bolup durýar.

Mekdebe çenli ýaşynyň soňunda çaga heniz umumy kabul edilen etalonlary gözleýär. Onuň kabul edişiniň ölçegi özüne gowy tanyş predmetleriň häsiýeti bolup durýar. Bu ýagdaý meselem, çaganyň belli bir predmete berýän söz kesgitlemesinde aňladylýar. Ýagny üçburçluga "jaýa meňzeş" diýip düşündirýär. Togalak görnüşi "topa meňzeş", gyzyl reňke "üljä meňzeş" we ş.m. Etalonlary umumy kabul edilen ulgamyny ele almagy çaga dünýäni jemgyýetçilik tejribesiniň prizmasyndan görmäge kömek berýär. Eger çagany etalonlar ulgamy bilen ýörite tanyşdyrylmasa onda ol olary ýuwaş-ýuwaşdan, duýdansyz ýagdaýynda özleşdirýär. Eger-de sensor terbiýe ýörite gurnalan bolsa onda kabul etmegiň ösmegi netijeli bolýar. Surat çekmek, saz öwretmek, didaktiki oýun wagtynda mekdebe çenli ýaşly çagalara sensor etalonynyň ulgamyny, predmetleri öwrenmegiň tärlerini, olaryň häsiýetini özleşdirilen etalonlar bilen deňeşdirmegi öwredýärler. Bu bolsa çaganyň kabul etmegini doly, anyk, aýdyň we kesgitli edýär.

Kabul edişi ösdürmegiň esasy ugry – çeper eserleri (surat, saz, pýesalar) estetiki kabul etmegi kemala getirmekdir. Çekilen suraty kabul edip bilmek üçin çaga surat çekmegiň aýratynlyklaryny saýlap bilmäge ukyply bolmaly. Ol jemgyýetde ornaşan grafiki we nakgaş

şekillendirmek kadalaryna belet bolmaly. Şolar ýaly başarnygy bolmazdan ol lokal reńklenen, kölegeli çekilen suratlary kabul etmez, ýagny kölegäni hapa hökmünde kabul eder. Şekillendirmäge dogry düşünmek, sýužeti saýgarmak we ş.m. mekdebe çenli ýaşly çagalarda, ulularýń kömegi bilen terbiýelenýär. Şol wagtda çaga görkezilen suratlar ýönekeý we dekeratiw bolmaly. Çagalar şeýle hem mekdebe çenli ýaş döwründe saz eserleri hem estetiki taýdan kabul etmeklige ukyply. Ol saz eseriniń tembrine we ritmine bagly bolýar. Saz eserine çaganyń baha beriş ölçegi “ýaraýar”, ”ýaramaýar” sözleri bilen kesgitlenýär. Sazy yzygider ýagdaýda , ulularýń gatnaşmaklarynda saz ukyby bolan çaga mekdep ýaşyna çenli döwürde saz eserini çuń emosional kabul edýär.

Mekdebe çenli ýaşly çagalaryń intellektual ösüşi.

Çagalarda kabul edişiń ösmegi bilen birlikde pikirleniş hem ösýär. Eger-de irki çagalyk döwründe pikirlenmek predmetleri (gurallary) hereket netijesinde geçýän bolsa mekdep ýaşyna çenli döwürde praktiki hereketi özleşdirýärler.

Mekdebe çenli ýaş döwürde çaga durmuş meselelerini üç ýol bilen çözüp bilýär: aýdyń-hereket; aýdyń-keşp we logiki pikir ýöretme. Çaga näçe kiçi ýaşda bolsa ol tejribelik synanyşyklaryny köp ulanýar, näce uly ýaşda bolsa aýdyń-keşp we logiki tärleri köp ulanýar.

Çaganyń pikirlenmesiniń ösmeginde onuń akyl ýetirişiniń kemala gelmegi bolup geçýär. Şol kemala gelşiň başlangyjy bolsa material predmetler bilen real hereketi amala aşyrmagy bolup durýar. Pikirlenmäniń ýokary derejelerinde – onuń logiki görnüşlerinde – akyl hereketi içki gürrüń meýlinde geçýär, dürli alamat ulgamynda geçýär. Mekdebe çenli ýaşly çagalarda bolsa pikirleniş dińe bir alamatlar bilen däl-de, obrazlar bilen geçýär we şol keşpler käbir ýagdaýda belli bir predmetleri şekillendirse başga bir ýagdaýda köp ýa-da az umumylaşdyrylan we çyzga salnan bolýar. Ź.Piaženiń tejribesine görä mekdebe çenli ýasly çaga akyl meselesini çözmek üçin kabul etmäniń keşbiniń uly bolup, göz öńüne getirmäniń pesdigini görkezdi.

Mekdebe çenli ýaşly çagalaryń kiçi ýaşlylarynda tejribelik mesele çözülende belli bir hereket söz bilen utgaşýar. Söz çaganyń

pikir hereketini gönükdirýär, onuń umumylaşdyrmagyny, ýokary many tärlerini özleşdirmäge getirýär.

Pikirlenişiń ösmeginde öwretmekligiń uly kömegi bar. Akyl terbiýesiniń möhüm wezipesi – bu aýdyń-keşp pikirleniş görnüşini ösdürmek, sebäbi mekdebe çenli döwür şeýle ösüş üçin senzitiw we çaganyń geljegi üçin möhüm orny bar we döredijilik işinin esasy bolup durýar. Mekdebe çenli döwür erksiz ünsüń we ýadyń ösen döwri bolýar. Onuń ünsüni näme özüne çekse şony hem ýatda saklaýar. Onuń ünsüni näme çekse, öz-özünden ýatda galýar. Görýän zatlary, eşidýän zatlaryndan gowy ýatda galýar. Mekdebe çenli döwrüń sońlarynda ünsi gönükdirmek ösýär. Akyl ýetirijilik hereketi gepleýşiń ösmegine esaslanýar. Söz çagalary özleşdirýän sensor etalonlaryny bellik edýär, pikirleniş tutumyna girýär, logiki akyl öwürmegi amala aşyrýar. Söz göz öńüne getirmegiń işini gönükdirýär, ýatda saklamaklyga many berýär. Sözüń üsti bilen çaga adamzadyń konsentrirlenen tejribesini, psihiki işiń tejribesini özleşdirýär. Ýöne mekdebe çenli döwrüń başynda çaganyń sözi ýagdaýa bagly bolýar, ýagny belli bir ýagdaýdan (situasiýadan) daşary düşnüksiz, sońra çaganyń sözi baýlaşýar: içki söz kemala gelýär, sözüń kontekst görnüşine geçýär.

Çaganyń şahsyýetiniń kemala gelmegi onuń emosional-erk ulgamynyń, ýagny gyzyklanmagyń we özüńi alyp barşyń motiwiniń kemala gelmegi bilen bagly.

Mekdebe çenli ýaşdaky çagalaryñ akyl ýetiriş hadysalarynyñ ösüşi guramaçylykly we guramaçylyksyz, adaty ugrukdyrylýan we ugrukdyrylyp bolmaýan ýagdaýda amala aşýar. 6-7 ýaşly çagalaryñ akyl taýdan ösüş derejesi, şeýle-de onuñ mekdepde bilim almaga taýýarlyk derejesi gecen, 3-4 ýaşynda maşgalada we mekdebe çenli edaralarda çagalaryñ okadylmasynyñ näderejede oýlanşykly ýola goýlandygyna baglydyr. Bu döwürde çaganyñ akyl ýetirişiniñ ösüşine uly goşant goşulýar. Bu ýaşda çaganyñ esasy işi oýun bolup, işiñ beyleki görnüşleri sözeýiş bilen üsti ýerine ýetirilýär. Şu ýaşda çagada sensor hereketleriñ kemala gelmegi arkaly kabul ediş kämilleşýär. L.A. Wengeriñ pikiriçe çaganyñ sensor ukyplary perseptiw hereketleriñ mukdary bilen kesgitlenilýär. Perseptiw hereketleriñ kemala gelmegi çagalaryñ sensor etalon-nusga

ulgamlaryny tapawutlandyryp we özleşdirip bilmegine baglydyr, ýagny olary uly adamlar kabul edenlerinde dilde düşünje hökmünde bellik edilen predmetleriň duýgy häsiýetlerini tapawutlandyrmak. Sensor etalonlar kabul edişiň nusgasy hökmünde taryhy kemala gelendirler hem-de uly adamlar tarapyndan özleşdirilende kynçylyksyz özleşdirilýär, ýagny çalt kabul edilýär. Şol bir wagtda mekdebe çenli ýaşdaky çaga üçin mesele bolup durýar. Ol çaga duýuş organlary arkaly kabul edýän predmetleriň häsiýetlerini biri-biri bilen hem-de olary etalona laýyklaryny deňeşdirmegi ýörite öwredilmegini talap edýär: -reňk kabul edilende-spektr we onuň dürli öwüşgünleriniň esasy reňkleriniň ýitiligi we doýgunlygy; -predmetiň beýikligi kabul edilende – dürli ululyklar (meýdan, uzynlyk, göwrüm) bolup biler.

Çagany şu etalonlar bilen tanyşdyryp kabul edilýän predmetleriň häsiýetli aýratynlyklaryny tapawutlandyrmak üçin amaly ýagdaýda ol ululyklary ulanmany öwretmeli, ýagny perseptiw hereketleri öwretmeli.

Mekdebe çenli ýaşdaky çaganyň ýadyny gowulandyrmak hadysasy hem ösýär. Ol birnäçe ugurlar boýunça ösyär.

a) Ýatda saklamak hadysasynyň erkin häsiýetde bolmagy.
b) Çaganyň ýadynyň gös-göni ýatdan aralaşdyrylan ýada geçmegi.
c) Çagada ýatda saklamagyň, ýada salmagyň serişdelerini we tärlerini ösdürmek.

Mekdebe çenli kiçi ýaşlylardan uly ýaşlylara çenli ýat hadysasynda üýtgeşmeler bolup geçýär. Mekdebe çenli ýaşyň soňunda çaganyň ýady garaşsyz, ugrukdyrylýan psihiki hyzmata öwrülip, oňa belli bir derejede gözegçilik edip bolýar. Kiçi we orta ýaşly mekdebe çenli döwürde (3-4 ýaşly) maglumatlaryň ýatda saklanylmagy we gaýtadan dikeldilmegi işiň dürli görnüşleriniň düzümine girip, esasan hem ygtyýarsyz amala aşyrylýar. Uly mkedebe çenli ýaşda çaganyň önünde ýörite mnemiki meseleleriň goýulmagy netijesinde ygtyýarsyz ünse gecilýär.

Oýun, aragatnaşyk, zähmet işlerinde mekdebe çenli ýaşdaky çagalaryň öňünde şeýle meseleler näçe köp goýulsa, şonça-da onuň ýady ygtyýarsyzdan ygtyýarla geçýär.

Mnemiki hereketler - bu maglumaty ýatda saklamaklyga, ýada salmaklyga we gaýtadan dikeltmeklige gönükdirilen hereketlerdir. 3-4 ýaşdan başlap, mekdebe çenli ýaşdaky toparlaryñ hemmesinde, oýun işinde mnemiki hereketer çalt ýüze çykýar.

Mekdebe çenli kiçi we orta ýaşly çagalarda oýun işinde ýatda saklamaklyk beýleki işlerde ýatda saklamaklykdan has ýokarydyr. Köplenç bu ýagdaý 3-4 ýaşly çaganyñ ýadynyñ pes bolup görünmeginiñ ýalñyş duýgularyny döredýär. Sebäbi çaganyñ ýadyny uly ýaşdaky adamlaryñ ýadyny öwrenmek üçin şertleriñ we usullaryñ kömegi bilen barlamak bolýar. Çaganyñ erkli ýadynyñ ösmegi üçin onuñ birzatlary ýatda saklamaklyga ymtylmasyny görüp wagtynda ulanmak wajypdyr. Çagada bir zatlary erkli ýatda saklamak ýa-da ýada salmak hereketlerini 5-6 ýaşlarynda görmek bolýar. Meselem: çaganyñ ýatda saklajak bolýan zadyny özüniñ gaýtalamagy. Gaýtalamaklyk maglumatlaryñ gysga wagtlaýyndan uzak wagtlaýyna geçmegini üpjün edýär. Çaganyñ daşyndan gepläp gaýtalamaklygyna içinden gepläp gaýtalamaklaryny öwretmek zerurdyr. 4 ýaşdan başlap bir zady beýleki zadyñ üsti bilen ýatda saklamaklygy öwredilip bolar. Meselem: surat arkaly bir sözi ýatda sakladyp bolar. Başda ony uly adam hödürleýär. Hödürlenen serişdäniñ üsti bilen çaga predmetleri ýatda saklap başlandan soñ ýada salmak serişdesini çaganyn özi saýlap alýar. Mnemiki serişdeleriniñ ösüşi aşakdaky ýaly bolýar:

a) Takyk mnemiki serişdeleriñ bir zadyñ beýleki (bir zadyñ üsti bilen ýatda saklamaklygy), abstrakta (predmeti suratyñ kömegi bilen ýatda saklamaklyk) geçmeklik.
b) Maglumaty ýatda saklamaklyk. Mehanikanyñ logiki serişdeleriñ üsti bilen kabul etmeklik.
g) Ýatda saklamaklygyñ daşkydan içkä geçişi.

## Bap 3. Kiçi mekdep ýaşly çaganyň psihologik aýratynlyklary

Kiçi mekdep ýaşly 7 ýaşdan 10 ýaşa ćenli döwürde ćaganyń mekdebe ćenli ýaşdan kići mekdep ýaşyna gećiş dőwri hasaplanýar. Şol dőwürde ćaganyń bedeninde düýpli őwrülişik bolup gećýär. Şonuń üćin onuń oturýan oturgyjynyń boýuna gőrä bolmagy hőkmany. Çaganyň barmaklarynyń ćalt ýadaýanlygy üćin olar uzak wagtlap ýazyp bilmeýärler. Şol wagtda uky arteriýasynyń diametri uly bolanlygy üćin kelle beýni ýeterlik gan bilen üpjün edilýär we işe ukyplylygy ýokarlanýar. Esasan hem mańlaý beýni ősýär, şonuń üćin psihiki hereketiń ýokary we ćylşyrymly mümkinćiligi aćylýar. Kići ýaşly mekdep okuwçylarynda hereket etmeklige ymtylmak netijesinde işlemek kyn bolýar.

Okuw dőwrüniń başlanmagy bilen oýun onuń durmuşynda sońky orunlara geçýär, ýőne bu wagtlar hem täsirini ýitirmeýär. Okuw onuń motiwini düýpli őzgerdýär we ahlaklylyk güýçleriniń ősmeginde täze çeşme bolup durýar. Şu tutumyň geçmegi birnäçe derejede geçýär. Täze talaplary berjaý etmek kiçi ýaşly okuwçylary durmuşyń täze döwrüne gyzyklandyrýar. Ol bilime jemgyýetçilik gymmatlygy hőkmünde ýapyşýar. Kiçi mekdep ýaşly çaganyń bilime bolan ilkinji intuitiw gyzyklanmasyny goldamaly.

Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyń ilkinji duş gelýän kynçylygy şu aşakdakylardan ybarat:

1.Düzgüne tabyn bolmak, ýagny her gün wagtynda ukudan turmak, sapak wagtynda ýuwaş oturmak, őý işlerini doly ýerine ýetirmek we ş.m.Ýőrite endik bolmazdan çaga çalt ýadaýar. Şonuń üçin pedagoglar hem, ata-eneler nem çaganyń indiwidual taraplaryny gőz őńünde tutup őwmekligi we temmi bermekligi ulanmaly.

2. Bu kynçylyk mugallym, mekdep okuwçylary we maşgala bilen täzeçe aragatnaşyk bolýar. Ondan edilýän talap güýçlenýär. Täzeçe özüni gurşap alan ýagdaýda ol özüni ýekelikde düýýar. Mugallym her bir okuwçynyń aýratynlyklaryny öwrenip çemeleşmeli we şonda okuwçy asuda we öndürijilikli öý işlerini ýerine ýetirýär. Haçan-da mugallym ähli okuwçylara deń seredip yza galýanlary goldasa we

okuwyna gowy ýetişýänlere bolsa çenden aşa özlerine ynamlydyklary üçin duýduryş berse okuwçylaryň gatnaşygy kadaly bolýar. Okuwçylara ilki başdan klasyň we mekdebiň olar üçin ýat ýer däldigini, olaryň öz kollektiwleridigini ynandyrmaly.
3.Bu kynçylyk okuw ýylynyň ortasynda käbir okuwçylar üçin başlanýar. Daşky atributlara öwrenişmek bilen okuwçylarda perwaýsyzlyk ýüze çykýar. Şonuň üçin mugallym sapagy gyzykly geçirmäge çalyşmaly.

Kiçi ýaşly mekdep döwründe okuwy guramak. Okuw işiniň esasyny ylmy düşünjeler we kanunlar tutýar. Özleşdirmek bolsa esasy maksat bolup durýar. Okuw işiniň esasynda:
1) okuw hadysasy (ýa-da meselesi ); 2) okuw hereketi; 3) barlag; 4) baha.

Okatmaklygyň (okuw) hadysasynyň aýratynlyklary indikilerden durýar:

1. Düşünjeleriň alamatlaryny bölmegiň umumy tärlerini we käbir anyk-tejribeçilik meselelerini çözmegi öwrenýärler.

2. Şol tärleri we meseleleri çözmegiň mysallaryny getirmek okuw prosesiniň esasy maksady bolup durýar. Anyk-tejribeçilik mesele hökmünde diktowka bilen ýazylan haty görkezip bolar (hatyň orfografik dogrulygy talap edilýär); kagyz bilen işlemek (oýnawaç hökmünde kagyzdan guty ýasamak).

Okuw hereketiniň aýratynlyklary: çagalaryň okuw hadysasyndaky işi dürli tipdäki hereketlerden durýar. Şolaryň netijesinde çagalar mesele çözmegiň umumy tärleriniň mysallaryny getirýärler we özleşdirýärler we olary ulanmagyň şertlerini kesgitlemegiň umumy ýollaryny özleşdirýärler. Şol hereketler tejribelik we akyl taýdan ýerine ýetirilýär. Olaryň düzümi meňzeş däl. Käbir okuw hereketi ähli dersler üçin ulanarlykly, käbirleri bolsa diňe bir dersiň aýratyn böleginde ulanyp bolýar.

Bulardan başga-da kiçi ýaşly mekdep okuwçysynyň fiziki ösuşi gyradeň dowam edýän hem bolsa, ýöne olaryň ünsliligi onçakly durnukly bolmaýar. Şol nukdaý nazardan seretmek bilen mugallym sapagyny mümkin boldugyça gyzykly hem täsirli edip geçirmeli bolýar. Şol döwürde çaganyň eşidiş ýatkeşligine garanyňda görüş obraz ýatkeşligi ep-esli ösen, pikirleniş işi hem takyk bolýar. Şol

sebäpli hem okuw görkezme esbaplaryň dürli görnüşlerinden peýdalanmak talap edilýär. Görkezme esbaplaryň üsti bilen okatmak munuň özi okuwçylar tarapyndan gönüden-göni kabul edilip alynýan anyk obrazyň esasynda guralýan okuw kiçi mekdep ýaşly okuwçylarynda görkezme esbaplaryň täsir edijiligi örän güçlüdir. Sebäbi çaganyň pikirlenş işi anyklygy talap edýär. 3-4-nji synpda çagalar ýaňky kynçylyklary ýeňip geçmäge öwrenişýärler. Olar has güýçli içki we daşky kynçylyklary ýeňip geçip bilýär, onuň erkiniň güýji kemala gelýär. Çaga erkini talap edýän maksatlaryň manysy we göwrümi üýtgeýär. Erkiň güýjüniň dowamlylygy artýar, öz täsirlerini ygtyýarly saklap bilijiligi ösýär. Jemläp aýdanyňda agzalan kynçylyklaryň birinjisi täze okuw düzgüni bilen baglanyşykly bolup onuň bir bölegi wagtynda turmak, zatlaryny belli ýerde goýup ony tapmak we ş.m. bolsa, ikinji bir tarapy sapak wagtynda daşarda nähili gözel tebigat, guşlaryň sesi barlygyna garamazdan esasy ünsi sapaga gönükdirmek zerurlygy bolýar. Ikinji biri çaganyň mugallymlar we öýdäkiler bilen ýüze çykýar. Mugallym näçe asuda, hoşniýet hem bolsa ol çagalar bagyndaky enekä garanyňda hiç bir hili okuwyň talabyndan çykmaklyga ýol bermeýän, şonuň üçin-de çagany belli bir derejede çekindirýän adam hökmünde kabul edilýär. Bu ýagdaýyň öňi alynmasa çagalaryň belli bir böleginde ýygralygy, beýleki böleginde bolsa başyna gidenligi döredýär. (2-nji tipli çagalar mugallymlaryň hiç zat edip bilmejegine göz ýetirýän çagalar). Ikinji bir kynçylyk hut okuw ýagdaýy bilen baglanyşykly bolup, ol okuw ýylyň ortalarynda ýüze çykýar. Mekdebiň diňe daşyndan guwanyp çagalar bagyndan bez bolup gelen çagalary ilki öz başyna portfelli bolmak, iş stoluny edinmek we ş.m. gyzyklandyryp, bu isleg höwesler kanagatlandyrylandan soňra ol mekdep, okuwdan sowaşýar. Munuň ýene bir sebäbi sapaklary çaganyň höwesini oýarmaýan görnüşde guralmagy bolýar. Meselem, arifmetiki mysallar, köpeltmek jetweli bir eýýäm özleşdirilse-de soňky ýumuşlar edil şonuň ýaly birmeňzeşräk häsiýetde guralsa ol çaganyň ýüregine düşýär. Munuň öňüni almak üçin sapagyň her bir pursady çaganyň mümkinçiligi, iň bolmanda sähelçe ýokarrak ulanmagy bilen öňi alnyp bilner.

Her bir okuw ýumşy ýörite maksat goýmak esasynda ýa-da başga bir işiň düzüminde tötänleýin hem özleşdirilýär. Mysal üçin, nokat goýmak ýumşy ýorite okuw ýagdaýy hökmünde öwredilende onda çaganyň onuň umumy we esasy häsiýetleri düşündirilýär. Çaga bu özleşdirilen umumy häsiýetleri dürli sapaklara ýaýradýar. Başga bir tarapdan nokat goýmak ýörite öwredilmän başga sapaklaryň gidişinde tötänleýin hem özleşdirilip bilner, ýöne şeýle ýagdaýda çaga nokat goýmagyň esasy mazmunyna düşünmän, onuň daşky 2-nji derejeli sypatlaryny eýeleýär. Onuň pikiriçe tötänleýin özleşdirilse nokat haçan-da mugallym okaýan kagyzyndan gözüni aýyryp okuwçylara seredende goýmaly ýa-da bogazyny öllemeli bolanda goýmaly we ş.m. Ýörite okuw ýagdaýy esasynda öwredilende bolsa çaga nokadyň haýsydyr bir söz toplumynyň gutaran oý pikiri aňladýan ýerinde goýmalydygyna düşünip soňra başga islendik sapaklarda hem ony ýalňyşsyz goýup bilýär. Okuw hereketleri maglumat taýajyklarda, barmakda goşmak, aýyrmak söz üsti seslenip ýumuş çözmek we akyl hereketleri içki sözleýişde pikirde çözülýän ýumuşlar. Barlag ýerine ýetirilýän ýumuşyň görkezilen nusga laýyk ýa-da laýyk dälligini barlaýar. Barlag gazanylan netijeleri we garaşylýan netijelere laýyklykda berlip bilner.

Ýokarda agzalan bahalandyrmak, baha goýmaklykdan tapawutlandyrylmalydyr. Çünki bahalandyrmak ýumşuň ýerine ýetirilip ýa-da ýetirilmelidigini aňladýar. Baha göymak bolsa ýumşuň ýerine ýetirişiň derejesini ýokary, orta, pes ýa-da daýanylyp ýa-da pikirlenmän esaslanyp çözlendigine, onuň özleşdirilşiniň sebäbini – motiwini (baha almak üçin, bilimi özleşdirmek üçin, özüňi görkezmek üçin) ýaly zatlary anyklaýar we onuň degişli belgilerde (5,4,3,2,1) belleýärler. Umuman okuw işinde aşakdaky elementler bolýar. Okuw işi – täze bilim endikleri özleşdirmek ýa-da bar bolan bilimleri kämilleşdirmek üçin guralýan iş: okatmak mugallym bilen okuwçynyň arasynda ýorite guralýan mugallymy okuwça bilim başarnyklaryny endiklerini geçirmek tutumydyr. Bu ýagdaýda okuw işi bilen bir hatarda zähmet isi hem belli bir derejede amala aşyrylýar. Zähmet işiniň bu döwürde 2 görnüşi : öz-özüňe hyzmat ediş zähmedi we ýönekeýje zatlary ýasamak bolýar. Öz-özüňe hyzmat ediş- eşikleriňi tämizlemek, ýerli-ýerinde goýmak, soň yzyňy ýygnamak

we beýlekiler. Bu ýaşda çaganyň zähmede bolan söýgüsini döretmek üçin çagalara bütin kollektiwi üçin ähmiýeti bolan ýumuşlary tabşyrmak zerurdyr. Çagalar zähmet işiniň beýlekilere zerurdygyny duýdurmak üçin olar bilen mekdebe çenli ýaşlylar üçin arça bezemeli we olary gyzyklandyrýan zatlary öz elleri bilen ýasanlaryny öz elleri bilen gowsurmak.

Bilşimiz ýaly bu ýaşdaky çaganyň esasy işi okuw bolýanlygy üçin çaga erk, güýç sarp edip ünşüni okuw hadysasyna gönükdirmeli bolýar. Tebigat gözelliginden, partadaşyň bilen gürleşmek ýaly zatlardan sowaşyp dykgat bilen mugallyma gulak asmaly bolýar. Şeýle talaplar: çagada esasy psihologik täzelikleriň biri bolan erkliligi döredýär. Erklilik çaganyň özbaşdak maksat goýup oňa özbaşdak hem ýetip bilmek ukybynda ýüze çykýar. Mekdebe çenli ýaşly çagalardan tapawutlylykda çaga okuw işinde we beýleki ýumuşlarda etjek bolýan zadyny içki pikirinde jemläp, soňra ony herekete geçirýär. Her ýumşyň çözülişini birnäçe ädim öňünden görmegi başarýar. Işiň bu aýratynlyklary çagada ikinji bir psihologik täze hereketiň içki meýilnamasyny döredýär. Çaga bu ýaşda okuw ýumuşlaryny aýdyp berende ony birbada aýdyp ýa-da pikirlenip, şol bir wagtyň özünde hem ony dogry ýa-da nädogry aýdýandygyna, pikirlenýändigine baha bermeli bolýar. Şeýle ukyba ýagny birbada pikirlenip, şol bada hem özüniň dogry ýa-da nädogry pikirlenýändigine baha berip bilmekligine refleksiýa diýilýär. Bu mekdep ýaşly çaganyň ýüze çykýan 3 psihologik täzeligidir. Diýmek, bu ýaşdaky çagalaryň esasy psihologik täzelikleri: erklilik, hereketiň içki meýilnamasy, refleksiýa bolup durýar.

Kiçi mekdep ýaşly çagalarda akyl ýetiriş ýagdaýynyň ösüşi. Ünsüň ösüşi: Bu ýagdaýda köp derejede erksiz häsiýetde bolsa-da erkli ünsüň hem esasy gurluşy kemala gelen bolýar. Bu ýaşda çagalaryň ünsi esasan predmetleriň reňkini we formasyny kabul etmäge gönükdirilendir. Ýöne predmeti takyk kabul etmek we ony ýazmaça ýa-da surat çekmek hökmünde gaýtadan dikeltmek ýörite meýilnama boýunça alnyp barylmaýar. Çaganyň ünsi predmetiň haýsy bölegi, näçe ululykda bolmalydygyna gönükdirilmeýär. Çaganyň ünsüni döretmek üçin birnäçe daşky serişdeler ulanylýar. Meselem, çekimli harplar geçilende,olaryň depesine reňkli kagyz

bölejiklerini goýdurmak we okatmak we ş.m. Şol bir wagtyň özünde çagada ýat hem köp derejede erksiz görnüşden erkli ýada öwrülýär. Mugallymyň ýolbaşçylygynda okuwda gyzyklanýan zadyny däl-de, zerur zady ýada ornaşdyrmalydygyny öwrenýär. Şeýle hem ol özleşdirmeli maglumatlary sözme-söz däl-de many böleklerine bölüp, her bir bölege ýörite at berip soňra şol atlar boýunça ýada ornaşdyrmagy we gaýtadan dikeltmegi öwrenýär.

Hyýal. Bu ýaşly çagalarda köp derejelerde okuw işiniň täsirinde ösýär. Mugallymyň düşündirýän zatlaryny geografiýa kartasy boýunça aýdýanlaryny okuwçylar dagy-dag ýaly, tokaýy-tokaý ýaly hyýalynda göz öňüne getirýärler. I - döwürde, çaga predmetleriň hyýaly keşbini döredende, diňe aýry-aýry suratlary obrazlary döredilýär. II – döwürde, çaga predmetleriň has inçe suratlaryny şeýle hem onuň hereketini beýleki predmetler bilen baglanyşygyny hyýaly keşplerde beýan edýärler. III – döwürde, bu ýaşyň başynda pikirlenme aýdyň hereket görnüsde bolýar. Ýumuş esasan daşky predmetlere daýanyp (taýaklar, dörtburçluklar) ýerine ýetirilýär. Çaga haýsy bir netijä gelende aýdyň hereket keşbe daýanmaly bolýar. Mysal üçin, güllere wagtynda suw berlende, düýbi ýumşadylanda gowy ösýär diýen netijä gelmeýär. Aman gülleri suwardy, düýbüni ýumşatdy, onuň gülleri gowy ösdi. Meret bolsa wagtynda suwarmady, seretmedi we onuň gülleri gurady. Diňe şeýle deňeşdirmeden soň, çaga güller wagtynda suwarlanda, ýumşadylanda gowy ösýär diýen netijä gelýär. Eger ilki çaga –da, -de goşulmasyny "jamda alma" diýende düşünip, "durmuşda kyn bolýar" diýende durmuş sözüni göz öňüne getirip bilmeýär. Okuw hadysasy döwründe berilýan bilimler, şolaryň üstünde akyl ýetiriş hereketleri ýerine ýetirilende uly netijelige eýe bolýar. Şol ýerine ýetirilýän hereketleriň şu aşakdaky döwürleri bardyr:

I – döwür, ýerine ýetiriljek hereketiň şertleri bilen öňünden tanyşmaklyk;

II – döwür, ýerine ýetirilýän hereketiň materiallaşdyrylmagy, ýagny ýörite taýajyklaryň kömegi bilen ýerine ýetirilmegi;

III – döwür, ýerine ýetirilmeýän hereketsiz sözleýiş bilen utgaşdyrylmagy;

IV – döwür, özleşdirilen hereketleri içińden gaýtalap, aýlanyp, pikirlenip ýerine ýetirilmegi.

### 3.1 Kiçi mekdep ýaşlylaryň şahsyýetiniň kemala gelşi

Bu dőwür çaganyň akyl işiniň täze bir derejä geçip onuň esasy agalyk ediji işi okuw işi bolýar. Bu işiniň ősmegine iki ýagdaýda täzesi ýetýär.

1) Işiň hem gőrnüşleri (okuw, oýun, sőz aragatnaşygy, zähmet) onuň şahsyýetiniň ősüşine täsiri ýetyär.
2) Onuň okuw we beýleki işiniň gőrnüşlerinde kőp sanly işewür häsiýetleriniň başlangyjy dőreýär. Ol ýetginjekler dőwründe aň ýüze çykýar.

   Islegini ýerine ýetirmek motiwi mekdebe çenli ýaşda kemala gelip başlaýar. Kiçi mekdep ýaşly dőwürde bu motiw berkleşýär, ýőne bu dessine bolup geçmeýär. Ol III – IV synpda bolup, şahsyýetiniň durnukly häsiýetine őwrülýär.

Bu ýaşdaky çagalaryň esasy aýratynlygy olaryň çäklendirmedik ululara, esasanam, mugallymlaryna bolan ynamy, olara boýun bolmak we ýoňlama bolup durýar. Bu ýagdaý őzlerini bahalandyrmasyna gőni täsir edýär. Őzlerini bahalandyrma mekdebe çenli ýasly çagalaryňkydan tipi boýunça: adekwat, ýokarlandyrylan we peseldilen – tapawut bolýar.

Mőhüm ýagdaýlaryň ýene biri – kőp çagalaryň üstünlik gazanmak we őzlerini alyp barşyny erkli ýola goýmak bolup, çaga şol maksada ýetmäge kőmek berýär. Bu aýratynam olar uzak wagtlap gyzyklanýan we gowy gőrýän zatlary bilen meşgullanmalarynda ýüze çykýar. Bu aktlarda işiň motiwine boýun ediji ýagdaýlar: maksada gelmek ýa-da ýüze çykan niýetini őzlerini alyp barşynyň kőmegi bilen dolandyrmak, başga zatlara ýüzlerini sowmakdan saklamaly.

Adamyň üstünlige ýetmegi 2 sany motiw bilen baglanşykly: üstünlik gazanmak motiwi we şowsuzlykdan gaçmak motiwi.

Egerde uly adamlar çaganyň edýän işini az őwseler, ýetmezçiligi üçin kőp ýepbekleseler, onda olarda şowsuzlyklardan gaçmaga bolan motiw kemala gelýär we berkleşýär.

Ş.A.Amonaşwiliniň pedagogik işlerinde şu ýagdaýy göz öňünde tutup başlangyç klasda bahalary ulanmazlygy maslahat berýär.

Üstünlik motewasiýasyna ýene-de 2 şahsy döreýär: ösüňi bahalandyrma we ymtylma derejesi täsir edýär.

Ymtylma derejesi diňe okuwda ýa-da beýleki işlerde üstünligine bagly bolman çaganyň deň – duşlarynyň, toparyň arasynda eýeleýän ornuna hem bagly. Abraýy uly çagany özüne bahalandyrşy adekwat, ymtylma derejesi ýokary, ýöne gereginden artyk däl, ol şeýle hem bolmaly. Ýene-de bir tarapy üstünlik motiwi berkleşdirýän ýagdaý – çaganyň öz ukyplylygyny we mümkinçiligini aňlamagy we olary tapawutlandyryp bilmegi we bularyň esasynda özüniň üstünlik gazanjagyna ynamynyň döremegi we başlangyç okuw döwri çaganyň möhüm şahsy häsiýetiniň döreýän we berkleşýän döwri durnukly bolup, dürli işiň görnüşlerinde onuň üstünligini kesgitleýär.

Üstünlik motiwasiýasy bilen birlikde we onuň täsir etmeginde bu ýaşda ýene-de şahsyýetiň 2 häsiýeti: zähmete söýgi we ösbaşdaklyk kämilleşýär. Zähmet söýüjilik birnäçe üstünlikleriniň gaýtalanmaklygynyň, özem şony gazanmak üçin gerekli güýji sarp etmeginiň we ulularyň höweslendirmeginiň esasynda döreýär. Zähmete söýgi haçan-da çaga zähmetden lezzet alanda döreýär.

Çaganyň özbaşdaklygynyň serişdelerini we tärlerini kesgitlemek bolar. Çaga hökmany köpüräk işi özüniň ýerine ýetirmegi buýurmaly. Her birini höweslendirmeli we kabul etmeli. Okuwynyň ilkinji günlerinden başlap çaganyň özbaşdak etmegini gazanmaly. Çaga jogapkärli ýumuş buýrup, eger ony ýerine ýetirse öwgüsini ýetirmek beýleki çagalaryň ulularyň arasynda liderlige ýagdaý döreýär. Bu ýagdaýa oňaýly şert toparlaýyn okatmak, zähmet terbiýesi bolup bilýär.

Mekdebe barmagy çaganyň daşky gurşap alan adamlary bilen özara gatnaşygynda ähmiýetli üýtgeşikler bolup geçýär. Esasanam olarda söz aragatnaşygynda sarp edilýän wagty artýar. Söz aragatnaşygynyň düzümi üýtgeýär, oňa oýun bilen baglanyşykly bolmadyk mowzuklar, ýagny ulular bilen işewür söz aragatnaşygy degişli bolýar. Söz aragatnaşygynyň daşky häsiýeti bilen birlikde onuň içki düzüminde hem üýtgedip durulmalar bolup geçýär, ýagny

söz aragatnaşygynyň mowzuklary we motiwi üýtgeýär. Mekdebe aýak basjak wagty çagada özüni aňlamagyň täze derejesi "içki" ýagdaýy döreýär. Bu ýagdaý çaganyň özüne, gurşap alan adamlara, hadysalara we işlere aňlanan gatnaşygyny – işleri we sözleri bilen anyk aňladyp biljek gatnaşygy aňladýar.

Içki ýagdaýynyň döremegi çaga üçin döwülme ýagdaýy bolup durýar.

Piaženiň geçiren derňewleriniň netijesinde çagalar dürli ýaşda ahlak kadalaryna dürli garaýandyklary bellidir. Piaženiň düşünjesi boýunça ahlak realizmi berk, anyk gowa we ýamana bolan düşünje, ýagny hemme bar bolan zatlara 2 kategoriýa boýunça: gowy we ýamana bölmekleri bilen düşündirilýär. Ahlak relýatiwizmi – 11 ýaş töweregi ýüze çykyp ugraýar we her bir adam özüne adalatly we sylanyşykly gatnaşyga hakynyň barlygyna ynanýarlar.

Realist awtoritet kategoriýasy boýunça pikirlenýär we ahlak kanunlary häkimler tarapyndan döredilen, ol absolýut we olary bozmak, üýtgetmak bolanok diýip düşünýärler. Çagalar ahlak realizm döwürlerinde biri-biri bilen oýnanlarynda, oýnuň diňe bir düzgüni bar, relýatiws çagalar oýnuň düzgünini üýtgedip bolýanlygyny we umumy ylalaşyk esasynda oýnuň täze düzgünini kabul etmäge taýyn bolýarlar.

30 ýyl geçensoň Peaženiň işiniň üstüni L.Kotberg ýetirýär, ol ahlagyň ösüşini konwonsional derejeden öň çagalar dogrudan hem özüni alyp barşynyň netijesine baha berýärler, eýsem motiwleri seljermä we adamlaryň hereketleriniň düzümine däl. Ilki bilen 1-nji stadiýada çaga adam düzgünlere käýinç almazlyk üçin boýun bolmaly diýip düşünýärler. 2-nji sdadiýada ahlak hereketleriň peýdasynyň barlygy, ýagny höweslendirme, öwme bilen baglylygy barada pikirlenýär.

Konwensional ahlak derejede möhüm ähmiýete ilki bilen "gowy adam" bolmaklyga berilýär. Soň öňki orna adamlar üçin peýda ýa-da jemgiýetçilik tertibe eýe bolýar. Postkonwensional ahlagyň ýokary derejesinde adamlar ahlak barada abstrakt düşünjeleriň ilki özüni alyp barşyny bahalandyrýar, soň umumy adamçylyk ahlak gymmatlylykda aň we kabul etmekligiň esasynda bahalandyrýar.

Akyl ýetirijilik we erkini dolandyrmak ýagdaýdan duýgy ýagdaýa geçip ugraýar. III-IV synp çagalarynda ilkinji emelsizje emosiýalaryny saklamak, isleglerini saklamaga çalyşýarlar. Erk häsiýetleri 3-nji synpdan ýüze çykýar.

Mekdebe çenli ýaşda ýüze çykyp ugran psiholog häsiýetleri 4 ýyl başlangyç okuw döwründe ösýär, berkleşýär we ýetginjeklik döwründe birnäçe möhüm häsiýetler kemala gelýär. Bilimi ähmiýetli giňeýär we çuňlaşýar, endikleri we başarnyklary kämilleşýär. Bu ýagdaý III – IV synpa çenli has ösüp çagalarda umumy we ýörite ukyplary ýüze çykyp ugraýar.

Ukyplarynyň ösmegi netijesinde kiçi mekdep ýaşyň soňunda çagalaryň arasyndaky undiwidual aýratynlygy hasap alýar. Bu ýaşda okuw, zähmet, oýun işinde, üstünlige ýetmeklige maksimal, stimulirleýji motiwasiýa aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Şeýle motiwasiýanyň soňky ösüşiniň güçlenmegi oňaýly bolup 2 esasy peýdaly ýagdaýy:

1) Çagada durmuşda örän peýdaly we şahsyýetiniň durnukly gylygynyň aýratynlyklary – üstünlige ýetmek motiwi, şowsuzlykdan gaça durmakdan saklaýan dominirleýji motiwi,
2) Bu ýagdaýda çaganyň beýleki ukyplarynyň ösmegini çaltlandyrmaga getirmegi döredýär.

Ulular bilen aragatnaşyk çaganyň dürli psihiki ösüşlerine oňat täsir edýär we ol ýagdaýlary çagada sosial motiwlerini ösdürmek üçin ulanmak bolar, ýagny ähmiýeti bolan ulularyň olary kabul etmäge, goldamagy uly baha eýe bolmagy ymtylma motiwleri bellemek bolar. Kiçi mekdep ýaşynyň soňunda öz deň-duşlary bilen gatnaşygy ýokary ähmiýete eýe bolýar.

## 3.2 Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň okuw we oýun işleri

Mekdebe çenli ýaşdaky hem-de mekdep ýaşdaky oýnuň görnüşleri özüniň ösdüriji ähmiýetini ýitirip, okuw we zähmet bilen ornuny çalyşýar.Ýöne lezzet berýän oýun işinden tapawutlykda okuw we zähmet işiniň belli bir maksady bardyr. Kiçi mekdep ýaşly okuwçylary ulularyň hem oýnap biläýjek oýunlary gyzyklandyrýar.

Bu oýunlar pikir etmäge mejbur edýär, beýleki adamlar bilen ýaryşa goşulyp, öz ukyplaryny barlap görmäge hem-de ösdürmäge mümkinçilik berýär., Çagalaryň şeýle oýunlara goşulmaklygy olaryň öz-özlerini ykrar etmäge ýardam berýär, geljekde durmuşda gerek bolaýjak peýdaly meýil häsiýetlerini ösdürýär hem-de üstünlige ymtylmak, tutanýerlilik ýaly häsiýetlerini kemala getirýär. Şeýle oýunlarda alternatiwany saýlamak, üstünlige bolan mümkinçilikleri ölçermek, hereketleriňi öňünden meýilnamalaşdyrmak, öňünden çaklamaklygy öz cine alýan pikirlenme kämilleşýär. Kiçi mekdep ýaşly çagalaryň ünsüni özüne çekýän oýunlaryň täze görnüşlerine dürli görnüşli sport oýunlary degişlidir. Amaly pikirlenmesini ösdürmek meselesinden başga-da bu oýunlar çagalaryň saglygyny berkitmek, batyrgaýlyk, tutanýerlilik ýaly peýdaly häsiýetlerini kemala getirmek meselesini hem çözýärler.

Kiçi mekdep ýaşly çagalara häsiýetli bolan işiň esasy görnüşleriniň dördüsiniň her haýsysy: okuw, aragatnaşyk, oýun, zähmet-çaganyň ösüşinde ýörite her haýsynyň özüne mahsus hyzmatlary ýetirýärler.

Okuw işi bilim, başarnyk we endik öwrenmeklige ýardam edýär.

Aragatnaşyk işi maglumat alyşmaklygy gowulandyrýar, intellektiň (aňyň) kommunikatiw (maglumat alyşmak) gurluşyny kämilleşdirýär, çagalary dogry kabul etmegi, düşünmegi hem-de olary bahalandymagy öwredýär.

Oýun işi – zatlar bilen işlemekligi kämilleşdirýär, pikirlenmäniň logikasyny we usullaryny kämilleşdirýär, adamlar bilen işewür özara gatnaşyk endiklerini we başarnyklaryny kemala getirýär hem-de ösdürýär.

Zähmet işi – el hereketlerini gowulandyrýar, amaly, giňişlik hem-de aýdyň şekil pikirlenmesini berkidýär. Eger-de çaga şu agzalan işiň görnüşlerine gatnaşmasa, onda onuň psihiki ösüşi birtaraplaýyn hem-de doly däl – kem bolardy.

Käbir çagalaryň sözleýşiniň gowy bolup, aragatnaşyk saklap bilip, emma öz eli bilen bir zatlary edip bilmäge ukypsyz bolmagy, onuň işiň aýratyn ösdüriji güýçlerine az gatnaşýandygyny ýüze çykarýar. Köplenç tersine hem bolýar: dürli oýunlary gowy oýnap,

utup bilip, ýöne şahsyýetara gatnaşyklaryny ýola goýmakda, pikir ýöretmekde gowşak çagalar hem duşýar. Kiçi mekdep ýaşly çagalaryň ösüşinde zähmet has ähmiýetlidir. Zähmet dürli hünär işinde gerek bolan amaly intellekti kämilleşdirýär. Çaga pikir edip, özbaşdak çözgüt tapmaga mümkinçilik berip, öýde ýa-da mekdepde edilýän işiň çaga üçin döredijilikli we gyzykly bolmagyny gazanmak gerekdir. Zähmetde diňe bir işiň netijesi däl-de, eýsem işe döredijilikli çemeleşiş hem höweslendirilmelidir.

L.S.Wygotskiniň beýik psihiki hyzmatlarynyň ösüşiniň taglymatlary. 20-30-njy ýyllarda L.S.Wygotskiniň beýik psihiki hyzmatlarynyň ösüşiniň taglymaty bellenildi.

Ähli beýik psihiki funksiýalarda adamlaryň sosial aragatnaşygy genetiki görkezilýär. Adamynyň psihologiki tebigaty onuň içine aralaşan, şahsyýetiň funksiýasyna we onuň struktura formalaryna öwrülen köpçülik aragatnaşyklarynyň köplügi görnüşindedir. Indiwidual özüňi alyp baryşdan sosial özüňi alyp barşy çykarmak däp bolan psihologiýa garşy çykyp, L.S.Wygotskiý-beýik psihiki funksiýalar birbada kollektiwde adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar görnüşinde emele gelýärler we soňundan şahsyýetiň psihiki funksiýalaryna öwrülýärler diýip görkezdi. Ilkinji gezek seredeniňde görnüşine görä, pikirlenme, argumentirleme, subut etme pikirleriň çaknyşmagy netijesinde emele gelýän dawa genetiki başlangyç bolýan bolsa, eýsem Wygotskiniň taglymatyna görä, dawa pikirlenmegi döredýändir. Şahsyýetiň kemala gelmek tutumy şahsyýetiň başgalara görkezýänleriniň üsti bilen öz-özüne öwrülmegi netijesinde geçýändir.

Eger-de psihologa çaganyň intellektual gurşawynyň ösüşiniň defektini kesgitlemeklik zerur bolsa, onda özüňi alyp barmagyň ösüşiniň serişdesi hökmünde garalýan daşky belgiler möhüm diagnostiki serişdedir. Aň ösüşi bozulan çaga syn edilmegiň görkezişine görä, çaga belgileri peýdalananda üstüni doldurýan mümkinçilikler saklanyp galýarlar we ösüş öz ýoluna, perspektiwasyna eýedir. Belgileriň peýdalanylmagy wagtlaýyn togtadylýan ýa-da kemala gelmedik ýerlerde intellektual ösüş hem wagtlaýyn togtaýar ýa-da bes edilýär.

Öwrenmek barada umumy düşünje. Çaganyň ýaşy boýunça ösüş tutumynda özüni alyp barşynyň we döredijiliginiň ähli esasy bolup geçýän üýteşmeleri öwrenmegiň ýagdaýlary bolup durýandyr.

Öwrenmek tutumynyň mazmuny nähili we olar nämä esaslanýarlar? Birnäçe sada mysal. Okuwçy daşgynlaryň näme üçin bolýandygyny bilmeýär. Oňa düşündirdiler. Soňra ol bu maglumatlary okuw kitaby boýunça gaýtalady we indi bilýär. Okuwçy talap edilýän maglumatlary (sapagy) öwrendi diýip aýdýarlar. Adam konkide typyp bilenok, ol türgenleşdi we indi ol typyp bilýär. Ol öwrendi. Talyp birinji ýyldaky differensial deňlemeleri işläp bilmeýärdi, üçünji ýylda bolsa işläp bilýär-öwrendi. Ol differensial deňlemeleri işlemegiň usullaryny öwrendi. Diýmek, öwrenmek adamyň özüni alyp barşynyň ýa-da döredijiliginiň belli bir maksada ýetmek üçin daşky (beden) we içki (psihiki) üýtgeşmelerini göz öňünde tutýar. Başgaça aýdanyňda öwrenmek içki we daşky döredijiligiň maksada laýyk üýtgemeginde ýüze çykýar (aňladylýar).

Kiçi mekdep ýaşly çagalaryň akyl taýdan ösmeginiň gözbaşy we olaryň ýetişikleriniň pes bolmagynyň sebäpleri.

Sungatyň dürli görnüşleri köpçülikleýin habar beriş serişdeleri: teleýaýlym, radio, gazet-žurnallar 3-4 synplarda okaýan kiçi mekdep ýaşly çagalaryň akyl taýdan ösmeginiň gözbaşy bolup durýar. Olar çaganyň dünýägaraýyşyny giňeldýär we çuňlaşdyrýar, bilimini gowulandyrýar. Klassiki we häzirki zaman şekillendiriş sungaty bilen tanyşlyk dünýäniň aňly-duýguly (intellektual-emosional) kabul edilişini çuňlaşdyrýar. Muňa laýyklykda çaga egosentrik garaýşyndan daşlaşyp, özüniň dünýäni, barlygy hususy kabul edişinden başga-da garaýşyň bardygyna düşünip başlaýar. Bu zatlaryň hemmesi soňra başga bir adamyň garaýşyna düşünmeklik ukyby has möhüm bolan adamlar bilen şahsy we işewür aragatnaşyga geçirilýär. Şunuň ýaly ukyplary bolmadyk adamlaryň häzirki zaman we täze sungata düşünmeýändiklerini hem-de kabul etmeýändiklerini durmuş tejribesi görkezýär.

Kino teleýaýlym sungaty barlygy kabul edişiň çäklerini giňeldýär, režissýorlaryň, sahnany goýujylaryň hem-de ýerine ýetirijileriň döredijilikli işlerinden ekrana – durmuşda bar bolan

zatlardan iň gyzyklysy, adamyň medeniýetini we aňyny ösdürmek üçin has gymmatlysynyň çykarylmagy dünýägaraýyşy baýlaşdyrýar. Köplenç ýönekeý we çaganyň ösüşi üçin az ähmiýetli kiçi mekdep ýaşly çagalara niýetlenen gepleşiklere seredilip, kino-telegepleşikleri görmekligi çäklendirýän ata-eneler we terbiýeçiler nädogry hereket edýärler. "Ululara niýetlenen" gepleşikler çagalary has gowy ösdürip, aýratyn olaryň özlerine mahsus görnüşde duýgularyna we pikirlerine täsir edýär. Olar çagalarda pikir etmäge mejbur edýän soraglary ýüze çykaryp, akyl ýetirişini kämilleşdirýär, öz bilimini artdyrýar. Telegepleşikleri gören wagtynda çaganyň ýanynda görülýän zady dogry düşündirip biljek uly adamyň bolmagy wajypdyr.

Kiçi mekdep ýaşly çaganyň ösüşine teatr hem oňaýly täsir edýär. Bu ýaşdaky çagalaryň teatra düşünişi, kabul edişi kino ýa-da teleýaýlyma garanyňda has çylşyrymlydyr. Teatrda çaga bir wagtda sahnada bolup geçýän zatlary görmeli, köplenç aýyl-saýyl edilmeýän aktýoryň sözüni diňlemeli, ünsüni bir zatdan beýleki zada geçirmeli we paýlamaly bolýar. Teatry kabul etmeklige çagany öňünden taýýarlamaly, oňa oynuň mazmunyny, manysyny düşündirmeli. Teatr tomaşaçyny psihologik taýdan ösdürýän sungatyň bir görnüşidir.

Çagalaryň ösüşi üçin teatryň wajyplygy, onuň hakyky durmuş ýagdaýlarynda adamlary kabul etmekligi.

Pedagogiki psihologiýada biogenetiki ugruň antidialektiki, mehaniki häsiýeti pedagoglar we psihologlar tarapyndan 30-njy ýyllaryň başlarynda duýuldy.

Pedagogiki psihologiýada sosiogenetiki ugruň ýalňyşlygy hem ýüze çykdy. Gurşaw çaganyň ösüşiniň fatal faktory görnüşinde görkezilýär, şonuň üçin hem adamyny öwrenmek üçin onuň gurşawynyň gurluşyny seljermek ýeterlikdir, daş-töweregi gurşap alýan gurşaw nähili bolsa-da adamynyň şahsyýeti, onuň özüni alyp barşynyň mehanizmi, ösüş ýollary hemişelikdir. Biogenetizmiň şahsyýetiň işleňligini inkär edişi ýaly, sosiogenetikler hem sosial gurşawyň täsirlerine esaslanyp, şahsyýetiň işjeňligini inkär edýärler.

Pedagogiki psihologiýada sosiogenetiki ugruň esasy taglymy-teoretiki kemçilikleri şulardyr: ösüşe mehaniki çemeleşme, şahşyýetiň öz işjeňligini hasap etmezligi, onuň kemala gelmeginiň dialektiki garşylyklary. Psihologiýada biogenetiki we sosiogenetiki

ugurlar eýýäm 30-njy ýyllarda psihologo-pedagogiki ylmyň kritikasynyň (garşy çykmasynyň) obýektlerine öwrülýär.

Biogenetikler we sosiogenetikler çaganyň psihiki ösüşiniň çeşmeleri we mehanizmleri barada dogry jogap berip bilmediler. Bu meseläni pedagogik psihologiýa diýlip atlandyrylan ýörite ders hem amala aşyryp bilmedi.

Şahsyýetiň pedagogikasynyň esasy meselelerini şahsyýetiň we kollektiwiň aragatnaşyklary barada biogenetiki we sosiogenetiki taglymat netijesinde A.S Makarenko çözüpdir. Sosiogenetikleriň pikirine görä kollektiw - bu päsgelçiliklere deň derejede jogap berýän indiwidleriň toplumydyr. Makarenko muňa garsy çykyp, kollektiwiň sazlaşykly şahsyýetleriň maksada okdurylan kompleksdigini nygtapdyr.

Makarenko şahsyýetiň häsiýetlerini öwrenmeklige uly orun beripdir. Şol barada hem Makarenkonyň "Terbiýelemek tutumynyň sazlaşygynyň usulyýeti" diýen işinde görkezilen terbiýelenýänleriň şahsyýetini öwrenmegiň shemasy hem-de terbiýelenýänleriň şahsyýetiniň häsiýetlerini takyk görkezýän häsiýetnamalary beýan edýär.

A.S.Makarenko şahsyýetiň motiwasion gurşawyny, onuň köpçülik häsiýetleriniň kemala gelmeginiň mehanizmlerini doly öwrendi. Munda esasy merkezi orny talap edijiligiň kemala gelmek we ösüşiniň meseleleri eýeleýär.

Psiholog hökmünde Makarenkonyň has peýdaly häsiýeti şahsyýetiň psihologiki barlagynyň duýujylygynyň passiwliginiň öňüni almagydyr. Terbiýeleýän adam terbiýelenýäne öwretmegiň obýekti hökmünde garaman, terbiýelemegiň obýekti hökmünde garamalydyr.

Döredijilikdäki ýa-da özüňi alyp barmakdaky islendik hat-da gerek üýtgeşmelerde öwrenmek bolup durmaýardy. Meselem, garaňky jaýa girýän adam ilki başda hiç zat görýän däldir. Biraz wagtyň geçmegi bilen ol zatlary saýgaryp başlaýar. Bu gözüň duýgurlygynyň öz-özünden ýokarlanmagy netijesinde bolýar we bu ýagdaý görüş adaptasiýasynyň ýagdaýy bolup durýar. Gözüň döredijiliginiň bular ýaly üýtgemesine öwrenmek diýip bolmaýar.

Adam görüş adaptasiýasyny öwrenmeýär. Ol görüş ulgamynyň dogabitdi fiziologik aýratynlygy bolup durýandyr.

Diýmek, döredijiligiň ýa-da özüňi alyp barmagyň maksada laýyk ütgemesiniň öwrenmek häsiýeti bolmagy üçin ol bedeniň dogabitdi aýratynlyklary sebäpli ýüze çykarylan bolmaly däldir.

## Bap 4. Ýetginjekleriń akyl ýetiriş tutumlarynyň aýratynlygy

Ýetginjeklik döwrüniń serhedi çagalaryń okuw işiniń V-VIII synp aralygy bellik edilýär. Çaganyń ösüşiniń bu dőwrüniń aýratynlyklaryny göz gőńünde tutup, ońa "geçiş", "kynçylyk", "krizis" dőwürleri diýip hem atlandyrylýar. Bu hadysalarda ősüş ýagdaýynyń durmuş dőwründen beýlekä geçişinde bolup geçýäń mőhüm we çylşyrymly baglanyşyklar bellik edilýär.

Çagalyk döwründen ululyk dőwre geçiş bu dőwrüń esasy düzümini we ýőrite tapawutlyklaryny düzýän – fiziki (beden), akyl, ahlak, sosial. Hemme ugurlary boýunça hil taýdan täze dőreýişler, bedeniń üýtgedilip gurulmagynyń, özlerini ańlamagynyń, ulular we őz deń-duşlary bilen saklaýan gatnaşyklarynyń olar bilen őzara gatnaşyklarynyń sosial usullary, gyzyklanmalary, akyl we okuw işiniń, ahlak-etiki ýagdaýlarynyń, özlerini alyp baryşynyń we gatnaşyklarynyń görnüşiniń netijesi esasynda ululyk bölekleri ýüze çykyp başlaýar.

Ýetginjegiń şahsyýetiniń ösüşiniń ilkinji ýagdaýy onuń uly hususy sosial işjeňligi bolup, ol ulular, deń-duşlary we őz-őzi bilen bolan gatnaşygyń nusgalaryny we gymmatlyklaryny őzleşdirmeklige gőnükdirilýär. Bu ýagdaý köp şertlere bagly we tekiz geçmeýär. Şeýle bolansoń çagalyk" we "ululyk" beýleki tarapdan bolsa-onda ululara degişli bolan ösüşiń hemme derejeleri pasport ýaşynyń ýagdaýlary kesgitlenýär. Bu häzirki zaman mekdep okuwçysynda 2 hili ýagdaýy:

ululyk ősüşi togtadyjy (çagalaryń dińe okuw bilen meşgullanyp, beýleki jogapkärçiliklerden ata-eneleriň azat etmekligi) has ulaldyjy ýagdaýlar (dürli habarlaryń uly akymy, fiziki ősüşiń akselerasiýasy we jynsy ýetişik, ata-eneleriň kőpüsinde wagtlarynyń çäkli bolmagy – bularyń netijesi çagalaryń irki özbaşdaklylyga getirmegi).

Şeýle dürli şertlere seredilmeli, mysal üçin: 7 synp oglanynda - ýüz keşbi we gyzyklanmasy çaganyńky ýaly, ýa-da has iri, ulularyń durmuşyna gőnükdirilen, käbirleri "intellektuallar" durnukly

gyzyklanmalary bilen, käbirleri okuw derslerini hem őzlesdirip bilmeýärler we ş.m.

Ýetginjekleriń ösüşiniń umumy ugry dürli bolup bilýär we her bir ugur köp wariantlary bolýar, mysal üçin: bir "intellektual" kitaplar we bilim-durmuşyń esasy zat, beýleki zatlarda ol "cagajyk", beýleki őrän gowy "intellektual", öýünde okaýar, elektronika blen gyzyklanýar, mekdepde bolsa işsiz geçirýär, ýa-da özüniń moda görä gümra bolýar, dińe ulular bilen gatnaşyk saklamaga ymtylýar. Bu 3 wariantda bir parametri boýunça ululyga ösüş dürli-dürli bolup geçýär we düzümi boýunça dürli durmuş gymmatlyklary kemala gelýär.

Ÿetginjeklik döwrüniń zerurlygy onuń şahsyýetiniń ahlak we sosial ustanowkalarynyń kemala gelşiniń umumy ugurlary we esasy başlangyçlary dikeldilýär. Ýetginjeklik döwür kyn we krizisli hasap edilýär:

1.Täze hil öńe gitmeler çaganyń aýratynlyklaryny, gyzyklanmalaryny, gatnaşyklaryny düýbünden üýtgedýär, bu örän gysga wagtyń içinde, garaşylmadyk ýagdaýda, basgançak görnüşli, öwsüp duran häsiýetde bolýar.

2.Bolup geçýän üýtgeşikler ýetginjekde subýektiw kynçylyklar, beýleki tarapdan onuň eýesi bilen baglanyşykly kynçylyklar, onda kejirlik, gizlinlik ýagdaýlary ýüze çykýar.

2. Ýetginjegiń anatomo-fiziologik gurluşy.

Bu döwürde çaganyń bedeninde biologik ýetişikler, jynsy ösüşi bolup geçýär. Bularyń hemmesiniń sebäbiniń esasynda bedeniń morfologik we fiziologik gurluşlary eýeleýär.

Bedeniń gurluşynyń başlangyjy gipofiziń işiniń işjeňligi, esasanam onuń öńki bölegi, garmonlar dokumalaryń ösüşini stimulirleýär we başga-da içki sekresiýa mäzleriniń funksiýasy (jynsy, şitowidka, böwrek üsti mäzleri). Bu tutumlaryň has intensiw döwri gyzlarda 11-13 ýaşda, oglanlarda 13-15 ýaşda bolup geçýär. Häzirki wagtda akselerasiýanyń esasynda jynsy ýetişikligi gyzlarda 9-10 ýaşda, oglanlarda 12-13 ýaşda bolup geçýär. Boýlarynyń ösmegi, agramlarynyń artmagy, gursak süńkleriniń gińemegi olaryń fiziki ösüşiniń ýörite aýratynlygy bolup ońa "boýuna ösmegi" diýip atlandyrýarlar. Beýniniń ölçegi kän bir ulalmaýar. 11-12 ýaşdan 15-

16 ýaş aralykda oňurgalary uzynlygyna ösmegi ýyllyk kadalarynda bolýar. Sebäbi 14 ýaşa çenli oňurgalarynyň arasy nem bilen doldurylan bolýar, bu oňurganyň gyşarmagyna mümkinçilik döredýär. Bedeniň tutuşynyň has bozulýan döwri 11-15 ýaş aralygynda bolýar. Taz süňkleriniň ösmegi 20-21 ýaşda gutarýar (uly beýiklikden bökmek ösmedik süňkleriň süýşmegine, beýik ökjeli köwüşler formasynyň üýtgemegine getirýär**).** Myşsalarynyň agramynyň we myşsa güýçleriniň artmagy has intensiw ösüşi jynsy ýetişik döwründe bolup geçýär. Myşsa güýjüniň artmagy ýetginjekleriň fiziki mümkinçiliklerini artdyrýar. Oglanlar muny aňýar we her biri üçin uly ähmiýete eýe bolýar. Şeýle-de bolsa, olaryň myşsalary ulularyňka garanyňda tiz ýadaýar we uzak wagtlap dartgynlyga ukyply däl. Motoriki apparatlaryň üýtgedilip gurulmagy hereketlerde (gormoniýanyň) sazlaşygyň üýtgemegine getirýär, öz hususy bedenlerini ugrukgyrmagy başarýarlar (gereginden artyk hereket). Bu ýagdaý olarda erbet duýgular, özlerine ynamyň gaçmaklygy, gamgynlygy döredip biler. Şol bir wagtda 6-8 ýaşdan 13-14 ýaşa çenli döwür – hereketleriniň işjeň ösýän döwrüdir. Olaryň ýürekleri hem ösýär, ýöne gan-damarlary has çalt ösýär. Bu ýürek-damar ulgamlarynyň hyzmatynyň bozulmagyna sebäp bolýar (ýürek urşy, gan basyşynyň galmagy, gan aýlanmagy, ýadamaklygy). Endokrin we nerw ulgamynyň hyzmatlary özaralarynda bagly bolansoň, ýetginjeklik ýaşy bir tarapdan güýjüň ýokary bolmagy, beýleki tarapdan – potagen täsir etmelere ýokary duýgurlygy bilen häsiýetlenýär. Şol sebäpli akyl ýa-da fiziki argynlyk, uzak wagtly nerw dartgynlyk, affektler we güýçli oňyn däl emosional tolgunmalar endokrin bozulmalaryň we nerw ulgamynyň funksional üýtgemeginiň sebäbi bolup biler. Neýrogumoral gabatlaşma ýetginjegiň köplenç umumy deňagramsyzlygynyň esasy bolýar, ýagny onuň gyjynmasynyň, hereket işjeňliginiň, döwür-döwür ysgynsyzlygynyň, apatiýa häsiýetleriniň (gyzlarda aýbaşysynyň başlanmasynyň öň ýanynda).

Jynsy ýetişmeleri we fiziki ösüşi ýetginjegiň täze döreýişleri üçin uly ähmiýeti bar.

1. Bu üýtgeýşe bolan örän duýgurlyk,ony obýektiw has ulaldýar we özüniň ulylygyny duýmaklyga bolan esasy çeşme bolýar.

2. Jynsy ýetişmeklik jynsa bolan gyzyklanmany ösdürýär, täze duýmalar, duýgular täsirlikleri ýüze çykýar. Kadaly ýagdaý ýetginjekleriň iki jyns üçin bu ilkinji pynhan duýgularyň oýanmagydyr.

## 4.1.Ýetginjeklik ýaşynyň "krizis" meselelerine dürli taglymat çemeleşmeleri

Ýetginjekler ýaşynyň aýratynlygyny we onuň krizisli işini bu ýaş döwürde uzak wagtlap esasy ugry olaryň organizminde anatomo-fiziologik üýtgemeler eýeläp, munuň esasy tarapdarlary St.Holl we Z.Freýd bolupdyr. Bu ugur biogenetik uniwersalizm ada eýe bolup, Holl we Freýd ýetginjekleriň ýörite krizis aýratynlyklary we kompleksleri hökmany biologik güýçlere esaslanyp uniwersal we bolaýmaly hadysa diýip belleýärler. 20-30-njy ýyllarda bu ugura garşy ugur ýüze çykýar (birnäçe derňewleri we sosial ýagdaýlary hem göz öňüne tutýan). L.S.Wygotskiý 3 sany ýetişme nokadynyň gabat gelmeýänligi – jynsy, umumy organiki we sosial ýagdaýlaryň gabat gelmeýänligi –ýetginjekleriň esasy aýratynlygy we esasy şol ýaşyň gapma-garşylygy diýen gipotezany öňe sürýär.

M.Mid Samoa adadaky ýetginjekleri öwrenip bu ýaşda krizisiň we konfliktleriň öňüni alyp boljaklygyny subut edýär we onuň biologik däl-de sosial ýagdaýa esaslanýandygyny aýdýar. Ol asuda, konfliktsiz çagalykdan ululyga geçýän şamoa ýetginjekleriniň durmuşyny ýazyp beýan edýär. Gyzlarda ýetginjeklik ýaşy çagalyk we ululyk döwür bilen deňeşdireninde has oňat we azat döwür diýip belleýär.

Etnograflaryň derňewlerinde ýetginjeklik döwrüniň dowamlylygy dürli bolup, käbir taýpalarda birnäçe aý bilen çäklenýär.

R.Benedikt etnografiki maglumatlary umumylaşdyryp olaryň esasynda çagalykdan ululyga geçişiň 2 görnüşini belleýär:
1.Uznüksiz; 2) çagalyk döwründe öwrenilen zatlarynyň we ulularyň ornunda özüni alyp barşyň we göwnüne getirmeleriň arasyndaky aýralyk, bölünme;

Birinji ýagdaýda çaga we ululara edilýän möhüm kadalar we talaplar gabat gelmek şertinde alnyp barylýar. Bu halatda ösüş asuda mylaýym geçýär, çaga ýuwaş-ýuwaşdan ulynyń özüni alyp barşynyń usullaryny öwrenýär we ulynyń talaplaryny ýerine ýetirmäge taýyn bolýar. Ikinji ýagdaýda çaga we ululara edilýän düzgünleriń we talaplaryń arasynda gabat gelmezlik bolýar (önümçiligi ýokary ösen ýurtlarda bu ýagdaý häsiýetli hasap edilýär. Bu şertlerde uly döwre geçmeklik daşky we içki konfliktler bilen geçip, netijede çaga ulynyń roluny ýetirmäge taýyn bolmaýar.

Çaganyň durmuşynyň anyk sosial ỳagdaỳyny kesgitlemesi:

1. Yetginjeklik döwrüniň dowamlylygy;
2. Krizisiň, konfliktleriň, kynçylyklaryň bolmagy ỳa-da ỳoklugy.
3. Cagalykdan ululyga geçiş häsiỳeti subut edilen.

Bu derňewlerden freỳdizme garşylykly netije çykarylan: Adamda tebigi zatlary sosial ỳagdaỳa garşylykly bolup bilmez, çűnki ondaky tebigylik sosialdyr.

**Ỳetginjekleriň okuw işi.** Daşky dünỳä we adamlar bilen baglanyşygynyň baỳlaşmagy we giňelmegi ỳetginjegi okuwdan sowadỳar. Okuw işi öňki şertlerden başgaça geçỳär. Orta mekdep ỳaşla geçiş döwründe çagalar köp möhűm parametr boỳunça tapawutlanỳarlar: Okuwa bolan gatnaşygy boỳunça has jogapkärçilikden biparhsyzlyga çenli;

1.Umumy ösüşinde - gözỳetimi has ỳokary derejelerden has cäklendirlen gözỳetime çenli;

2.Okuw maglumatlaryny özleşdirmekden tärleri, özbaşdak we maglumatlary aňlamakdan, özbaşdak işlemek doly ỳok bolmagyndan sözme-söz ỳat tutmak endigi bilen gabatlaşdyrma çenli .

3.Gyzyklanmalarynda haỳsy bolsa-da bir bilim bölűmine we dűrli ỳumuşlarda has aỳdyň ỳűze çykỳan gyzyklanmalardan anyk ỳetiriş gyzyklanmalardan doly ỳok bolmagy.

Okuw işiniň deffektiniň daşky ỳűze çykmalarynyň derejesi dürli bolup bilỳar, ýagny gizlin deffektler aç-açanlyga öwrülỳär. Bilimi doly özleşdirmek űçin ähmiỳetli päsgelçilik bolup durỳar. Eger-de wagtynda olaryň öňüni almasaň düzedip bolmajak häsiỳetlere getirỳär: täze ỳuwaş-ỳuwaşdan çylşyrymlaşỳan

maglumatlary özbaşdak özleşdirmäge ukypsyzlyk. Birinji okuw işindäki oňaýsyzlygyň görkezijisi - bu kiçi synpa garanyňda ýetişigiň ýaramazlaşmagy, pese düşmegi, bilimleriniň arasynyň üzülmekleri bolup durýar.

Okuw ýagdaýyna we mugallymyň täze talaplaryna esasanam, gizlin we aç-açan deffektleri bolan okuwçylar üçin öwrenişmek has hem kyn düşýär. Şonuň esasynda 1-njiden mugallyma differensirleme gatnaşygy, ýagny "söýgili" we "halanmaýan" bolmagy, 2-njiden beýleki adama aňlamaklyk serişdesiniň ösmegi, ulynyň şahsyýetiniň we işiniň täze bahalandyryş kriteriýalary kemala gelýär. Bahalandyryşyň bir kriteriýasy mugallymynyň okadylyşynyň hiline, beýlekisine mugallymyň ýetginjege bolan gatnaşygynyň aýratynlygyna degişli.

Ýetginjekler bilýän we berk talap ediji, ýöne adalatly sypaýy we mugallymçylyk edepli, okuw tutumyny gyzykly alyp barýan mugallymlary halaýarlar. VII-VIII synpda mugallymyň giň düşünjesini sapagyny erkin alyp barýan, okuw sapagyndan artyk goşmaça bilimleri berýän mugallymlary hasam halaýarlar, özbaşdak pikire oňyn däl garaýan mugallymlary halamaýarlar.

Mugallymyň çalyşmagy synpyň işi we özini alyp baryşlaryna täsiri ýetip "kyn" çagalardan "kadaly" we tersine bolup bilýär.

"Okuw düşünjesiniň düzümi ýetginjeklik döwründe derňelýär. Käbir ýetginjeklerde biliminiň göwrümi bir ýa-da birnäçe bölümlerde ululygyň kadasyndan ýokary bolup bilýär.

Ýöne synpda ukyply topar bolup, ýöne ýaramaz işleýän ýetginjekler hem bolýar. Bu ýagdaýda şahsyýetiň gymmatlygy mekdep bilimini özleşdirmekde kemala gelmän eýsem mekdep maksatnamasynyň çäginden çykýan özbaşdak işiň esasynda kemala gelýär.

Şahsyýetiň ösmegi üçin optimal şertler haçan-da alnan bilimler ýetginjek üçin şu wagtky we gelejekdäki durmuşda möhüm we serur bolanda dürli görnüşdäki sapaklar akyl ýetiriş ýumuşlary we döredijilik-önümleri häsiýetli ýumuşlar bilen baýlaşdyrmagy, öz-özüniň bilimini artdyrmaga we özlerini kanunlaşdyrmaga getirýär.

Ýetginjekler döwründe durmuşy perspektiwasy we ideallary bilen baglanyşykly okuwyň täze motiwleri ýüze çykýar. Özüne

göwni yetmezligi, pikirlenen işini ỳerine ỳetirmäge bolan ymtylmagy ỳetginjekleriň akyl işjeňliginiň çeşmeşi bolỳar. Okuw şahsy ähmiỳete eỳe bolup, öz-özüne bilim berip baỳlaşdyrma bolỳar. Okuw işiniň bu täze we ỳokary tipi ỳetginjekler döwründe bolup geçỳär.

Okuwyň serurlygynyň diňe abstrakt düşünilmegi işe bolan ỳeterlik stimul bolmaỳar. Orun aňladyjy motiwler uly öňe iteriji (oỳaryjy) güỳje eỳe. Şol bir wagtda okuwda baha bolan gatnaşygy özleşdirilỳän bilime gyzyklanmasynyň ỳok bolmagynda okuw işiniň dagamagyna getirỳär. Okuw gyzyksyz, agyr zähmet, bilim bolsa formal häsiỳete eỳe bolỳar.

**Ýetginjegiň işiniň ösüşi**. Ýetginjegiň intellektiniň ösüşindäki täzelik akyl ỳetirijilik ỳumuşlara bolan gatnaşyklarynyň üỳtgemegi, ỳagny öňünden dürli gipotezalary düzmegiň üsti bilen pikirinde çözmekligi aňladỳar.

Yetginjek çagadan tapawutlylykda öňünde goỳlan intellektual ỳumşyň seljermesinden başlaỳar, ỳagny bar bolan maglumata degişli mümkin bolan hemme gatnaşyklary ỳüze çykarmaga çalyşỳar, olaryň baglanyşygy barada dürli çaklamalary döredỳär, soňra ol gipotezalary barlaỳar. Ýetginjegiň hakykaty seljerme etmekde möhüm zady eỳeleỳän- bu intelektual ỳumuşlary çözmekde gipotezalary bilen işlemegi başarmaklykdyr. Çaklamalar bilen pikirlenmek ylmy pikir ỳöretmäniň tapawutlandyryjy guraly bolup bilỳär.

Taglymaty pikirlenmesi dürli okuwçylarda dürli derejede we hilde bolỳar. Taglymaty pikirlenmesi diňe bir mekdep bilimini alanyňda kemala gelmeỳär. Umuman, bu pikirlenme derejesi üçin ỳetginjegiň hususy intellektual işini (oberasiỳasyny) we ony dolandyrmakda aňlamagy häsiỳetlidir. Sözleỳiş barlag edilỳär we dolandyrylỳar, esasanam käbir şahsy ähmiỳetli hadysalarda olar aỳratyn hem owadan, dogry sözlemäge ymtylỳarlar. Bu ỳagdaỳlaryň hemmesi kiçi mekdep okuwçylary bilen deňeşdireniňde ỳetginjekleriň ösüşindäki täze we möhüm itergi bolup durỳar. Hut ỳetginjekler ỳaşynda usak wagtlap ünsi belli bir zatda logiki gurnalan serişdelerde saklamak başarnygy ösỳär, ỳöne bu ösüş ỳuwaş-ỳuwaşdan, özem hemmesinde bir meňzeş ösmeỳär. Kabul ediş hadysanyň intellektuallaşdyrmasy islendik okuw serişdesiniň şowly

özleşdirmesiniň hökmany şerti bolỳar: şol ỳagdaỳda çyzgy, jetwel, suratlarda hem.

Ylmy düşünjelerde özleşdirmek hadysasynda we netijesinde pikirlenmäniň täze dűzűmlerinde, intellektual işiň täze görnüşleri döredilỳär. Taglymaty bilimiň doly ösleşdirilmezliginiň görkezijisi bolup ỳetginjegiň şol bölümleri ỳumuş çözmekde ulanyp bilmeỳänligi bolup durỳar. Bilimlerdäki werballaşdyrma formalaşdyrma ylmy dűşűnjeleri özleşdirmekde esasy ugur bolỳar. Bu aỳratynlyklar ỳetginjegiň entäk sowa we anyk dűşűnjeleriň arasyndaky täze gatnaşyklary ele almadyk, özleşdirmedikleri aňladỳar. Kiçi ỳetginjekleriň özbaşdak işiniň ỳaỳran deffekti- maglumatlary ỳatda saklamakda bolan ustanowka we birnäçe gezek gaỳtalamagyň űsti bilen hemmesini ỳat tutmak endigi.

Mnemiki işiniň kiçi mekdep okuwçylarynda we ỳetginjeklerde (V-VII synp) okuwçylarynda deňeşdirip indiki ỳagdaỳlary, ỳagny şol üçin üỳtgedilip gurulmagy bolup geçỳär:

1) Bir zadyň üsti bilen ỳatda saklamaklyk artỳar we olary ulanmaklygyň ỳagdaỳlarynyň sanynyň artmagy.
2) Şol tärleri ulanỳan çagalaryň sanynyň köpelmegi.
3) Mnemiki tärleri ulanmaklyk has aňladylan niỳetlenen maksada gönűkdirilen bolup başlaỳar.

Ýatda saklamagyň ỳollarynyň özleşdirme derejesiniň we ỳatda saklamagyň önűmleriniň we gaỳtadan dikeltmäniň arasynda gös-göni ähmiỳetli baglanyşyk bar.

Ýetginjeklerde maglumatlary logiki özleşdirmek başarnygy köplenç öz akymlaỳyn bolỳar. Şeỳle başarnyklaryny ösdürmek mugallymyň esasy meselesi bolmaly. Bu ỳagdaỳda ỳörite ỳetişikli, biliminiň çuňlugyna we berkligine bagly bolman, eỳsem intellektiniň we ukyplarynyň soňky ösüşi hem bagly. Maglumatlary sözme-söz ỳatda saklamaklyga berilỳän gural sözleỳşiniň ösüşini togtatmak, şeỳle hem pikirini öz sözleri bilen aỳtmaklykda uly bökdençlik berilỳär.

## 4.2 Ýetginjekleriň bedeniniň ösüşi we onuň psihiki aýratynlyklary

Ýetginjeklik döwrüniň araçägi okuwçynyň V-VIII synplarynda okamagy ýa-da 11-12 ýaşdan 14-15 ýaşa çenli döwrüdir. Ýetginjeklik çaganyň ösüş döwründäki aýratyn orny onuň "geçiş", "kyn", "kritiki" atlarynda aňladylýar. Bu döwrüň ösüşiniň esasy aýratynlyklary – çagalykdan ululyga geçişdir. Adamyň ähli ugurlarynda hil taýdan täze emele gelişler – kemala gelmekligiň alamatlary, öz aňynda ýoldaşlary bilen gatnaşyklarynda we ş.m. ýüze çykýar.

Ýetginjegiň şahsyýetiniň ösüşiniň birinji ýagdaýlary onuň kesgitli nusgalary we gymmatlyklary özleşdirmek üçin edýän durmuşy (sosial) işjeňligidir (aktiwligidir). Ýetginjegiň ula öwrülmeginde iki tarap möhümdir:

1. *Kemala gelmegini tormazlaýjy tarap – ulularyň olary düýpli barlaglardan (öýde we ş.m.) boşatmagy.*
2. *Kemala getiriji (ösdüriji) tarap köp mukdarda maglumat (informasiýa) almagy. Akselerasiýa, käbir özbaşdaklyklar.*

Şu iki taraplar dürli hillerde we möçberlerde birleşip ösüşi kesgitleýän dürli şertleri emele getirýärler. Mysal üçin, VII synpda çaga taraplaryny ýitirmedikler hem, intellektual ösen islegleri kanagatly işjeňleri hem bar. Ýetginjeklik döwründe şahsyýetiň ahlak we durmuş hilleriniň umumy esaslary goýulýar, esasy ugry kesgitlenilýär.

Ýetginjegiň ösüşinde biologiki ýagdaýlar meselesiniň manysyny düzýän ýagdaý – bu ýaşda bedeni potologiki ýetişenlige, jynsy ýetişenlige eltýän düýpli üýtgeşiklikler bolýar.

Bedeniň täzeden guralmagy işiniň işjeňleşmegi bilen baglydyr. Onuň garmonlary içki sekresiýa we dokumalaryň ösüşini sazlaýar (stimulirleýär). Olaryň bilelikdäki işi bedendäki köp dürli üýtgeşmelere – boýunyň ösmegine, jynsy kemala gelmegine getirýär. Bu tutumlaryň iň intensiw döwri gyzlarda 11-13 ýaş, oglanlarda 13-15 ýaş. Akzselerasiýa netijesinde bu döwür has hem peselýär.

**Myşsalaryň massasynyň artyjy we myşsa** güýjüniň ösüşi jynsy kemala gelmek döwrüniň soňunda intensiw bolýar. Myşsalar jyns tipleri boýunça ösýär. oglanlarda erkekliklerininiň we ş.m. myşsa güýjüniň ösmegi ýetginjegiň fiziki mümkinçiliklerini ösdürýär. Bu oglanlar üçin uly ähmiýetlidir we oňa aň ýetirýärler. Emma ýetginjegiň myşşalary tiz ýadaýar, uzak wagtlap dartgynlyga çydamaýar. Hereket apparatynyň täzeden guralmagy garmoniýanyň ýitirilmegi bilen baglydyr. Ýetginjek öz bedenine doly erk edip bilmeýär. Hereketleri sazlaşyksyz bolýar. Bu olarda özüne ynanmazlyk we ýakymsyz duýgulary döredip biler. Ähli beden bilen birlikde ýürek hem ösýär. Emma gan damarlarynyň ösüşi yza galýar. Netijede ýetginjekde ýürek urma, gan basyşynyň artmagy, kelleagry, kelleaýlanma, tiz ýadamaklyk bolup geçýär.

Içki sekresiýa mäzleriniň üýtgemegi netijesinde bedeniň içinde düýpli özgermeler bolýar. Nerw we endokrin (içki sekresiýa mäzleri) ulgamlarynyň arabaglanyşykly bolany üçin ýetginjeklik döwründe güýji (energiýa) artýar. Beýleki tarapdan beden patogon (kesel dörediji) täsirlere duýgur bolýar. Şonuň üçin hem akyl we fiziki işi ýadamazlyk uzak dowamly nerw dartgynlygy, affektler we güýçli ýaramaz (otrisatel) emosiýalar (gorky, gaharlanmak, kemsidilmek we ş.m.) bedeniň endokrin bozulmagynyň we nerw ulgamynyň funksional bozulmagynyň (onuň nyşanlary: duýgurlyk, gaharjaňlyk, gowşaklyk, ünsüň dagynyklygy, ukysyzlyk we ş.m.) sebäpleri bolup biler.

Jynsy kemala gelmeklik we fiziki ösüşdäki süýşmeler täze psihologiki emele gelmeleriň döremeginde möhüm ähmiýetlidir. Birinjiden ýetginjek üçin duýulýan bu üýtgeşmeler onuň özüni uly duýmagyna getirýär. Ikinjiden jynsy kemala gelmeklik beýleki jynsa bolan gyzyklanmalary, täze duýgulary, syzgylary ýüze çykarýar. Bu täze duýgulara üns bermekligi onuň ýetginjek durmuşyndaky orny, durmuşy şertlere, indiwidual aýratynlyklara, onuň terbiýelenmesine baglydyr. Ýaşyna gabat gelmeýän edebi eserleri okamagy, ululara degişli filmlere tomaşa etmegi ýaramaz täsir edýär. Ulular we ýoldaşlary bilen söýgi we beýleki jyns hakyndaky gürrüňleri adamlaryň jynsy ýaşaýşyna ýokarlandyrylan gyzyklanma döredip biler.

Ýetginjegiň bedeninde anotomo-fiziologiki üýtgeşmeleriň barlygy – bu ösüşi uniwersal biologiki düşündirmäge (Holl Freýd) synanyşdylar. XX asyryň 20-30-njy ýyllarynda bu uniwersalizme garşy goýlan taglymatda ýetginjek şahsyýetiniň durmuşy ýagdaýlardygy görkezildi.

W.S.Wygotskiniň çaklamasy (gipotezasy) boýunça ösüşde üç nokat – jynsy, umumy organiki we durmuşy gabat gelmeýärler. Bu ýetginjeklik döwrüniň gapma-garşylygydyr. Ol hem ösüşe getirýär.

Etnograflar tarapyndan (M.Mid) ýetginjekler döwründe krizisler we konfliktler gutulgysyz däl-de, durmuşy häsiýetlidigini görkezdi. Beýle ylmy barlaglar (durmuşy ösüşiň dürli derejelerinde) durýan taýpalaryň ýaşaýyş keşbini (obrazyny) öwrenmek) çaganyň ýaşaýan anyk (konkret) durmuş şertlerine baglylykda:

*1. Ýetginjeklik döwrüniň dowamlylygy dürli.*

*2. Krizisleriň, konfliktleriň, kynçylyklaryň barlygy ýa-da ýoklugy.*

*3. Çagalykdan ýetginjeklige geçişiniň häsiýeti dürli bolýarlar.*

Antropologlaryň pikiriçe, ýetginjeklik döwri çaganyň jemgyýetdäki ornuna ýetmekdäki ýoly hasaplanýar. K.Lewiniň taglymaty boýunça jemgyýetde dürli hukukly we borçly çagalar we ulular toparlary bolýar. Ol toparlar biri-birinden aýry hasaplanylýar. Ýetginjeklik döwründe çaga bir topardan beýlekä geçýär. Ýetginjek ulular toparyna geçip, olarda bolan (çagada bolmadyk) artykmaçlyklardan peýdalanmaga ymtylýar. Emma ol entäk bu topara kabul edilmedik, ol toparlaryň aralygynda ýerleşen. Kynçylyk, konflikt ýetginjegiň ulular toparyna kabul edilişine baglydyr.

W.S.Wygotskiniň kritiki ýaşlary öwrenmekde täze meseläni, ýetginjegiň aňynda täze emele gelmeleri ýüze çykarmak ösüşiň durmuş taraplaryny (çaganyň daşyny durmuş gurşaw bilen aragatnaşyklary) aýdyňlaşdyrmagy öňe sürdi. Şeýlelikde “krizis, anyk (konkret) durmuş şertlerde ýetginjegiň ýaşaýşyna baglydyr.

Çaganyň durmuş taýdan ýetişenligi onuň ulular jemgyýetiniň doly hukukly agzasy bolmagy taýýarlygyny aldylar. Çaga işine, özüni alyp barşyna, jemgyýetiň talaplaryny özleşdirmäge subýektiw taýýar bolmagydyr. Ýetginjegiň başlangyjynda onda çaga sypatlary köp bolýar, emma ýetginjegiň ýetişigi bilniksiz bolup biler.

Bu işiň ýüze çykmagy we nyşanlary dürli häsiýetli we görnüşlidir. Onuň başlangyjy ululara ýakymsyz we garaşylmadyk özüni alyp barşynda bolýar. Onuň ady hil taýdan ösüp, çaganyň gurşawa bolan ilkinji gatnaşygy üýtgeýär. Onda esasy emele gelýän täze zat, ol özüni çaga hasaplamaýar (ol özüni uly hasaplaýar). Uly bolmaga ymtylýar. Eger-de ol ulular bilen birlikde zähmete gatnaşsa düýpli borçlary bar bolsa ýetişenlik duýgusy ösýär.

Çaga özbaşdaklygyň ir berilmegi we ynanylmagy ony çalt ýetişdirýär. Ýetginjeklik duýgulary ulular oňa deň ýoldaşlary hökmünde seredenlerinde hem kemala gelýär. Eger-de ol ulular bilen birnäçe parametrleri – boýy, güýji, bilimi, endikleri we ş.m. deň bolanda hem özüni ýetişen hasaplaýar.

Ýetginjegiň aňyndaky täze emele gelme şahsyýetiň özenidir, onuň düzüminiň merkezidir we onuň durmuş işjeňligini, täze ymtylmalaryny kesgitleýär. Bu durmuş işjeňlilik ulular dünýäsinde we olaryň aragatnaşyklarynda bar bolan kadalary, gymmatlyklary we özüni alyp barmaklygyň usullaryny çalt kabul edijiliginde ýüze çykýar.

## 4.3 Ýetginjeklik döwründe şahsyýetiň kemala gelşi

Ýetginjegiň täze hukuklary talyplaryň ulular bilen gatnaşyklaryna hem degişlidir. Ol ilki gürrüňsiz ýerine ýetirilýän talaplara boýun egmäni başlaýar. Özbaşdaklygy çaklendirilse kemsidilýär we garşylyk görkezýär. Ol öz mertebesini ýokarda tutup, onuň basylmagyna, kemsidilmegine razylaşmaýar. Çagalyk döwründe ulular bilen bolan gatnaşyklary (ulular bilen deňsizligi) indi onuň üçin kabul ederliksiz, onuň özüniň "ýetişenligi" hakyndaky düşünjelerine gabat gelmeýär. Ol ulularyň hukuklaryny çäklendirip, öz hukuklaryny ulaldýar. Öz şahsyýetiniň we adamçylyk mertebesiniň hormatlanmagyny, özüne ynanylmagyny talap edýär, ýagny ulular bilen deň hukuklylygyna ymtylýar.

Boýun egmezligiň we garşylygyň dürli görnüşleri – özüne ulularyň öňki garaýyşlaryny üýtgetdirmeginiň serişdesidir. Bu döwürde ulularyň ýetginjeklere bolan garaýşyndan ulgamy hem

üýtgemelidir. Ýetginjegiň özüni alyp barşyny, özüne bahasyny we ulularyň bahalaryny kesgitleýän täze kadalar (normalar) kemala gelýän etiki dünýägaraýşyň esaslarydyr.

Gatnaşyklaryň täze tiplerine geçmekligiň iň oňat görnüşi (formasy) – ulularyň inisiatiwasy artyk terbiýesine öwrülýär. Bu ýagdaý (situasiýa) saklansa, konflikt bütin ýetginjeklik döwründe dowam edýär.

Konfliktli gatnaşyklar özüni alyp barşynda uýgunlaşyjy hilleriň, ýekeligiň, ulularyň adalatsyzlygy hakyndaky düşünjeleriň ýüze çykmagyna getirýär. Şolaryň esasynda adalatly dogry talaplary, bahalary bilgeşleýin kabul etmezlik hem bolýar.

Konflikt ulularyň ýetginjege özleriniň arasynda täze orun bermegi başarmaýandygynyň ýa-da islemeýändiginiň netijesinde bolýar. Ýetginjegiň özbaşdaklygy talap etmegi onuň gatnaşyklaryndaky iň kyn we ýiti meseledir. Şonuň üçin-de ýetginjegiň mümkinçiligine gabat gelýän özbaşdaklygy bermek, ony gönükdirmeklige täsir etmek zerurdyr.

Eger-de ulularyň oňa garaýyşlary, ulularyň arasyndaky ýaly dostlukly bilelikde işlemek, hormatlamak, kömekleşmek we ynanmaklyk ýaly esaslarda guralsa konfliktler ýüze çykmaýar. Bilelikde işlemeklik ýetginjegi ulularyň dürli işlerinde kömekçisi ýagdaýyna goýup, terbiýelemäge (aýratynda şahsy göreldesi bilen) oňat şert döredýär.

Ýetginjegiň ulular bilen gatnaşygynyň kadaly bolmagynyň ikinji oňaýly tarapy hem bardyr. Ýetginjek ýene-de öz deňi bilen aragatnaşyk saklamalydyr. Bu aragatnaşyk olaryň prinsipial deňligine esaslanýar. Olaryň bu aragatnaşygynda ýoldaşlyk kadalaryny – kömek etmeklik bilen oňa bolan gatnaşyklaryň üýtgemegidir. Onuň üçin ulular ýetginjege çaga ýaly seretmeli däldirler. Emma käbir taraplary özüne gatnaşyklaryň saklanmagyna şert döredýär:

1. *Ýetginjegiň jemgyýetdäki ýagdaýy we orny üýtgemeýär – ol okuwçydy we okuwçylygyna-da galýar.*
2. *Onuň ata-enelerine maddy (material) taýdan doly baglylygy.*
3. *Ulularyň ýetginjege çaga hökmünde garamak endikleri (ony täzelemek kyn).*

4. *Ýetginjegiň öňünde çagalyk hilleriniň barlygy, özbaşdak bolup bilmezligi.*

Ýetginjegiň durmuş taýdan ýetişmekligi çylşyrymly we kyn tutumdyr. Eger-de ýetginjek ululara degişli kadalary, hukuklary we borçlary kabul etse we şolar boýunça ýaşap başlasa, onuň ýetişmekligi tizleşýär.

Ýetginjekligiň döwründe konfliktlere getirip biljek gapma-garşylyk bolýar. Bu gapma-garşylyklar – oňa ulularyň çaga hökmünde garaýyşlary bilen onuň mümkinçiliginiň arasyny, ýetginjegiň özüniň ýetişenligi hakyndaky düşünjeleri bilen onuň täze hukuklara talaplarynyň arasyndaky: eger-de ulular oňa garaýyşlaryny, gatnaşyklaryny üýtgetmese, ýetginjegiň özi ony üýtgedýär, ulularyň garşysyna ýene-de uly garşylyk bilen jogap berýär. Eger-de ulularyň garaýşy üýtgemese, ýetginjegiň negatiwizmi wepalylyk, hormatlamak birinji orunda goýulýar. Beýle aragatnaşyklar aýratyn wezipäni ýerine ýetirýärler. Bu gatnaşyklar durmuşda ulularyň ahlagy – deňlik, wepalylyk, kollektiwlik kadalary özleşdirilýär.

Ýetginjegiň ulular we öz deňleri bilen aragatnaşygynda üç netijä gelip biler:

1. *Ýetginjegiň şahsyýetiniň optimal ösmegi üçin özara hyzmatdan ýoldaşlary bilen aragatnaşykda ösýär.*
2. *Şahsyýetiň kemala gelmegi we ulularyň durmuş-ahlak hillerini ösdürmekde ýoldaşlary bilen aragatnaşygy ulular bilen aragatnaşygyndan has möhüm bolup, ýetginjege uly kanagatlandyrma getirip biler.*
3. *Ulularyň ahlagyny ýetginjegiň özleşdirmegi, onda çagalykda bar bolan "gulak asmak ahlagy" bilen gapma-garşylyga getirip biler. Netijede bu ahlak çaga ahlagyndan üstün çyksa – çaga ahlagy indi onuň üçin kabul ederliksiz bolmagy mümkindir.*

Daşary ýurt psihologiýasynda "awtonom çaga ahlagy" we onuň ulular jemgyýetiniň ahlagy bilen garşy gidýän taglymaty öňe sürülýär. Emma bu taglymat nädogrydyr. "Awtonom çaga ahlagy" bu ulular bilen dostlukly we ýoldaşlyk aragatnaşygynyň ahlagydyr we şonuň üçin-de bu ahlak durmuşydyr (sosialdyr). Gapma-garşylyk

“ulularyň ahlagy” bilen bolmany, ulularyň çaga üçin döreden ahlagy bilen bolýar. Şonuň üçin-de beýle emeli döredilen ahlak bilen gapma-garşylyk ýüze çykýar. Haçan-da ula gulak asmak ahlagy beýan ediji we talap ediji hökmünde çykyş etse, ýetginjek üçin bu uly adam däl-de onuň talap edýän ahlagy edepsizlik bolýar. Beýle hil ýetginjege nätanyş adamlar oňa bir kemçiligini görkezenlerinde, olara gödek jogap bermekde ýüze çykýar.

Ýetginjeklik döwrüniň durmuş-ahlak meseleleriniň çözlüşiniň klassyky mysalyny A.S.Makarenko öz terbiýe ulgamynda ulular bilen ýetginjegiň aragatnaşygy sosialistik jemgyýetinde ýaşaýan ulularyň ahlagynda guraldy we demokratik sentralizm kadasyna esaslanyp kollektiwiň ýaşaýşyny gurady. Özara hormatlamak, deňlik, özara kömek we ynanmaklyk kadalary dürli meseleleri kollektiwleýin çözmekde öz beýanyny tapdy. Onuň terbiýe ulgamynda ulular ýa-da ýetginjekler ahlagy diýlen zatlar bolmany, ählisi üçin ýeke-täk bolan bir ahlak bardy.

Netijede kollektiwiň terbiýeçilik orny ösdi. Ýetginjegiň özbaşdaklygy onuň ulular bilen kollektiwleýin jemgyýetçilik işinde ýüze çykýar. Makarenkonyň uly şahsy awtoritetiniň çeşmesi – onuň şahsyýeti we kollektiwi hormatlamagyndadyr. Ol perspektiw maksatlary goýup, çaganyň durmuşyny şu gün, ertir we geljekde peýdaly, gyzykly we şatlykly etmäge ymtyldy. Onuň terbiýe ulgamynyň etikasy – şahsyýeti hormatlamakdyr – ýetginjege geregi hem şoldur.

Ýetginjegiň ulularyň ahlagyny özleşdirmeginiň hökmany we zerur şerti şahsyýetiň kollektiwde, kollektiw arkaly we kollektiw üçin terbiýelenmegidir. Beýle terbiýe çaganyň kollektiwdäki işine berilýär. Ýetginjegiň ulularyň hataryna geçmeginde dürli ugurlaryň, hilleriň bolmagy, onuň nämäni nusga hökmünde kabul edýänligine baglydyr. Ol nämäni nusga hökmünde kabul etse, şoňa baglylykda durmuşdaky gymmatlyklary, şahsyýetiň umumy gönükdirilmegi kemala gelýär. Ýetginjegiň ulular üçin daşky ýüze çykyşlary özüne çekiji bolmagy mümkindir. Onda ulularyň daş görnüşi we özüni alyp baryşlary, çilim çekmegi, karta oýnamagy, wino içmekleri, aýratyn Meksika dynç alyş, wagtyny geçiriş usullary we şuňa meňzeşler degişlidir.

Çilim çekmegi ýetginjegi öz gözüniň öňünde uly görkezýär. Erkekleriň ýa-da aýallaryň ýetişenlik alamatlaryny, endiklerini, özleriniň ulularyň hataryna girendiklerini demonstirleýär. Bu hiller öýkünmek arkaly gazanylýar. Beýle tarap has ýygy we ilkinji nobatda ýüze çykýar, ol giň ýaýrandyr.

Özüni oňat görkezmeklik, öz daşky görnüşini nusgalaryna laýyk getirmeklik aýratynda gyzlaryň köp wagtyny alýar. Eýýäm 5-6-njy synp okuwçylary modadaky tanslary öwrenýärler we wideoly agşamlary gurnaýarlar. Emma bu ýagdaýlarda olar oňaýsyzlyk duýýarlar. Ýetginjekler umuman talyplardan, kino, teleýaýlymlardan mysal alýarlar. Populýar bolan zatlar özleşdirilýär, baha bermegiň we öz-özüne garaýşynyň kriteriýasyna, nusgasyna öwrülýär. Ýetginjek üçin nusga köplenç ýokary ýaşly, öz synpdaşy ýa-da beýleki bolýar. Olar hem ýetginjek ulularyň ýaşaýşynyň gadagan edilen taraplaryny öwredýär.

Köplenç beýle “mugallym” hökmünde goňşulary işleýän bolup biler. Olardan “ýeňil şatlykly” ýaşaýyş keşbiniň (tans meýdançasy, köçede işsiz ýöremek, gijelerine daşarda oturmak we ş.m.). Beýle ýaşaýyşda ýetginjegiň okuwa bolan gyzyklanmalary ýitýär we ýeňil durmuşyň, ýaşaýşyň gymmatlyklary özleşdirilýär. Beýle şatlykly wagt geçirmek üçin puluň zerurlygy jenaýatçylygyň sebäbi bolýar. Maglumatlara görä, kämillik ýaşyna ýetmedik hukuk kadalaryny bozujylaryň 80-90 göterimi şeýle “şatlykly” wagt geçirýänlerdir.

Ýetginjegiň kämilleşmegine bagly beýleki tarap oglanlaryň ideýalaryndan ugur almagydyr. Onda hakyky erkek adamyň hilleri – güýç, erk, batyrlyk, gaýduwsyzlyk, çydamlylyk, dostlary üçin wepalylyk we ş.m. öňde goýulýar. Romanlaryň raýatlyk we beýleki Beýik Watançylyk urşunyň kinofilmleriniň we detektiw eserleriň gahrymanlarynyň ýetginjegi özüne çekmeginiň sebäbi – olarda “hakyky erkek adamyň” hilleri beýan edilýär. bu gahrymanlara öýkünmeklik we öz-özüni terbiýelemek üçin nusga öwrülýärler. Ýetginjek atasynyň, agasynyň, ýakyn garyndaşynyň, umumy tanşynyň gahrymançylygyna, gaýduwsyzlygyna guwanýar.

Güýçli, çalasyn sportsmenler populýar bolýar, fiziki güýç we batyrlyk hormatlanýar. Eýýäm 5-6-njy synplardan başlap oglanlar

dürli gönükmeler, sport işleri arkaly özlerinde güýçleri ösdürýärler we erk hilleri terbiýeleýärler. Sportyň boks, hokkeý ýaly gaýduwsyzlygy talap edýänleri populýar: olar özlerinde döreýän gorkyny basyp ýatyrmak isleýärler. Ýetginjeklik döwründe köp oglanlarda ýoldaşlaryna, ululara we özüne baha bermekde esasy kriteriýa merdanalylygydyr.

Bu dürli derejede ähli oglanlarda ýüze çykýar. Terbiýe dogry goýulmadyk wagtynda durmuş (manysyz), hat-da nädogry güýç we erk kulty ösüp biler. Ulular bilen bir hatarda ýetginjegiň zähmete çekilmegi, oňa ynanylmagy ýetginjekde jogapkärçilik we özbaşdaklyk kemala gelýär. Zähmetdäki endikler pikirlenmek usullaryny terbiýeleýär. Bu hilleriň terbiýelenmegiň iň optimal şerti – çaga enesiniň kömekçisi we daýanjy bolmagydyr. Ýakyn adamlarynyň şowlulygy, olar hakynda alada ýetginjek üçin örän möhüm bolup, durmuş gymmatlygy häsiýetini alýar. Oglanlar – ýetginjekler dürli "usullar" endiklerini almaga ussaçylyk etmek, ýerde işlemek, traktordyr maşyn sürmek, surat alyp bilmek, awçylyk etmek we şuňa meňzeşlere ymtylýarlar. Onuň üçin ýetginjegi kömekçi hökmünde ulularyň dürli işlerine goşmak zerurdyr. Bu ýerde esasy zat olara ulularyň ynanmagy we makullamagydyr. Şol döwürde gyzlarda hem dürli "aýal" endiklerini edinmäge tikin tikmek, örmek, dokamak we şuňa meňzeşlere ymtylýarlar.

Ululyk ugruna ösmegiň möhüm taraplarynyň biri-de olaryň manyly gyzyklanmalarynyň ösmegi we geljek hakyndaky maksatlarynyň ýüze çykmagydyr. Ol ýetginjegiň haýsydyr bir zady bilmek we başarmak ymtylmasyndan ösýär. Bu okuw bilijilik işinde mekdep meýilnamasyndan daşa çykýan özbaşdaklygy ösdürýär.

Şeýlelikde, belli bir käre, hünäre degişli umumy ylma, tehnika, sungata çuňňur gyzyklanma döredip biler. Onda özbaşdak okamak endikleri kemala gelýär.

Beýle okuwda intellektual ösüş has güýçli bolup, bilimler çuňlaşýar we göwrümi boýunça giňeýär.

Ýetginjek döwründe bilijilik gyzyklanmalarynyň agalyk ediji gönükdirijiligi ýüze çykýar. Her bir synpda dürli ugurlar boýunça öz "hünärmenleri" bolýar. Beýle "hünärmenleriň" bilimleri olaryň özbaşdak okamagynyň netijesidir.

Şu döwürde kesgitli hünär almak hakynda pikirlenýär. Bu pikirler kesgitli oýunlarda (mysal üçin, harby deňizçi) we degişli kitaplarda öz beýanyny tapýar. Ýetginjegiň geljekdäki hünäri hakyndaky göz öňüne getirmeleri näçe kesgitli we durnukly bolsalar, şonça-da bilimler ir “zerur” we “zerur däller” bölünýärler. Mysal üçin, eger-de 7-8-nji synpyň okuwçylary tehniki hünäri saýlap alsalar, olar gumanitar dersleri “zerur däl” hasaplaýar. Gurnaklara (kružoklara) gatnaşmak, özbaşdak konstruirlemek, ylmy-populýar edebiýatlary okamaklyk başlanýar. ýetginjeklik döwründe bilimler onuň göwrümi, çuňlugy, özüne, ýoldaşyna we ululara baha bermegiň kriteriýasyna öwrülýär. Şol döwürde onda bilesigelijilik has-da ösýär. Täzäni kabul etmek üçin ol elmydama taýýar. Ýetginjegiň ululara öwrülmeginde çeper edebiýat, kino we teleýaýlym aýratyn orun tutýar. Ilki çagalar üçin edebiýat okalýan bolsa, indi ulular üçin edebiýat okalýar. Ýetginjek kino we kitap arkaly ulularyň durmuşynyň we adamlaryň aragatnaşyklarynyň meselelerine düşünýär. Kitaplaryň gahrymanlaryny özi bilen düşündirip özüni bilýär we olaryň dürli hillerine baha berýär. Kitap arkaly adam aragatnaşyklarynyň we duýgularynyň terbiýesini özleşdirýär, ýagny pikirde özleşdirmek, durmuşda özleşdirmekden öňürtileýär. Hakykatyň dürli taraplaryny pikirde özleşdirmek hyýalynda ösýär. Ol hyýalynda ýetişenlik keşbini döredip, şol keşp boýunça hem täsir edýär. Keşp onuň daş görnüşine, dürli hillerine, kärine, ýoldaşlyk we söýgi gatnaşyklaryna degişli bolýar. Ähli ýetginjekler fantaziýalydyr.

Hyýalyny hakykata (reallyga) öwürmäge ymtylmaklyk özüni terbiýelemekde we özbaşdak bilimlerini artdyrmakda ýüze çykýar. Emma öýünde uly gurluşyklara, deňze gaçmak ýaly boluşlarda ýüze çykyp biler.

Şeýlelikde, ýetginjekler dürli usullar bilen ulularyň durmuşyny we onuň gymmatlyklaryny özleşdirýär.

Ulularyň emele gelmegi bir taraplaýyn ýa-da dürli ugurlarda, dürli görnüşde, dürli usullar, kesgitli guralan gatnaşyklar tejribeliginde öýkünmek we gös-göni almaklyk, özüni terbiýelemek, bilim almak, ulular hakyndaky bilimleri özleşdirmek arkaly bolup biler.

Bularyň ählisi obýektiw bir hyzmaty (funksiýany) ýerine ýetirýär. Islendik usul arkaly kesgitli kadalar, gymmatlyklar jemgyýetde talaplary, özüni alyp barmagyň görnüşleri özleşdirilýär.

Ýetginjegiň özüniň gymmatlyklar ulgamy emele gelýär. Onuň üçin dürli zatlar deň gymmatlyga eýe däldir. Mysal üçin, biri üçin sport örän möhüm bolsa, beýlekisi üçin bolsa diňe wagt geçirmek üçin, üçünjisini umumy gyzyklandyrmazlygy mümkin. Gymmatlyklaryň ýokary görnüşlerini özleşdirmekde mugallymlaryň we ata-eneleriň orny uludyr.

Bu wagtda ýetginjegiň pikirini gös-göni inkär etmegiň erbet usulydyr. Onuň öz pikiri bolmaly, eger-de ol nädogry bolsa, ony esaslandyrylan tankyt bilen hoşniýetli görnüşde görkezmeli. Onuň bilen elmydama asuda, ony saklap gürleşmegi başarmak zerurdyr. Ýetginjegiň özara gatnaşyklary kiçi ýaşly okuwçylaryňkydan has baý bolýar. Gatnaşyklar biri-birinden anyk tapawutlanýarlar. Bu gatnaşyklar okuw işinden daşary çykyp, olaryň ähli gyzyklanmalaryny, işlerini öz içine alýar.

Ýoldaşlary bilen gatnaşyk ýetginjek üçin has gymmatly bolup, ol hat-da okuwy hem yza süýşürip biler. Netijede ata-eneler bilen gatnaşygyň özüne çekijiligi kemelýär. Ony ilkinji bolup enesi duýýar. Ol oglunyň ýa-da gyzynyň özünden daşlaşýandygyna, enä belli däl ýaşaýyş bardygyna göz ýetirýär. Bu waka gödek gatnaşmaklyk ters netije berýär. Çaga ata-enesinden hasda daşlaşýar. Maşgalada ulular bilen aragatnaşygynyň kadaly guralmagy, onuň ýoldaşlary bilen aragatnaşygyna, ulularyň ýaşaýşyna oňyn täsir edýär. Ýetginjek ýoldaşlary tarapyndan kabul edilmegini isleýär. Şonuň üçin-de, onuň üçin has güýçli temmi onuň baýkot edilmegidir. Ýekeligi örän agyr başdan geçirýär. Mekdepde ýoldaşlarynyň ýoklugy ony daşardan gözlemäge itekleýär.

Ýoldaşlarynyň ünsüni özüne çekmek üçin ýetginjek dürli usullary, ýollary gözleýär. Ýetginjekleriň jemgyýetçilik düzgünlerini bozmagynyň motiwleriniň arasynda öz deňleri bilen ýagdaýyndan närazylyk kesgitli orun tutýar.

Ýetginjekleriň özara gatnaşyklary ulular bilen gatnaşyklara bagly däl. Hat-da olaryň tersine, islegine garşy hem bolup biler.

Synpda ýetginjegiň sosiometrik aýratynlygy aşakdakylar bilen kesgitlenýär:

1. *Synp tarapyndan gymmatly hasaplanýan oňyn hilleriň barlygy;*
2. *Şahsyýetiň gymmatlyklarynyň synpyň gymmatlyklary bilen gabat gelmegi;*
3. *Özüne dogry ýa-da azyrak peseldilen baha bermegi.*

Synpda populýar däl we ret edilýänleriň özlerine berilýän bahalary köplenç ýalňyş ýokarlandyrylan bolýar. Özüne bahasynyň häsiýeti ýoldaşlary bilen gatnaşykda möhüm pursatdyr.

Ýetginjeklik döwründe populýar däl çagalar toparlary has-da aýdyňlaşýar. Eger-de kiçi ýaşly okuwçylary onuň üçin synp kollektiwindäki ýagdaýy, ýetişigi, tertibi kesgitleýän bolsa, ýetginjek üçin has möhüm bolup beýleki hiller – ýoldaşlyk we dostluk hilleri, ugurtapyjylygy we bilimleri, batyrgaýlygy, özüni saklap bilijiligi möhüm bolýar. Dürli synplarda bu hilleriň dürli taraplary öňe sürülse-de, olardan has möhümi birinji orunda durýany – ýoldaşlyk hilleridir.

Populýarlyk gazanmak üçin hakykata hormat we ykrar etmekligi gazanmak üçin ýetginjek ilkinji nobatda oňat ýoldaş bolmalydyr. Şoňa baglylykda synpyň resmi işjeňligi has hormatlanýan we awtoritetli ýetginjekler bolmazlygy mümkindir.

Käbir mugallymlar bolsa, işjeňligi kemala getirende ýoldaşlyk hillerine üns bermäni, diňe ýetişigi hasaba alýarlar.

Pes awtoritetli synpda işjeňliligiň bolmagy onuň işiniň guramagyny kynlaşdyrýar. Ikinjiden synp ýolbaşçysynyň awtoritet düzgüni tutmagy hem otrisatel netije berýär.

Bu talaplar "ýoldaşlyk" namasynyň (kodeksiniň) özenini düzýär. Onuň kadalary öz-özünde we dürli işlerde emele gelýär.

Ýetginjegiň "ýoldaşlyk namasynyň" möhüm kadalary hormatlamak, deňlik, wepalylyk, ýoldaşyňa kömek etmek, dogruçyllyk olaryň islendik boluşlary bellenmäge geçmeýär.

Islendik fakt namanyň (kodeksiň) kadalary boýunça bahalandyrylýar. Ýoldaşlarynda öz pikirleriniň, özüni sylamaklygyň ýoklugy, kemsidiji gaýtawul berip bilmezligi, ýaranjaňlyk, ikiýüzlülik has berk ýazgarylýar, ýagny onda etiki ideal ýüze çykýar.

Ýetginjegiň beýle kadalary ulularyň gatnaşyklarynyň kadalary bilen gabat gelmegi möhüm faktdyr.

Ýetginjegiň "ýoldaşlyk namasynyň" ahlak etiki manysynyň ulularyň degişli gatnaşyk kadalary bilen gabat gelmegi ýetginjek üçin durmuş ahlak kadalaryny özleşdirmegiň möhüm mekdebidir. Bu kadalar ýoldaşlary bilen kollektiwde aragatnaşyk tejribeliginde özleşdirilýär.

Ýoldaşlarynyň bellikleri, närazylyklary onuň sebäplerini gözlemäge itekleýär. Netijede öňdäki kemçiliklere, ýetmezçiliklere aň ýetirýär.

Ýetginjeklik döwründe aragatnaşyk üçin has möhüm bolan hil deň-duşlarynyň talaplaryna gulak asmak we olary hasaba almak intensiw ösýär. Bu aragatnaşygyň oňat bolmagy üçin zerur şahsyýetiň we onuň durmuş ahlagynyň ulalmagynyň ösmeginde ýoldaşlary, dostlary bilen aragatnaşyk möhümdir. Ýetginjek hormatlanýan awtoritetli, haýsy bolsa bir tarapdan ösen synpdaşlary bilen gatnaşyga, dostluga ymtylýar. Dostundan dürli fakta, oňat ýoldaşlyk hilleri, ýeterlik bilimleri, kötaraply endikleri, batyrgaýlygy, sport ugrundan gazananlaryny, ulular bilen gatnaşygyndaky özbaşdaklygy we ş.m. özüne çekip biler. Kiçi ýaşly ýetginjekleri synpdaky ýetginjek (iki ýylçy) we ş.m. tolgundyrýar. Ýetginjegiň ýoldaşlaryny, dostlaryny tiz-tizden çalşyrmagy tebigy hadysadyr. Golaý, ýoldaş, dost gözlemek prosesi gidýär. Dürli ugurlarda özara ýakymlylyk gözlenilýär.

Çagalaryň tiz golaýlaşmagy we dostlaşmagy üçin olaryň umumy gyzyklanmalary, söýgüli işleri (sport, gurnak) bolmalydyr. Ol ýoldaşy bilen gatnaşykda ýoldaşynyň gyzyklanmalaryny hem özüne kabul edip biler. Netijede onuň täze gyzyklanmalary ýüze çykýar. Dosty, ýoldaşy onuň üçin nusga öwrülýär. Ýakyn ýoldaşlarynyň gatnaşygynda özara gürrüň uly orun tutýar. Dürli ýörişlerde, gezelençlerde wagt özara gürrüň bilen doldurylýar. Bu şeýle möhüm bolup, sapaklarda hem dowam edip biler. Olar gürrüňlerde maglumatlar alyşýarlar. Synpdaky, mekdepdäki wakalary, ýoldaşlarynyň boluşlaryny aýdyşýarlar, jar edilmeli däl öz maksatlaryny, arzuwlaryny dowam edýärler. Has aýratyny-da, söýgi meselelerini maslahatlaşýarlar.

Şahsy durmuşyň giňelmegi we ösmegi öz pikirlerini aýtmaga dosty talap edýär. Şonuň üçin-de dostlukly gatnaşyklaryna aýratyn talaplar, birek-birege düşünişmek, duýgudaşlyk, ýoldaşyň gam-gussasyny paýlaşmak we syr saklap bilmeklik goýulýar.

Dostluk gatnaşygynda biri-birlerine içki syrlaryny dökmekligi özünde nämeler bolup geçýändigine düşünmäge aň ýetirmäge mümkinçilik berýär. Hakyky ýeke-täk dosty tapmaklyk ýetginjegiň arzuwydyr. Olar öz dostlaryny beýlekilerden gabanýarlar.

Emma her ýetginjegiň ýan ýoldaşy bolýar. Bu synpda toparlaryň ýüze çykmagyna esas bolýar. Ýetginjegiň dostlugynyň idealy – hemme wagtda bilelikde we ähli zady diňlemekde "Beýle dostlukda" dürli durmuşy, etiki estetiki meseleleri ara alyp maslahatlaşýar. Her bir ýetginjegiň özüniň hususy pikiriniň bolmagy, ožuniň dogrulygyny gorap bilmegini talap edýär. Netijede jedeller esasynda öz hususy nukdaýnazaryndan garaýyşlar kemala gelýär.

Ýetginjegiň dostlugynyň bozulmagynyň esasy sebäpleriniň biri-de ýoldaşyna ýokarlandyrylan talap goýup, özüne olary goýmazlygydyr. Ýetginjekleriň gatnaşyklary aýratyn işiň görnüşini alyp, onuň zady beýleki adam – ýoldaşydyr, işiň manysy – özara gatnaşyklary guramakdyr.

Şeýle pikirler netijesinde ýoldaşynyň we özüniň kemçiliklerini düzetmäge gönükdirilen işjeňlik ýüze çykýar. Bu täze durmuşy faktordyr. Ýoldaşlykda, dostlukda ýetginjekler biri-birlerini terbiýeleýärler. Oglanlar bilen gyzlaryň aragatnaşygy ýetginjeklik döwründe düýpgöter üýtgeýär. Biri-birine gyzyklanma, gowy görünmek islegleri, özüniň daşky özüne çekijiligine üns bermek ýüze çykýar. Ilki oglanlar gyzlary gaharlandyrmak üçin olaryň saçyndan, galstugyndan çekmek we ş.m. görnüşleri bolýar. Oňa gyzlar gaharlanmaýar, dogry düşünýärler.

Jynsy kemala gelşiň başlanmagyndan gatnaşyk üýtgeýär, çekinjeňlik, uýalmak ýüze çykýar. Özüni alyp barmaklykda iki taraply duýgular: beýleki jyns bilen gyzyklanmak we oglanlaryň hem gyzlaryň biri-birlerinden geplemegi döreýär.

6-8-nji synp gyzlarynda "kim kimi gowy görýär?" diýen sorag ýüze çykýar. Oglan bilen gyzyň aragatnaşygy emosional hilli bolýar. Romantiki gatnaşyklar haýsy-da bolsa bilelikdäki işe, okuwa,

duşuşyklara, kino, stadiona gitmäge syrykdyrýarlar. 8-nji synpda gatnaşan toparlar ýüze çykýar. Beýleki jynsa gyzyklanma, syn edijiligi ösýär, romantiki simpatiýa özüne kritiki seretdirýär. Özündäki kemçilikleri ýok etmek, gowy taraplary ösdürmek, kömek etmek, goramak ýaly şahsyýetiň oňyn hsiýetleri ösýär.

Şeýlelikde, ýetginjeklik döwründäki gatnaşyklar şahsyýetiň kemala gelmegine ägirt uly täsir edýär.

Ýetginjegiň okuw işine garaýyşlary.

Ýaşaýşyň baýlaşmagy we giňelmegi töweregindäki adamlar bilen aragatnaşygyň ösmegi ýetginjegiň mekdepde okuw bilen meşgullanyşy peselip biler. Orta mekdeplerde ýetginjekler okuwa dürli parametrleri bilen tapawutlanýarlar.

1. *Okuwa garaýyşlary boýunça – örän jogapkärçilikden parhsyzlyga çenli.*
2. *Umumy ösüşinde – dürli ugurlaryndan harby ýokary derejeden dar gözýetime çenli.*
3. *Okuw maglumatlary özleşdiriş usullary boýunça – özbaşdak okap, pikirlenip, netije çykaryp bilijiliginden ýat tutýana çenli.*
4. *Gyzyklanmalarynda – aýyn ýüze çykandan (belli bir ugurlardan) hiç zat bilen gyzyklanmaýana çenli.*

Okuw işindäki kemçilikleriň, daşky ýüze çykyşlary dürli bolup biler. Eger-de olar wagtynda ýok edilmese, öwrülişiksiz prosese getirer. Täze çylşyrymlaşýan maglumatlary özbaşdak özleşdirip bilmedik bolýar. Dürli mugallymlaryň okatmaklygy okuwçylarda olara dürli garaýyşlary döreýär. Mugallym üçin kyn zat – okuwçylar bilen gatnaşyklaryny gurap bilmekdir. Maglumatlary gyzykly we düşünikli düşündirýän, okuwçylaryň synp işini gurap bilýän, talap ediji häsiýetli we medeniýetli mugallymy okuwçylar hormatlaýar. 6-8-nji synplarda gözýetimi giň maglumaty çuň bilýän mugallym populýar dersleri "gyzykly" we "tukat" diýip bölenlerinde, köplenç, mugallymyň şahsyýetine esaslanýarlar. Synpda ukyply, emma sapakda erbet işleýän ýetginjekler hem bolup, olarda intellektual işe pikirlenmäge meýillik ýokdur.

Olarda şahsyýetiň gymmatly hilleri okuw maglumatlaryny özleşdirmekde däl-de, mekdep meýilnamalaryndan çykyp, özbaşdak

işlerde bolýar. Şahsyýetiň ösüşi üçin optimal şert, haçan-da bilim almaklyk ýetginjege häzir we geljek üçin subýektiw zerur we möhüm bolanda ýüze çykýar. Okuw täze äheňleri (motiwleri) durmuş perspektiwalary, hünäre ymtylmalary we öz aňynyň ösmegi bilen ýüze çykýar. Özünden razy bolmazlygy we ýüregine düwenine ýetmäge ymtylmagy ýetginjegiň bilijilik işjeňliginiň çeşmelerine öwrülýär.

Eger-de ýetginjekde okuwdan daşary gyzyklanmalary we gymmatlyklary bar bolsa, onuň üçin mekdepde okamaklyk formal işe öwrülýär.

5-8-nji synplardaky okuw maglumatlary ösen derejedäki okuw bilijilik we akyl işini talap edýär. Okuwçylar ylmy düşünjeler ulgamyny matematikada, fizikada, himiýada bar bolan bellikler ulgamyny özleşdirmelidir we nazary pikirlenmegi öwrenmelidir.

Ýetginjekde umumy esaslara pikirlenmek ukyby ýüze çykýar. Ýetginjegiň intellektiniň ösüşinde ilki pikirde çaklamalar düzüp, ony barlamak arkaly işlemek endikleri döreýär. Ol meseläni derňäp, ondaky berlenleri dürli arabaglanyşykda seredýär. Nazary pikirlenmek derejesinde ýetginjek öz intellektual operasiýalaryna aň ýetirýär we ony dolandyrýar.

Bu hil beýleki psihiki funksiýalara hem degişlidir. Sözleýiş hem barlanýan we dolandyrylýan bolýar. Fizika, matematika dersleri subut etmelerde logiki apparaty ulanyp, pikirlenmegiň logiki usullaryny kemala getirýär. Ýetginjek uzak dowamly logiki abstrakt maglumatda ünsüni saklap bilýär. Kabul edip,akyl ýetirip bilýär – ol çyzgylary, suratlary pikirlenip kabul edýär.

Islendik maglumat bilen işlenilende ondaky esaslary, düýpli sebäp-netije baglanyşyklary tapmagy öwrenmelidir. Nazary bilimleri doly däl özleşdirilendigini görkezýän ýagdaý – ýetginjegiň mesele işläp bilmezligidir. Olar anyk mysallarda, obýektlerde, hadysalarda kesgitli kanuny, düzgüni, kesgitlemäni görmeýär. Ýetginjeklik döwründe ýat pikirlenmek bilen utgaşýar. Oňat pikirlenmekde maglumat ýatda galýar we oňa degişli bilimler bu döwürde pikir döredýär.

## 4.4 Ýetginjegiň okuw işi we akyl ösüşi

Daşky hakykata ýetginjegiň aňly garaýşynyň ösmegi bilen onuň okuw işine aňly garaýşy hem ösýär. Olar okuw işinde jemgyýetçilik äheňleri (motiwleri) – Watanyň hatyrasyna, türkmen okuwçysynyň borjuny ýerine ýetirmeklik, özüniň geljekki işine oňat taýýarlanmak, kollektiwde hormat gazanmak, öz synpynyň we mekdebiniň abraýyny ýokary götermek ugrunda çalyşmak we ş.m. ugur alýarlar. Emma hakykatda birnäçe okuwçylarda okuwa oňyn däl garaýyşlar hem bolýar. Beýle ýagdaý köplenç maşgala we mekdep ýetginjegi üns merkezinden düşüren ýagdaýynda onuň okuwyndaky kemçilikler ýetişmezlige getirýär.

Bu döwürde intellektual endikler, mysal üçin, çylşyrymly matematiki meseleleri çözmek, ýazgyny (teksti) dilden ýa-da ýazuw üsti bilen beýan etmek we ş.m. merkezi orun alýar.

Okuwçylaryň özbaşdak işi okuwda esasy orun tutup, olaryň umumy özbaşdaklyga ymtylmalary bilen gabat gelýär. Beýle özbaşdaklyk önürti goýlan soraglara jogap bermeklik, mowzuklar taýýarlamak, çykyş, nutuklar ýazmak, mesele çözmek görnüşlerinde bolýar. Ýetginjekler dürli amaly we tejribe işlerini söýýärler. Olaryň gyzyklanmalary we inisiatiwalary ýer ölçeglerini geçirmekde guralýar we modeller taýýarlamakda, gerbariler we kolleksiýalar toplamakda biologiýa, himiýa, fizika dersleri boýunça tejribeler geçirmekde kanagatlandyrylýar.

Ýetginjegiň öý işlerini ýerine ýetirişleri ilki öwrenmeklik, olaryň şeýle kemçiliklerini görkezýär: Ähli sapaklara taýýarlanmaga mümkinçilik berilmeýär. Bir taraplaýyn gyzyklanmalaryň bolmagy, mümkinçiliklerine ýokarlandyrylan baha berilmegi (“bu ýeňil”) we ş.m. wagtyny peýdaly (rasional) gurap bilmezligi.

Olar köplenç öýde degişli şertleriň ýoklugyna salgylanýarlar. Emma bu hakykata golaý bolsa-da, köplenç, olaryň öz kemçiliklerini boýun almazlykdyr.

Okuw işinde ýetginjegiň akyl ösüşi uly bolýar. Onuň pikirlenşi logiki we ulgamlaýyn bolup, ikinji ses ulgamynyň (signal sistemasynyň) orny ýokarlanýar. Ýetginjek dürli ylymlaryň esaslary

bilen ilkinji gezek tanyşýar. Bu bilimler onuň akyl işine talaplary ýokarlandyryp kemala gelýär. Beýle bilimler subut etmekligi, ýagdaýlary, hadysalary düşündirmekligi talap edýär.

Logiki subut etmekligi ösdürmekde beýle subutlary talap edýän matematika sapaklarynyň orny möhümdir. Pikirleniş abstragirlemegiň ornunyň güýçleniş ugrunda ösýär. Düşünjelerde olaryň umumy alamatlaryndan başga-da ony beýlekilerden tapawutlandyryjy alamatlary görkezilýär. Özleşdirilen düşünjelere anyk mysallar, illýustrasiýalar geçirmek, umumylaşdyrmaga tersine – anyklaşdyrmak hem ösýär.

Terbiýelemek bilen bilelikde sözleýiş hem ösýär. Ol çylşyrymlaşýar. Söz baýlygy artýar. Emma kemçiligi – sözleýişde sögünç (wulgar) sözler ulanylýar.

Ýetginjegiň işi ähli ugurlarda önümli bolup başlaýar. Mysal üçin, tejribede, bir ýazgyny (tektsi) ýat tutmakda. VI synp okuwçylarynyň IX synp okuwçylaryndan artykmaçlygy 2,8 esse bolupdyr. Ýat tutmaklykda manysyna düşünmeklik, ony gaýtadan ýada düşürende öz sözleriň bilen aýtmaklyk, umumylaşdyrmak we gysgaltmak ýaly usullar ulanylýar.

## 4.5 Ýetginjekleriń akyl ýetiriş tutumlarynyň aýratynlygy

Çagalyk döwründen ululyk dőwre geçiş bu dőwrüń esasy düzümini we ýőrite tapawutlyklaryny düzýän – fiziki (beden), akyl, ahlak, sosial. Hemme ugurlary boýunça hil taýdan täze dőreýişler, bedeniń üýtgedilip gurulmagynyń, özlerini ańlamagynyń, ulular we őz deń-duşlary bilen saklaýan gatnaşyklarynyń olar bilen őzara gatnaşyklarynyń sosial usullary, gyzyklanmalary, akyl we okuw işiniń, ahlak-etiki ýagdaýlarynyń, özlerini alyp baryşynyń we gatnaşyklarynyń görnüşiniń netijesi esasynda ululyk bölekleri ýüze çykyp başlaýar.

Ýetginjegiń şahsyýetiniń ösüşiniń ilkinji ýagdaýy onuń uly hususy sosial işjeňligi bolup, ol ulular, deń-duşlary we őz-őzi bilen bolan gatnaşygyń nusgalaryny we gymmatlyklaryny őzleşdirmeklige gőnükdirilýär. Bu ýagdaý köp şertlere bagly we tekiz geçmeýär.

Şeýle bolansoń çagalyk” we “ululyk” beýleki tarapdan bolsa-onda ululara degişli bolan ösüşiń hemme derejeleri pasport ýaşynyń ýagdaýlary kesgitlenýär. Bu häzirki zaman mekdep okuwçysynda 2 hili ýagdaýy:

ululyk ősüşi togtadyjy (çagalaryń dińe okuw bilen meşgullanyp, beýleki jogapkärçiliklerden ata-eneleriň azat etmekligi) has ulaldyjy ýagdaýlar (dürli habarlaryń uly akymy, fiziki ősüşiń akselerasiýasy we jynsy ýetişik, ata-eneleriň kőpüsinde wagtlarynyń çäkli bolmagy – bularyń netijesi çagalaryń irki özbaşdaklyga getirmegi).

Şeýle dürli şertlere seredilmeli, mysal üçin: 7 synp oglanynda - ýüz keşbi we gyzyklanmasy çaganyńky ýaly ýa-da has iri, ululary ń durmuşyna gőnükdirilen, käbirleri “intellektuallar” durnukly gyzyklanmalary bilen, käbirleri okuw derslerini hem őzlesdirip bilmeýärler we ş.m.

Ýetginjekleriń ösüşiniń umumy ugry dürli bolup bilýär we her bir ugruň köp wariantlary bolýar, mysal üçin: bir “intellektual” kitaplar we bilim-durmuşyń esasy zat, beýleki zatlarda ol “cagajyk”, beýleki őrän gowy ”intellektual”, öýünde okaýar, elektronika blen gyzyklanýar, mekdepde bolsa işsiz geçirýär, ýa-da moda görä gümra bolýar, dińe ulular bilen gatnaşyk saklamaga ymtylýar. Bu 3 wariantda bir parametri boýunça ululyga ösüş dürli-dürli bolup geçýär we düzümi boýunça dürli durmuş gymmatlyklary kemala gelýär.

Ÿetginjeklik döwrüniń zerurlygy onuń şahsyýetiniń ahlak we sosial ustanowkalarynyń kemala gelşiniń umumy ugurlary we esasy başlangyçlary dikeldilýär. Ýetginjeklik döwür kyn we krizisli hasap edilýär:

1.Täze hil öńe gitmeler çaganyń aýratynlyklaryny, gyzyklanmalaryny, gatnaşyklaryny düýbünden üýtgedýär, bu örän gysga wagtyń içinde, garaşylmadyk ýagdaýda, basgançak görnüşli, öwsüp duran häsiýetde bolýar.

2.Bolup geçýän üýtgeşikler ýetginjekde subýektiw kynçylyklar, beýleki tarapdan onuň eýesi bilen baglanyşykly kynçylyklar, onda kejirlik, gizlinlik ýagdaýlary ýüze çykýar.

2. Ýetginjegiń anatomo-fiziologik gurluşy.

Bu döwürde çaganyň bedeninde biologik ýetişikler, jynsy ösüşi bolup geçýär. Bularyň hemmesiniň sebäbiniň esasynda bedeniň morfologik we fiziologik gurluşlary eýeleýär.

Bedeniň gurluşynyň başlangyjy gipofiziň işiniň işjeňligi, esasanam onuň öňki bölegi, garmonlar dokumalaryň ösüşini stimulirleýär we başga-da içki sekresiýa mäzleriniň funksiýasy (jynsy, şitowidka, böwrek üsti mäzleri). Bu tutumlaryň has intensiw döwri gyzlarda 11-13 ýaşda, oglanlarda 13-15 ýaşda bolup geçýär. Häzirki wagtda akselerasiýanyň esasynda jynsy ýetişikligi gyzlarda 9-10 ýaşda, oglanlarda 12-13 ýaşda bolup geçýär. Boýlarynyň ösmegi, agramlarynyň artmagy, gursak süňkleriniň giňemegi olaryň fiziki ösüşiniň ýörite aýratynlygy bolup oňa "boýuna ösmegi" diýip atlandyrýarlar. Beýniniň ölçegi kän bir ulalmaýar. 11-12 ýaşdan 15-16 ýaş aralykda oňurgalary uzynlygyna ösmegi ýyllyk kadalarynda bolýar. Sebäbi 14 ýaşa çenli oňurgalarynyň arasy nem bilen doldurylan bolýar, bu oňurganyň gyşarmagyna mümkinçilik döredýär. Bedeniň tutuşynyň has bozulýan döwri 11-15 ýaş aralygynda bolýar. Taz süňkleriniň ösmegi 20-21 ýaşda gutarýar (uly beýiklikden bökmek ösmedik süňkleriň süýşmegine, beýik ökjeli köwüşler formasynyň üýtgemegine getirýär). Myşsalarynyň agramynyň we myşsa güýçleriniň artmagy has intensiw ösüşi jynsy ýetişik döwründe bolup geçýär. Myşsa güýjüniň artmagy ýetginjekleriň fiziki mümkinçiliklerini artdyrýar. Oglanlar muny aňýar we her biri üçin uly ähmiýete eýe bolýar. Şeýle-de bolsa, olaryň myşsalary ulularyňka garanyňda tiz ýadaýar we uzak wagtlap dartgynlyga ukyply däl. Motoriki apparatlaryň üýtgedilip gurulmagy hereketlerde (gormoniýanyň) sazlaşygyň üýtgemegine getirýär, öz hususy bedenlerini ugrukgyrmagy başarýarlar (gereginden artyk hereket). Bu ýagdaý olarda erbet duýgular, özlerine ynamyň gaçmaklygy, gamgynlygy döredip biler. Şol bir wagtda 6-8 ýaşdan 13-14 ýaşa çenli döwür – hereketleriniň işjeň ösýän döwrüdir. Olaryň ýürekleri hem ösýär, ýöne gan-damarlary has çalt ösýär. Bu ýürek-damar ulgamlarynyň hyzmatynyň bozulmagyna sebäp bolýar (ýürek urşy, gan basyşynyň galmagy, gan aýlanmagy, ýadamaklygy). Endokrin we nerw ulgamynyň hyzmatlary özaralarynda bagly bolansoň, ýetginjeklik ýaşy bir tarapdan güýjüň ýokary bolmagy,

beýleki tarapdan – potagen täsir etmelere ýokary duýgurlygy bilen häsiýetlenýär. Şol sebäpli akyl ýa-da fiziki argynlyk, uzak wagtly nerw dartgynlyk, affektler we güýçli oňyn däl emosional tolgunmalar endokrin bozulmalaryń we nerw ulgamynyń funksional üýtgemeginiń sebäbi bolup biler. Neýrogumoral gabatlaşma ýetginjegiń köplenç umumy deńagramsyzlygynyń esasy bolýar, ýagny onuń gyjynmasynyń, hereket işjeńliginiń, döwür-döwür ysgynsyzlygynyń, apatiýa häsiýetleriniń (gyzlarda aýbaşysynyń başlanmasynyń öń ýanynda).

Jynsy ýetişmeleri we fiziki ösüşi ýetginjegiń täze döreýişleri üçin uly ähmiýeti bar.

1. Bu üýtgeýşe bolan örän duýgurlyk,ony obýektiw has ulaldýar we özüniń ulylygyny duýmaklyga bolan esasy çeşme bolýar.

2. Jynsy ýetişmeklik jynsa bolan gyzyklanmany ösdürýär, täze duýmalar, duýgular täsirlikleri ýüze çykýar. Kadaly ýagdaý ýetginjekleriń iki jyns üçin bu ilkinji pynhan duýgularyń oýanmagydyr.

Ýetginjeklik dőwrüniń serhedi çagalaryń okuw işiniń Ý-YIII synp aralygy bellik edilýär. Çaganyń ősüşiniń bu dőwrüniń aýratynlyklaryny gőz öńünde tutup ońa “geçiş”,”kynçylyk”,”krizis “dőwürler diýip hem atlandyrylýar.Bu hadysalarda ősüş ýagdaýynyń durmuş dőwründen beýlekä geçişinde bolup geçýäń mőhüm we çylşyrymly baglanyşyklar bellik edilýär.

Çagalyk döwründen ululyk dőwre geçiş bu dőwrüń esasy düzümini we ýőrite tapawutlyklaryny düzýär – fiziki (beden), akyl, ahlak, sosial. Hemme ugurlary boýunça hil taýdan täze dőreýişler, organizmiń üýtgedilip gurulmagynyń, őzlerini ańlamagynyń, ulular we őz deń-duşlary bilen saklaýan gatnaşyklarynyń olar bilen őzara gatnaşyklarynyń sosial usullary,gyzyklanmalary, akyl we okuw işiniń,ahlak-etiki ýagdaýlarynyń, őzlerini alyp barşynyń we gatnaşyklarynyń tipiniń netijesi esasynda ululyk elementleri ýüze çykyp başlaýar.

Ýetgijegiń şahýetiniń ősüşiniń ilkinji faktory onuń uly hususy sosial işjeňligi bolup, ol ulular, deń-duşlary we őz-őzi bilen bolan gatnaşygyń nusgalaryny we gymmatlyklaryny őzleşdirmeklige gőnükdirilýär. Bu ýagdaý kőp şertlere bagly we tekiz geçmeýär.

Şeýle bolansoń çagalyk” we “ululyk”beýleki tarapdan bolsa-onda ululara degişli bolan ősüşiń hemme derejeleri pasport ýaşynyń ýagdaýlary kesgitlenýär. Bu häzirki zaman mekdep okuwçysynda 2 hili ýagdaýy:
1.Ululyk ősüşi togtadyjy (çagalaryń dińe okuw bilen meşgullanyp, beýleki jogapkärçiliklerden azat etmekligi)
2.Has ulaldyjy ýagdaýlar (dürli habarlaryń uly akymy, fiziki ősüşiń akselerasiýasy we jynsy ýetişik, ata-eneleriň kőpüsinde wagtlarynyń çäkli bolmagy – bularyń netijesi çagalaryń irki őzbaşdaklylyga getirmegi).

Şeýle dürli şertleriredilmegi, mysal üçin: 7 klas oglanynda-ýüz keşbi we gyzyklanmasy çaganyńky ýaly ýa-da has iri, ulularyń durmuşyna gőnükdirilen, käbirleri “intellektuallar” durnukly gyzyklanmalary bilen, käbirleri okuw derslerini hem őzlesdirip bilmeýärler we ş.m.

Etnografiki derńewleriń taglymatynyń ähmiýeti uly:
Çaganyň durmuş äynyň anyk sosial ỳagdaỳyny kesgitlemesi

4. Yetginjeklik döwrüniň dowamlylygy;
5. Krizisiň, konfliktleriň, kynçylyklaryň bolmagy ỳa-da ỳoklugy.
6. Cagalykdan ululyga geçiş häsiỳeti subut edilen.

Bu derňewlerden freỳdizme garşylykly netije çykarylan:
Adamda tebigi zatlary sosial ỳagdaỳa garşylykly bolup bilmez, çűnki ondaky tebigylik sosialdyr.

VII-VIII klaslarda mugallymyň giň dűşűnjesini sapagyny erkin alyp barỳan, okuw sapaklaryndan artyk goşmaça bilimleri berỳän mugallymlary hasam halaỳarlar, özbaşdak pikire oňyn däl garaỳan mugallymlary halamaỳarlar.

Mugallymyň çalyşmagy klasyň işi we özüni alyp baryşlaryna täsiri ỳetip “kyn” çagalardan “kadaly” we tersine bolup bilỳär.

“Okuw dűşűnjesiniň dűzümi ỳetginjeklik döwűrde deňeỳär. Käbir ỳetginjeklerde biliminiň göwrümi bir ỳa-da birnäçe bölűmlerde ululygyň kadasyndan ỳokary bolup bilỳär.

Ýöne klasda ukyply topar bolup, ỳöne ỳaramaz işleỳän ỳetginjekler hem bolỳar. Bu ỳagdaỳda şahsyỳetiň gymmatlygy mekdep bilimini özleşdirmekde kemala gelmän eỳsem mekdep

maksatnamasynyň çäginden çykỳan özbaşdak işiň esasynda kemala gelỳär.

Şahsyỳetiň ösmegi ǘçin optimal şertler haçan-da alnan bilimler ỳetginjek ǘçin şu wagtky we gelejekdäki durmuşda möhǘm we zerur bolanda dǘrli görnǘşdäki sapaklar akyl ỳetiriş ỳumuşlary we döredijilik-önǘmleri häsiỳetli ỳumuşlar bilen baỳlaşdyrmagy, öz-özüniň bilimini artdyrmaga we özlerini kanunlaşdyrmaga getirỳär.

Ýetginjekler döwründe durmuşy perspektiwasy we ideallary bilen baglanyşykly okuwyň täze motiwleri ỳǘze çykỳar. Özüne göwni ýetmezligi, pikirlenen işini ỳerine ỳetirmäge bolan ymtylmagy ỳetginjekleriň akyl işjeňliginiň çeşmesi bolỳar. Okuw şahsy ähmiỳete eỳe bolup, öz-özüne bilim berip baỳlaşdyrma bolỳar. Okuw işiniň bu täze we ỳokary tipi ỳetginjekler döwründe bolup geçỳär.

Okuwyň zerurlygynyň diňe abstrakt dǘnülmegi işe bolan ỳeterlik stimul bolmaỳar. Orun aňladyjy (pozision) motiwler uly öňe iteriji (oỳaryjy) gǘỳje eỳe. Şol bir wagtda okuwda baha bolan gatnaşygy özleşdirilỳän bilime gyzyklanmasynyň ỳok bolmagynda okuw işiniň dagamagyna getirỳär. Okuw gyzyksyz, agyr zähmete, bilim bolsa formal häsiỳete eỳe bolỳar.

## 4.6 Ýetginjegiň işiniň ösüşi

Ýetginjegiň intellektiniň ösǘşindäki täzelik akyl ỳetirijilik ỳumuşlara bolan gatnaşyklarynyň ǘỳtgemegi, ỳagny öňǘnden dǘrli gipotezalary dǘzmegiň ǘsti bilen pikirinde çözmekligi aňladỳar.

Yetginjek çagadan tapawutlylykda öňǘnde goỳlan intellektual ỳumşyň analizinden başlaỳar, ỳagny bar bolan maglumata degişli mǘmkin bolan hemme gatnaşyklary ỳǘze çykarmaga çalyşỳar, olaryň baglanyşygy barada dǘrli çaklamalary döredỳär, soňra ol gipotezalary barlaỳar.

Ýetginjegiň hakykaty analiz etmekde möhǘm zady eỳeleỳän-bu intellektual ỳumuşlary çözmekde gipotezalary bilen işlemegi başarmaklykdyr. Çaklamalar bilen pikirlenmek ylmy pikir ỳöretmäniň tapawutlandyryjy guraly bolup bilỳär.

Taglymaty pikirlenmesi dǘrli okuwçylarda dǘrli derejede we hilde bolỳar. Taglymaty pikirlenmesi diňe bir mekdep bilimin öňe

alaňda kemala gelmeýär. Umumy bu pikirlenme derejesi üçin ýetginjegiň hususy intellektual işini (operasiýasyny) we ony dolandyrmakda aňlamagy häsiýetlidir. Sözleýşi kontrol edilýär we dolandyrylýar., esasanam käbir şahsy ähmiýetli hadysalarda olar aýratyn hem owadan, dogry sözlemäge ymtylýarlar. Bu ýagdaýlaryň hemmesi kiçi mekdep okuwçylary bilen deňeşdireniňde ýetginjekleriň ösüşindäki täze we möhüm itergi bolup durýar.

Hut ýetginjekler ýaşynda uzak wagtlap ünsi belli bir zatda logiki gurnalan serişdelerde saklamak başarnygy ösýär, ýöne bu ösüş ýuwaş-ýuwaşdan özem hemmesinde bir meňzeş ösmeýär. Kabul ediş hadysanyň intellektuallaşdyrmasy islendik okuw serişdesiniň şowly özleşdirmesiniň hökmany şert bolýar: şol ýagdaýda çyzuw, shema, suratlarda hem.

Ylmy düşünjelerde özleşdirmek hadysasynda we netijesinde pikirlenmäniň täze düzümlerinde, intellektual işiň täze formalary döredilýär. Taglymaty bilimiň doly özleşdirilmedikliginiň görkezijisi bolup ýetginjegiň şol bölümleri ýumuş çözmekde ulanyp bilmeýänligi bolup durýar. Bilimlerdäki werballaşdyrma formalaşdyrma ylmy düşünjeleri özleşdirmekde esasy ugur bolýar. Bu aýratynlyklar ýetginjegiň entäk sowa we anyk düşünjeleriň arasyndaky täze gatnaşyklary ele almadyk, özleşdirmedikleri aňladýar.

Kiçi ýetginjekleriň özbaşdak işiniň ýaýran deffekti-materialy ýatda saklamakda bolan ustanowka we birnäçe gezek gaýtalamagyň üsti bilen hemmesini ýat tutmak endigi.

Mnemiki işiniň kiçi mekdep okuwçylarynda we ýetginjeklerde (V-VII klas) okuwçylarynda deňeşdirip indiki ýagdaýlary, ýagny şol üçin üýtgedilip gurulmagy bolup geçýär:

4) bir zadyň üsti bilen ýatda saklamaklyk artýar we olary ulanmaklygyň ýagdaýlarynyň sanynyň artmagy.
5) Şol tärleri ulanýan çagalaryň sanynyň köpelmegi.
6) Mnemiki tärleri ulanmaklyk has aňladylan niýetlenen maksada gönükdirilen bolup başlaýar.

Ýatda saklamagyň ýollarynyň özleşdirme derejesiniň we ýatda saklamagyň önümleriniň we gaýtadan dikeltmäniň arasynda gös-göni ähmiýetli baglanyşyk bar.

Ýetginjeklerde materialy logiki özleşdirmek başarnygy köplenç öz akymlaýyn bolýar. Şeýle başarnyklary ösdürmek mugallymyň esasy meselesi bolmaly. Bu ýagdaýda ýörite ýetişikli, biliminiň çuňlugyna we berkligine bagly bolman, eýsem intellektiniň we ukyplarynyň soňky ösüşine hem bagly. Materialy sözme-söz ýatda saklamaklyga berilýän gural sözleýşiniň ösüşini togtatmak, şeýle hem pikirini öz sözleri bilen aýtmaklykda uly bökdençlik berilýär.

Çagalaryň ösüş şertleriniň we taglymatynyň umumy häsiýetnamasy.

1.Adamyň we haýwanyň psihikasy mydama ösüş ýagdaýda bolýar. Haýwanlaryň psihikasynyň esasy mehanizmleriniň ösüşi nesilden-nesle biologiki berkidilen tejribäni geçirmek bolýar. Onuň esasynda haýwanyň daşky tebigata indiwidual öwrenişmegi bolup geçýär. Adamyň psihiki funksiýasynyň spesifikasy çaganyň jemgyýet-taryhy tejribeleri ele almak ýagdaýynda ösmeginden ybarat.

Adamyň psihiki işi, onuň ýokary görnüşlerinde bir zadyň kömegi bilen alnyp barylýan häsiýete eýe bolup, belgiler, sözleýiş adamyň okadylmak hadysasyny we işini dolandyrýar. Şol serişdeleriň döremegi ilki bilen psihikanyň taryhy ösüşini häsiýetlendirýär.

Adamyň taryhynda diňe işi ýerine ýetirýän serişdeler ösmän, eýsem şol serişdeleri geçirýän aýratyn ýollary, indiki nesile jemgyýetçilik tejribeleri geçirýän ýollar ösýär we çylşyrymlaşýar. Bu spesifiki ýol-okadylmadyr. Okadylma - bu jemgyýetçilik tejribäni bermegiň ýörite gurnalan we gönükdirilen usuly. Ol çaganyň psihikasynyň ösüşinde kesgitleýji roly alyp barýar.

Adamyň psihiki işi örän çylşyrymly döreýşi aňladýar. Söz-logiki ýady, düşünjeli pikirllenmesi, kabul etme we beýleki ýokary ýörite adamyň psihiki funksiýasy biologiki nesilden-nesle berilmeýär we berkidilmeýär. Bu ýagdaý taryhy ösüş hadysasynda olaryň üýtgedilip guralma we kämilleşmesine mümkinçilik döredýär.

Adamyň psihiki işiniň durmuşynda çykşyrymly kemala geliş (pikirlenme we sözleýiş) we has ýönekeý adaty funksiýalary (şertli baglanyşyklaryň döreýiş tizligi we ş.m. bölünýär. Üşükler diýip atlandyrylýan ýönekeý tebigi häsiýet has çylşyrymly şertleriň täsir etmeginde adamyň psihiki funksiýasyna kämilleşmeginiň düzümine girýär.

Kesgitli ỳagdaỳlarda käbir zeper ỳetmeleriň ỳa-da ösmän galan ỳönekeỳ funksiỳalar çylşyrymly funksiỳalary geljekde kesgitleỳär. M.ű. kelle beỳniniň ỳeňse-depe böleklerine zeper ỳetende ỳönekeỳ giňişlik sintezi bozulỳar we hasabyň bozulmagyna getirỳär.

Ýönekeỳ funksiỳalar ỳörite gurnalan täsir etmeleriň esasynda ösỳänligi subut edildi. M.ű. psihologlar ỳokary sesi eşidişiň ỳokary kemala geliş ỳollaryny tapdylar.

Meselem, nesle berilỳän beỳniniň gipotiki funksiỳasyna aỳratynlygynyň biri ỳokary nerw işiniň tipi hasap edilỳär. Ol nerw ỳagdaỳlarynyň güỳjüni işjeňligini we deň agramlylygyny häsiỳetlendirỳär. Ýöne bu ösüşiň psihologik we fiziologik aỳratynlyklary birmeňzeş bolmaỳar. Bularyň özi çaganyň şahsyỳetiniň çylşyrymly gurluşyna degişli bolỳar.

Şeỳlelik bilen fiziologik, ỳönekeỳ nesilden-nesle berỳän funksiỳalar psihiki ösüş hadysanyň käbir taraplaryna – täsirine ỳetirỳär. Ýöne olaryň ähmiỳeti esasy çözgütleỳji bolup durmaỳar. Esasy ösüş ỳagdaỳyň düzümi we mehanizmleri köp şertleriň jemlenmesi kesgitleỳär. Olaryň arasynda agalyk ediji çagalara okadylma we terbiỳeleme şertli bolup durỳar.

Işiň umumy tertibini kesgitläp şol bir tärler dürli ỳetişikli derejeli çagalar ulanyp biler. Çagalaryň ỳetişigi psihologik mehanizmleriň aỳratynlyklaryna bagly. Bu mehanizmler umumylaşdyrylan häsiỳeti bar. Birnäçe psihologlaryň tarapyndan çagalaryň akylynyň ösüşiniň umumy ỳagdaỳynda akyl işiniň umumylaşdyrylan ỳolunyň ähmiỳeti (abstraksiỳa, deňeşdirme, analiz, sintez).

Mysal üçin "bölek-bütewi" gatnaşyklary arifmetiki ỳumuşlary çözmekde çaga şol gatnaşyk barada umumylaşdyrylan bilimi ỳumuşy anyk şertleri bilen gabat getirilmeli we şertinde berlen gatnaşygy gabat geỳän elementleri bölüp aỳyrmaly (oglanjykda bar bolan galamlar-bitew galan galamlary we beỳleki oglana berenleri-bölekler). Okuwçylara şeỳle gabatlaşdyrmanyň has ỳokary görnüşlerini öwretmeli. M.ű. takyk we abstrak bilimleri baglanyşdyrmany, gabat getirmäni başarmagy öwretmeli.

Psihologik mehanizmleriň ösüş derejeleri ỳa-da tipleri şol bir okuwçyda adaty dürli işleri ỳerine ỳetirende dürli okuw derslerinde

şol bir zat bolÿar. M.ű. çagalar köplenç materialyň takyk dűzümine ugrugÿan bolsa abstrakt umumylaşdyrylan ähmiÿetini bellemekde kynçylyk çekÿän bolsa, onda bu ÿagdaÿ matematikada fizikada, taryhda we edebiÿatda-da şeÿle bolÿar. Diÿmek, umumylaşdyrylan hereketleriň işiň ösüşi özleşdirilen tärleriň ulanylyşynyň şowlulygyny kesgitleÿär. Çaganyň psihiki ösüşi onuň şahsyÿetiniň bitewlikde űÿtgemegine, ÿagny şahsyÿetiň umumy häsiÿetiniň ösüşini öz içine alÿar. Ösüş ÿagdaÿynda çagalaryň psihiki işiniň dűrli taraplary űÿtgeÿär, ÿuwaş-ÿuwaşdan dűrli hereketleriň sanynyň olary ÿerine ÿetirmegiň tärlerini we başarnyklarynyň űÿtgemegi we ÿygnalmagy bolup geçÿär, bilimleri we göz öňine getirilmeleri űÿtgeÿär, täze motiwleri we gyzyklanmalry kemala gelÿär. Şol űÿtgeşmeleriň arasyndan has umumy we kesgitleÿjilerini bellemek bolar:

1. Çaganyň şahsy gönűkdirilmesiniň umumy häsiÿetleri.

Ösüş ÿagdaÿynda kemala gelÿän motiwleriň köpdűrliligine garamazdan, çagalara we ÿetginjeklere öwrenmeklik, agalyk ediji gönűkdirilme olaryň özlerini alyp barmaklarynda kesgitleÿji esasy aÿratynlyklaryny bellemäge műmkinçilik berÿär. Käbir çagalarda agalyk ediji okuw gönűkdirilmesi: olar űçin oňat okamak, mugallymynyň talabyny ÿerine ÿetirmek möhüm, mekdepdäki ÿetişigi, alÿan bahalary olary örän aladalandyrÿar. Kähalatda şeÿle gönűkdirilme käbir formal (skolÿar) “mekdepçilik” häsiÿete eÿe bolÿar. Beÿleki çagalary akyl işiniň gönűkdirilmesi tapawutlandyrylÿar. Olar mesele çözmegi, täze bilimleri almagy gowy görÿär, Ýöne olary okuw sapaklarynyň hemmesine deň garamaÿar we “gyzyklylygy” möhűm bolup durmaÿar.

Agalyk ediji şahsy gönűkdirilme çaganyň beÿleki psihiki ösüşleriniň möhűm taraplaryny kesgitleÿär. M.ű. çagalar bilesigelijilik (akyl işiniň) gönűkdirilmesiniň predmetleriniň we hadysalarynyň daşky hakykaty barada bilim almaga ymtylyp, olar az aňlarynda şol bilimleri almagyň tärlerini bellik edÿärler. Şol bir wagtda bolsa bu çagalar hereketleri, endikleri doly janypkeş işlemäni bilÿärler, olar mydama maksada gönűkdirilen bolmaÿarlar. Okuw gönűkdirilmesi bolan çagalar okuw ÿumuşlary doly, aÿry-aÿry operasiÿalary oňat işleÿärler, ÿöne kähalatda olar diňe nusga boÿynça hereket edÿärler.

Şahsy gönűkdirilmäniň hasaba alynmasy mekdep okuwçylaryny okatmak we terbiỳelemekligi has effektiw amala aşyrmagyň birinji we hökmany şerti bolup durỳar. Gönűkdirilme űỳtgewsiz däl, ol ỳaşyň ulaldygyça űỳtgäp durỳar.

Işiň psihologik gurluşynyň ösüşi.

Her bir iş birnäçe elementlerden durỳar. Olar işiň gurluşyny häsiỳetlendirỳär. Oňa indikiler degişli:

- Motiw – berlen işiň näme űçin ỳerine ỳetirilmegi (içki ymtylma).
- Maksat – işi ỳerine ỳetireniňde alynjak netijäni göz öňüne getirmek.
- Obỳekt – gerek bolan netijäni berỳän materialyň űỳtgedilmegi.

M.ű. mekdep okuwçylary çagalar bagyndaky çagalara sowgat űçin arça oỳnawaçlaryny ỳasaỳarlar. Bu işde motiw dűrli çagalarda dűrli bolup biler. Käbiri muny kiçijikleri begendirmek űçin edỳärler, beỳlekileri – ululary̌ň talabyny ỳerine ỳetirmek űçin, beýleki biri oỳnawaçlary ỳasamaklykdan lezzet alỳar.

Maksat - ỳolka űçin oỳnawajy etmek.

Obỳekt – oỳnawaç ỳasalỳan material.

Operasiỳa – gerek bolan önümi almak űçin ỳerine ỳetirilỳär.

Maksat we onuň motiw bilen baglanyşygy işde kesgitleỳji bolup durỳar. Çaganyň ösüşinde işiniň maksada gönűkdirilmegi ỳuwaş-ỳuwaşdan kemala gelỳär. M.ű. 3 ỳaşly çagalar öňűnden niỳetlenen maksada görä öz hereketlerini gurnap bilmeỳärler, olar aňsatlyk bilen maksada ỳetỳärler, 5-7 ỳaşly çagalar űçin olaryň hereketi predmet hadysasynda köp halatda material bilen kesgitlenỳär.

M.ű. haçan-da olar kubikden öỳ gurnanlarynda olaryň hereketi olaryň öňűnde ỳatan kubikleriň häsiỳetine (formasy, reňki) bagly we seỳrek ỳagdaỳda gurmagyň öňűnden pikirlenen planyna bagly bolup durỳar. Mekdebe çenli ỳaşyň soňunda gelejekgi önűmiň netijäni göz öňüne getirmegi onuň işinde has agalyk ediji orny eỳeläp başlaỳar.

Kiçi mekdep ýaşyň soňunda okuwçylaryň kőpüsinde işiň maksadynyň we motiwiniň arasyndaky gatnaşyklary erkli dikeltmäge başarnygy kemala gelýär. Ýerine ýetirýän işiň maksadyny üýtgedip gurup bilýär. M.ü. I-IV klas okuwzçylaryna kubikleri we beýleki

materiallaryny ullanyp şäher gurmaly edilýär, beýleki gezek olara şäherde ýaşaýanlar diňe 2-reňkli - gyzyl we gők reňki tapawutlandyryp bilýärler diýildi, 3-nji gezek uçýan zatlardan şäher gurdular. I-IV çagalaryň kőpüsi gurluşygyň tipini we ony amala aşyrmagyň takyk tärini düýpli üýtgetmeýärler. III-IV klas okuwçylary dürli ýumuşlarda hem maksadyny, hem őz hereketini üýtgedýärler.

Ýaşlary ulaldygyça őz işlerini meýilnamalaşdyrmak başarnygy we őz meýilnamalaryny amala aşyrmagy ősýär. Bu aýratynlyklaryň hemmesi çaganyň okuw işinde ýüze çykýar. Käbirleri çagalaryň okuw ýumuşlaryny ýerine ýetirenlerinde diňe ýumşuň elementlerine ugrukýarlar, olary biri-biri bilen baglanyşdyrmaýarlar, beýlekileri ýumşa doly düşünişlerine baglylykda tärleri saýlap alýarlar, onuň beýleki okuw materialy bilen baglanyşygyny gőz őňünde tutýarlar. Şeýlelikde ősüş dőwründe işiň psihologik gurluşy çagalaryň umumy őzlerini alyp barşynyň aýratynlygy hőkmünde üýtgeýär, maksada gőnükdirilmesi, guramaçylygy, erkiniň ősüşi), şeýle hem hususy okuw işiniň gurluşy üýtgeýär.

Aň mehaniziminiň ősüşi. Aňyň ősüş hadysasynda çaganyň hakykaty ideal şőhlelendirmesiniň düzüminiň gurluşynyň we mehanizmleriniň üýtgemegi bolup geçýär. Bu olaryň pikirleniş işiniň aýratynlyklarynda hem bolup geçýär. M.ü. mekdebe çenlilerde predmetleriň daşky häsiýetlerini we bütewi hadysalary şőhlelendirmek häsiýetli, soňky dőwürlerde olar predmetleriň funksiýasyny ondan soň gurluşyny bölýärler (aýratynlaşdyrýarlar) we ş.m. Ýuwaş-ýuwaşdan düşünjeler we düşünjeleriň ulgamy kemala gelýär.

Bu pikirlenmäniň ősüşiniň dürli derejeleri düşünjeleri deňeşdirmekde ýüze çykýar. (M.ü. daş we ýumurtga nähili tapawutlanýar).

Şeýlelik bilen, şol bir obýektiw düzüm çagalar tarapyndan dürli-dürli şőhlelenýär. Olar şol düzümiň dürli taraplarynda we alamatlaryny belleýärler. Diýmek çaganyň aňynyň obýektiw düzümi çalyşýar, üýtgeýär.

Aňyň we pikirlenmäniň ősüş derejesi nähili ýokary bolsa, şonça hem onuň őwrenýän düşünjeleri çylşyrymly alamatlary bilen baýlaşýar. Bu ýagdaý aň predmetleriniň daşky häsiýetleriniň ýőnekeý mehaniki şőhlelenmesi däl-de, onda dürli düzümleriň işlenilmegini we baglanyşdyrylmagyny aňladýar. Şonuň üçin, aňyň ősüşiniň iň mőhüm gőrkezijisi – çaganyň bütewi predmetde alamatlary birikdirmäge, sintezirlemäge bolan ukyplylygy bolup durýar. Çagalara m.ü. 4 ýaşdan 7 ýaşa çenli aralykda alamatlary (çalt ýaşyl, uzyn, gaty) sanjaýatlar we şol alamatlaryň hemmesini saklaýan predmeti atlandyrmagy soraýarlar. Dürli çagalar (I-IV klasyň) bir meňzeş ýerine ýetirmeýärler (kabiri hemme alamaty hasaba alýarlar “otly, ýylan” diňe käbir bőlekleri “sogan, ýaprak”.

I klas okuwçylary esasan takyk alamatlary baglanyşdyrýarlar, II-III klasda abstrakt alamatlary birikdirmäge mümkinçilikleri ýokarlandyrýarlar.

Şeýlelikde çaganyň umumy ősüş hadysasynda esasy 3 tarapyny bellemeli:

1) okadylma prosesinde bilimiň we işiň tärleriniň ősüşi;

2) ősleşdirilen tärleri ulanmaklygyň psihologik mehanizminiň ősüşi;

3) şahsyýetiň umumy häsiýetleriniň ősüşi;

Her bir gőrkezilen ősüş őz aýratynlyklary bilen häsiýetlenýär.

## 4.7 Indiwidual gelişmeklik we sosial özüni alyp barýan çaganyň psihiki aýratynlygy

Çaga toparlaryny gurmakda ýüze çykýan esasy mesele bu ulularyň goýan meselelerine çagalaryň özleriniň gatnaşygydyr. Topardaky çagalaryň köp meseleleri çözmegi toparyň içindäki gatnaşyklaryň dürli görnüşleriniň döremegine getirmegi mümkin. Bu bolsa şahsyýetiň ösmegine mümkinçilikleri döredýär. Çaganyň toparda öwrenen tejribesi ony durmuşda ulanmaga giň mümkinçilik berýär. Çaga toparda dürli birleşmelere goşulýar. Ol şeýle birleşmelerde jemgyýete peýdaly iş üçin hereket etse onda, kollektiwistik häsiýetler has güýçli ösen bolýar. Aşakdaky şertler ýetginjeklerde kollektiwistik häsiýetleriň kemala gelmegine getirýär.

1. Çaga toparlarynyň birnäçesinde ýetginjekler diňe öz birleşmesiniň işleri bilen çäklendirilýär. Bu işler takyk köpçülige peýdaly maksatlara eýe bolup, olary ýerine ýetirmeklik sylaglanýar.
2. Beýleki ýagdaýlarda ähli okuwçylar bir wagtyň özünde dürli toparlara girmekligi göz öňünde tutýar.
3. Okuwçylary ýörite guralan dürli meýilnamaly toparlar ulgamyna getirdiler.

Soňra bu üç hili toparlaryň öňünde belli bir meseleler goýuldy. Netije şeýle boldy: berlen üç toparyň içinde dürli meýilnamaly okuwçylary özünde jemleýän topar meseläniň oňyn çözgüdini tapdy.

Birinji, ikinji synp okuwçylarynyň arasyndaky toparara gatnaşyk esasan pedagoglar tarapyndan hödürlenýär. Üçünji – dördünji synpda okuwçylarda dostlarynyň arasynda belli bir orny eýelemäge bolan isleg döreýär. Ýetginjeklik döwrüne öz-özüňi dolandyryjy topary guramak mahsusdyr. Onda gatnaşyklaryň dürli görnüşleri ýüze çykyp biler. Bu bolsa, berlen döwürde çaganyň sosial ugrukmasynyň üýtgemegi bilen düşündirilýär.

Dürli görnüşli köpçülikleýin işleriň bolmagy çaganyň özüni şol dürli gatnaşyklarda duýmagyna getirýär. 10-16 ýaşly okuwçy özüne has kabul ediji bolýar.

Diýmek ösýän topar öz-özünden emele gelmeýär. Onuň döremegi kiçi mekdep ýaşly döwürde başlap, kökleri bolsa has irki ýaşlara gidýändir. Ösüp barýan toparyň ösüş derejesi onuň agzalarynyň, ýagny çagalaryň gatnaşmaklarynyň häsiýetleri we ösüş derejesi bilen kesgitlenýär. Ýaýraň gatnaşyklaryň ulgamynyň döremeginiň esasy bolsa, çagalaryň işiniň maksada gönükdirilmegini guramakdyr. Okuwçylar esasan hem dürli ýaşdakylar hemişelik we wagtlaýyn toparlara girýärler (meselem: sport, aýdym). Şu toparlaryň ählisinde çaga beýleki çagalar, ulular bilen gatnaşyklara girýär we şol toparda belli bir talaplaryň ulgamynda ýerleşip, belli bir orny eýeleýär. Ol talaplar onuň şahsyýetini kemala getirýärler.

Çaga topary okuwçynyň durmuşynyň esasy gurşawy hökmünde kabul etmek bilen esasan, aşaky maglumatlara üns bermelidir:

1. Olaryň toparlaýyn işini guramakdyr, ýagny işiň maksady çaga üçin gyzykly bolup, her bir okuwçynyň işjeň işiniň meýli bolup durmalydyr.
2. Işiň guralyşy her bir okuwça döredijilikli gatnaşmaga mümkinçilik bermelidir.
3. Okuwçylaryň bileleşigelijilikdäki işini şeýle guramaly, ýagny her bir okuwçynyň alan netijesi umumy maksada ýetmek üçin uly zynjyryň esasy halkasy bolup durmalydyr. Toparlaýyn iş çagalarda bile bolmak, dost kömegini bermek, öňe saýlanmaklyk köpçülikleýin pikiri kemala getirýär.

Çaga toparynyň terbiýe bermek mümkinçilikleri aşakdakylar bilen kesgitlenilýär:

1. Çagalaryň işiniň manyly bolmagy bilen;
2. Bu topar bir bütewi subýektiň işi bolýar:
3. Iş hadysasyndaky ähli gatnaşyklaryň ulgamy bolup bilýär.

Çaga topary diňe bir terbiýelemegiň obýekti bolman, ol onuň subýektidir. Her bir çaga şol toparyň agzasydyr. Ol toparda işiň maksadyny gözlemäge hakyky (real) gatnaşýar. Ony amalyýetde ýerine ýetirýär we köpçulikleýin pikiri döretmäge gatnaşýar.

Kollektiwisti terbiýelemegiň psihologiýasy. Esasy psihologiki mesele – şahsyýetde kollektiwistik häsiýetleriň döremeginiň çaga toparynda kemala gelmegi.

Kollektiwizm–bu şahsyýetiň takyk işinde gatnaşyklaryň döremegi diňe bir toparyň işine däl, eýsem köpçülikleýin umumy işe döredijilikli çemeleşmeklikdir. Diňe şonda şahsyýetiň kemala gelmeginiň özüni hödür ediji keşbi döreýär. Sebäbi şahsyýetiň hemmetaraplaýyn ösmegi jemgyýetiň maksatlary bilen gabat gelmelidir. Çünki topar jemgyýetiň bir bölegidir.

Gözegçilikleriň görkezmegine görä, şahsyýetiň ahlak häsiýetiniň ikilenmegi bu onuň öz topary bilen çäklenmegidir.

Toparyň, synpyň kemala gelmegi çagada öz toparyna bolan belli bir gatnaşyklaryň döremegine getirýär. Emma beýle gatnaşyklar hemişe dogry bolmaýar. Kähalatlarda okuwçylar öňe geçmegi üçin ahlak kadalaryndan geçýärler. Nähili hem bolsa öňe gecmeli diýen düzgüni öňe sürýärler we beýleki toparyň zyýanyny

özüne peýda bilýärler. Toparda esasy zat – umumy işe döredijilikli gatnaşmakdyr.

## 4.8 Kyn çagalaryň özüni alyp barşynda psihologik soraglaryň gözden geçirilişi

Çaganyň özüni alyp barşyndaky näsazlyklar onuň daşky gurşaw bilen gatnaşygyna we maşgaladaky agzalalygyň ýüze çykmagyna täsir edip bilýär. Bu ýerde gürrüň diňe bir psihiki taýdan yza galak çagalar dogrusynda däl-de, eýsem psihiki hem fiziki taýdan sagdyn çagalaryň özüni alyp barşy dogrusynda hem gürrüň edilmelidir. Terbiýesi agyr bolan çagalar ýetginjeklik döwründe sosial ugrukmalarynyň aýratynlyklary ýüze çykýar. Berlen ýagdaýda psihiki osüşiň kynçylyklary:

1. Ýetginjeklik bu çagalygyň tipiki döwri.
2. Biz durmuşyň basgançagynda duran özbaşdaklyga ymtylýan ulular tarapyndan hukuk gazanan ozüp barýan adamlar bilen iş salyşmakdan ybarat.

L.S.Wygotskiý terbiýelemesi kyn bolan ýetginjekleri şahsyýetiň gurluşyny kynçylyklary durmuşyň gatnaşyklarynda ýüze çykarylýandygyny belledi. Terbiýelemesi kyn bolan adalga çagalaryň hil toplumyny şahsyýetiň korreksiýasyna talap edýän çagalaryň giň toplumyny aňladýar. Muňa gulak asmazak, gaharjaň, ulularyň talaplaryna garşy gidýän çagalar girýär.

Çagalaryň köp bölegi gödek, özdiýenli, bitertip beýleki okuwçylara aýratynam indiwidual ugurlar gerek. Şeýle çagalarda aldamaklyk häsiýeti agdyklyk edýär. Aldamaklyk bu gorkynyň temmisidir we yzydyr. Özüniň ýaman etmişlerini gizlemekligidir.

Aldamagyň tipiki ýagdaýlary öz ýolbaşçylaryna, öz dostlaryna bolan dürli garaýyşlarynda olaryň üstüni ýapmakdyr. Terbiýesinde esasan hem:

1. Çaga aldawynyň sebäbini bilmeli.
2. Dogry sözlär ýaly şertler döretmeli.

Terbiýelemesi kyn bolan çagalar bilen işleşilende:

1. Çaga bilen ünsli we mähirli gatnaşykda bolmaly.

2. Onuň oňyn taraplaryny häsiýetlendirmeli, onuň güýjüni jemgyýete peýdaly işlere sarp etdirmeli.

Terbiýelemesi kyn bolan çagalaryň ýetginjeklik döwründe hukuklary bozmaklary ähtimaldyr. Olarda okuwa bolan höwes ýiten bolup, olaryň ruhy duýgudaşlyk we estetika terbiýeleri hem göýdüklenen bolýar.

Terbiýesi kyn bolan çagalaryň etmişleri ululara öýkünmeklik netijesinde ýüze çykýar. Şahsyýetiň hakyky terbiýesiniň ýetmezçilikleri ruhy bir maşgala terbiýesiniň yetmezçiligidir. Meselem: öýde ylgamagyň, gygyrmagyň gadagan edilmelerini ol mekdepde amala aşyrýar. Mugallym bilen konfliktli gatnaşyklary ony bitertip çagalar bilen dostlaşdyrýar. Ylaýta-da 3-4-nji synp okuwçylary synpdaky toparyndan daşary dostlary tutunmaga meýilli bolýarlar. Synpda degişli orunlary eýelemek üçin gödeklige ýüz urýarlar.

Mekdepde öz dostlaryny çagyrmak bilen jemgyýete garşy gelýän köçe toparlary döreýär. Şeýle ýagdaýda çaganyň ýagadýy örän agyr bolup, köçäniň gahrymanynyň sütem etmeginde çagalar bu topara girýärler. Şeýle çagalaryň birinji tipine oňyn däl häsiýetli çagalar giryärler. Bu çagalarda dostlukly aragatnaşyk bolmaýar we olar utanmany bilmeýärler, batyrgaýlyk edýärler. Bu çagalar agressiw we gödek bolýarlar.

Ikinji tipine mekdep çagalary degişlidir. Olar hem birinji tipdäki çagalar ýaly bolýarlar. Ýöne olar özlerinden kiçi çagalara we gowşak çagalara ýaman täsir edýärler. Hukuk bozujylykly ýagdaylar hem ýüze cykýar.

Üçünji tipine giryän çagalar özleriniň hukugy bozýandyklaryny bilyärler. Olarda dogry gözýetim bolsa-da, olar özlerine gözegçilik edip bilmeýärler.

Dördünji tip çagalaryň islegi pes deformirlenendir.

Bäşinji tipine okuwçylaryň bilmezlikden hukugy bozmaklygyndan durýar.

Beýle kyn çagalar bilen işlemekde terbiýäniň korrektir ulgamynyň täsirlerinde çagalar bilen indiwidual işler alyp barmaklyk, çagalaryň arasyndaky konfliktli ýagdaýlaryň öňüni alýar.

## EDEBIÝAT


1. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
6. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
7. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek. – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
8. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
9. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001.
10. Гиппенрейтор Ю. Б. Введение в психологию .М., 1988.
11. Выготский Л.С. собрание сочинение. Т.6.М.1982.
12. Дружинина В.Н. Психология. Питер. 2003.
13. Рубинштейн С.Л. Основы общей психологии. Питер. 1999.
14. Смирнов А.А. Проблемы психологии памяти. М., 1966.
15. Асеев В.Г. Возрастная психология. Уч. пособия Иркутск 1989.
16. Леонтьев А.Н. Избранные психологические произведение.в 2-х т., М., 1989.
17. Петровский А.Б.Общая психология. М., 1970.
18. Рубинштейн Л. С. Основы общей психологии, 2 т. М., 1989.
19. Андреева Г. Н. Социальная психология. М., 1982.
20. Анастази А. Психология тестирования М.1982.
21. Бурунси Д.С. Психология познания М.1977.
22. Давидов В.В. Проблемы развевающегося обучения М.1986.
23. Лурия А.Р. Язык мышление. М.1976.

## Mazmuny

Giriş……………………………………………………………7
**BAP 1. ÝAŞ AÝRATYNLYKLAR PSIHOLOGIYASY**
1.1 Irki çagalyk döwrüniň psihologik häsiýetnamasy........................8
1.2 Irki ýaşda akyl ýetirişiń we őzüńi alyp barşyń ősüşi...................20
1.3 Üç ýaşa çenli çaganyň şahsyýetiniň kemala gelmegi................22
1.4 Irki çagalyk döwründe öwrenme (1-3 ýaş)................................26
**BAP 2. MEKDEBE ÇENLI ÝAŞLY ÇAGALARYŃ INTELLEKTUAL ÖSÜŞI**
2.1 Kabul edişi, ýady, pikirlenmäni kämilleşdirmek……………........29
2.2. Mekdep ýaşdan öňki we mekdebe çenli ýaşly çagalaryň psihiki aýratynlyklary we ösüşi……………………………………........…36
2.3 Mekdebe çenli ýaşly çaganyň şahsyýetiniň kemala gelşi............40
2.4 Mekdebe çenli çagalykda sensor ösüş......................................44
**BAP 3. KIÇI MEKDEP ÝAŞLY ÇAGANYŇ PSIHOLOGIK AÝRATYNLYKLARY**
3.1 Kiçi mekdep ýaşlylaryň şahsyýetiniň kemala gelşi....................50
3.2 Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň okuw we oýun işleri............59
**BAP 4. ÝETGINJEKLERIŃ AKYL ÝETIRIŞ TUTUMLARYNYŇ AÝRATYNLYGY**
4.1.Ýetginjeklik ýaşynyň "krizis" meselelerine dürli taglymat çemeleşmeleri.......................................................................................66
4.3 Ýetginjeklik döwründe şahsyýetiň kemala gelşi………………....70
4.4 Ýetginjegiň okuw işi we akyl ösüşi…………………………….79
4.5 Ýetginjekleriń akyl ýetiriş tutumlarynyň aýratynlygy………….91
4.6 Ýetginjegiň işiniň ösüşi…………………………………….....96
4.7 Indiwidual gelişmeklik we sosial özüni alyp barýan çaganyň psihiki aýratynlygy………………………………………...103
4.8 Kyn çagalaryň özüni alyp barşynda psihologik soraglaryň gözden geçirilişi…………………………………………………………...106
Edebiýat........................................................................................108